**A. A. Nohurow, A. Nohurow**

# PSIHIATRIÝA
# we
# NARKOLOGIÝA

Lukmançylyk orta okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2014

UOK 616. 89 + 613 + 378
N 76

**Nohurow A. A., Nohurow A.**

N 76 **Psihiatriýa we narkologiýa.** Lukmançylyk orta okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.

Bu okuw kitabynyň mazmuny psihiatriýa we narkologiýa dersi boýunça tassyklanan okuw maksatnamasyna, keselleriň halkara klassifikasiýasynyň 10-njy gaýtadan gözden geçirilişine doly laýyk gelýär. Kitapda diňe bir psihiki kesellere mahsus bolan alamatlar we alamatlar toplumy beýan edilmän, onda somatiki kesellerde duşýan psihiki özgermeler hakda hem durlup geçilýär. Şeýle-de, dürli ýaşlardaky psihiki we özüňi alyp baryş bozulmalarynyň nazaryýeti we klinikasy boýunça häzirki zaman maglumatlary ýerleşdirildi. Esasan, umumy lukmançylyk tejribesinde gabat gelýän psihiki bozulmalara, psihiki keselli näsaglara gözegçilik etmeklige aýratyn üns berildi.

Kitap lukmançylyk orta okuw mekdepleriniň talyplaryna niýetlenendir.

TDKP № 361, 2014 KBK 56.14 + 51.2 ýa 73

© Nohurow A. A., Nohurow A., 2014.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

**TÜRKMENISTANYŇ**
**DÖWLET SENASY**

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Berkarar döwletiñ bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiz halkymyzy sagdyn durmuş şertlerinde ýaşatmak, genofondumyzyň arassalygyny gorap saklamak, ruhy we fiziki taýdan sagdyn nesli kemala getirmek barada maksatlaýyn çäreleri durmuşa geçirýär. Şeýle-de türkmen ylmynyň dünýäniň ösen ýurtlarynyň ylmy bilen deň gadam urmagy babatda uly tagallalary edýär. Şu kitap hem hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň ylym-bilimini ösdürmek barada döredýän giň mümkinçilikleri esasynda çapa taýýarlanyldy.

Bu kitap lukmançylyk orta okuw mekdepleri üçin psihiatriýa we narkologiýa boýunça türkmen dilinde ýazylan ilkinji okuw kitabydyr. Ol psihiatriýa boýunça tassyklanan maksatnama laýyklykda ýazyldy. Okuw kitaby taýýarlananda psihiatriýa dersinden okatmagyň köpýyllyk tejribesi we psihiki bozulmalaryň etiologiýasy, patogenezi, kliniki ýüze çykmalary, anyklanylyşy we bejeriliş usullary baradaky soňky maglumatlar göz öňünde tutuldy.

Okuw kitabynda umumy psihopatologiýa baradaky maglumatlar, şeýle-de keseller tertibi esasynda ulgamlaşdyryldy.

Okuw kitabynda häzirki zaman psihiki bozulmalaryň kliniko-dinamiki kanunalaýyklyklary öz beýanyny tapdy. Dürli somatiki kesellerdäki, umumy we beýleki ýokanç kesellerdäki, zäherlenmelerdäki biologiki we psihologiki patogen faktorlaryň täsiri bilen ýüze çykýan psihiki bozulmalara üns berildi.

Şeýle-de bu kitapda çagalyk we ýetginjeklik ýaşlarynda başlanýan psihiki we özüňi alyp baryş bozulmalaryna bagyşlanan bölümler bar.

Kitapda depressiýa we şizofreniýa ýaly wajyp bozulmalar hakynda hem giňişleýin durlup geçilýär. Newrotiki bozulmalara bagyşlanan bölümine newrozlaryň adaty görnüşlerinden başga-da, şikeslenmeden soňky stress bozulmalary, ipohondriki we somatogen bozulmalar goşuldy.

Keselleriň klinikasyna bagyşlanan bölümler dürli psihiki we narkologiki bozulmalaryň ýüze çykarylyşyny we anyklanylyşyny açyp görkezýär. Şeýle-de psihoprofilaktika, psihogigiýena, näsaglara ideg etmek barada aýratyn durlup geçilýär. Şepagat doganynyň, uýasynyň psihiki bozulmaly näsaglar bilen özara gatnaşygy, olara ideg etmegiň aýratynlyklary beýan edildi. Mundan başga-da, bu okuw kitabynda psihiatriýada köp ulanylýan adalga sözlük hem görkezilýär. Bu okuw kitabynda psihiki näsaglaryň bejeriliş we gözegçilik ediş düzgünleri, psihotrop serişdeleriniň we psihoterapiýanyň ulanylyş usullary her bölümiň ahyrynda gysgaça ýazyldy. Bu usullary bilmek we amaly-gündelik iş tejribede ulanmak lukmançylyk orta okuw mekdepleriniň talyplary üçin zerurdyr.

Okuw kitaby lukmançylyk orta okuw mekdepleriniň talyplaryna niýetlenýär.

# I BÖLÜM.

# UMUMY PSIHOPATOLOGIÝA

## 1-nji bap.

## Psihiatriýa we narkologiýa kömeginiň gurnalyşy

Biziň ýurdumyzda ilata lukmançylyk kömegini bermekligi guramakda uly işler alnyp barylýar. Lukmançylyk pudaklaryna gözegçilik Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar.

Ýurdumyzyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginde psihiatriýanyň ähli meseleleri boýunça iş alyp barýan ýörite hünärmen işleýär.

Psihiatriýa kömegi Aşgabat şäherinde, şeýle-de ýurdumyzyň welaýat merkezlerinde, şäherlerinde ýerleşýän psihiatriýa dispanserlerinde we hassahanalarynda, etrap saglyk öýleriniň psihiatriýa-narkologiýa otaglarynda amala aşyrylýar. Hassahanadan daşary kömek dispanserlerde we saglyk öýlerindäki psihiatriýa otaglarynda berilýär. Saglyk öýleriniň lukmanlary psihiki bozulmaly näsaglary psihiatriýa dispanserlerine ugradýarlar. Psihiatriýa dispanserleriniň işiniň esasy görnüşleri aşakdakylardan ybarat: 1) Bejeriş-öňüni alyş işleri; 2) Näsaglara durmuşy-hukuk kömegi; 3) Ilatyň arasynda psihogigiýeniki, wagyz-nesihat işleri gurnamak.

Dispanserlerde näsaglar dispanser, şeýle-de öý şertlerinde gerekli bejeriş-öňüni alyş kömegini alýarlar. Dispanseriň adaty saglyk öýlerinden düýpli tapawudy dispansere kömek sorap ýüz tutan adamlaryň her biri eger onda psihiki bozulmanyň ol ýa-da beýleki görnüşleri ýüze çykarylanda, hökmany hasaba alynmagyndan ybaratdyr. Eger näsag bellige alnandan soň gaýtadan barlaga gelmese, onda dispanseriň lukmany (meýdança psihiatry) näsagyň gelerine garaşyp oturman, özi

onuň öýüne gidýär. Öý şertlerinde bejergi belleýär ýa-da zerurlygyna görä, näsagy dispansere iberýär.

Dispanser psihiatriýa hassahanasy bilen berk baglanyşykda işleýär. Eger näsag dispansere barman, göni hassahana ýerleşen bolsa, onda onuň lukmançylyk resminamalary hassahanadan çykandan soň welaýat psihiatriýa dispanserine ýa-da etrap saglyk öýüniň psihiatriýa otagyna iberilýär. Şeýle-de näsag hasaba alynýar. Hassahanada bejergi alanlaryň kesel taryhyndan göçürmesinde kesel kesgidinden we alnan bejergi baradaky maglumatlardan başga-da, geljekde edilmeli gözegçilik, gatnaw bejergisi ýa-da näsagy zähmete ýerleşdiriş meseleleri boýunça teklipler bellenilýär.

Şeýlelikde, ähli psihiki näsaglar psihiatriýa dispanserinde bellige alynýar. Bu örän möhüm ýagdaýdyr. Sebäbi dispanseriň psihiatrlary näsaga hemişelik gözegçilik etmek arkaly onuň saglyk ýagdaýyndaky üýtgeşmeleri öz wagtynda ýüze çykarýar we degişli çäreleri geçirýär. Lukmanyň bellemegi boýunça wagtly-wagtynda ol ýa-da beýleki bejergi çärelerini geçirýän şepagat uýasy näsagy häli-şindi barlap durýar we onuň ýakyn hossarlaryndan ýa-da goňşularyndan näsagyň ýagdaýynda bolup geçýän üýtgeşmeler barada maglumat toplaýar. Bu maglumatlar näsagyň ýagdaýyna baha bermekde möhümdir we mundan beýläk bejerginiň nähili alnyp barylmalydygy baradaky meseläni çözmeklige ýardam berýär.

Derman serişdeleri bilen bejermekden, psihoterapiýadan we fizioterapiýadan başga-da, dispanserde bejeriş-zähmet ussahanalarynyň bejergisini giňden ulanmaly. Bejeriş-zähmet ussahanalarynda näsag ýörite işgärleriň (gözegçiniň) gözegçiligi astynda işleýär. Näsaglara lukman hem-de şepagat uýasy gündelik gözegçilik edýär. Saglyk ýagdaýynyň gowulanyşyna baglylykda näsaglar ýa öz iş ýerlerine dolanýarlar, ýa-da özleriniň başaryp biljek başga bir işine geçýärler. Psihiki keselleriň öňüni almak maksady bilen psihiatriýa dispanseriniň lukmanlary we şepagat uýalary ilat arasynda, näsaglaryň we olaryň hossarlarynyň arasynda psihiki keselleriň ýüze çykmagyna sebäp bolýan ýagdaýlar barada hem-de psihiki näsaglaryň keseliniň beterleşmeginiň öňüni almak barada düşündiriş işlerini geçirýärler.

Dispanserde näsaglara durmuş-hukuk kömegi, ýagny durmuş meselelerine, işe ýerleşmäge ýardam berilýär. Eger näsag kömek puluny alýan bolsa, onda dispanser näsagyň saglyk ýagdaýy barada ýörite toparyň öňünde kepil geçýär. Dispanseriň lukmanlary psihiki taýdan ukypsyz näsaglaryň bähbitlerini we hukuklaryny goramak üçin hossarlygy resmileşdirmeklige we hossarlyga alýany bellemeklige gatnaşýarlar.

Öý şertlerinde bejergi alýan näsaglara lukmanlar we maşgala şepagat uýalary yzygiderli gözegçilik edýärler. Şeýle näsaglar dispanserde ýörite bellige alynýar.

Psihiki näsaglara zähmet seljermesi Hemaýata mätäçligi anyklaýyş topary (HMAT), harby seljerme bolsa harby wekilliklerdäki lukmanlar topary tarapyndan geçirilýär.

Welaýat dispanserleri etraplaryň ilatyna bejeriş-öňüni alyş kömegini bermek boýunça işleri geçirýärler. Şu maksat bilen wagtal-wagtal lukmanlar, feldşerler obalara aýlanýarlar. Welaýat dispanserleriniň şäher dispanserleri bilen gatnaşyklary ýaly, etrap hassahanalary hem oba meýdança lukmanlary bilen gatnaşykda bolýar. Merkezi etrap hassahanasynda lukman-psihiatr bolup, ol obalardaky näsaglara dispanser gözegçiligini alyp barýar. Şeýle edilmegi näsaga psihiatriýa kömeginiň berilmegini we onuň saglygyna yzygiderli gözegçiligi üpjün edýär. Psihiki ýagdaýy boýunça hassahana bejergisini almaklyga mätäçlik çekýän, şeýle-de özüne we daş-töweregindäkilere howp salýan näsaglar hassahana iberilýär. Muňa öz janyna kast etmek baradaky pikiriň ýygy ýüze çykýandygy sebäpli depressiw ýagdaýdaky näsaglar, presenil psihozly näsaglar, şizofreniýanyň käbir görnüşleri bilen kesellänler, deliriýli, gallýusinasiýaly (eşidiş we görüş gallýusinasiýalary) näsaglar degişlidir. Şeýle näsaglary öý şertlerinde galdyrmak howpludyr. Yzarlanma, zäherlenme, fiziki täsir etme paranoidli näsaglar, şeýle hem aňyň alagaraňkylygy ýaly ýagdaýdaky epilepsiýaly näsaglar köplenç, daş-töweregindäkiler üçin howp salýarlar. Mundan başga-da, bejergisi diňe hassahana şertlerinde alnyp barylmaly näsag hassahana iberilýär (mysal üçin, insulin sanjymy bilen bejerilmeli näsaglar).

Adatça, näsaglar etrap psihiatrynyň ýollamasy boýunça hassahana ýerleşdirilýär, ýöne gaýragoýulmasyz gyssagly ýagdaýlarda näsag islendik lukman tarapyndan, onuň bolmadyk halatynda, şepagat uýasy tarapyndan iberilip bilner. Ýollamada hassahana ýerleşdirmegiň sebäpleri görkezilmeli, iberilýäniň özüni alyp baryş ýagdaýy gysgaça beýan edilmeli. Ähli ýagdaýlarda hem näsag hassahana gelende kabul ediş bölüminde näsagy nobatçy lukman görýär we kabul edýär. Psihiatriýa barlagy bilen bir hatarda näsagyň bedeniniň temperaturasy ölçenilýär, kentlewügi barlanylýar, ýüregi we öýkeni diňlenilýär. Näsagyň psihotiki ýagdaýy (ýiti negatiwizm, göçgünlilik) sebäpli şu barlaglary doly geçirmek başartmaýan wagtlary hem bolýar. Hassahana düşen näsagyň bedenini barlap çykmak hökmandyr. Munuň üçin ýörite otagda näsagyň eşigini çykarýarlar. Sypjyryklar, gan öýmeler, çykyklar we bedeniň beýleki zeperlenmeleri ýüze çykarylanda, degişli kömek berilýär we olar barada kesel taryhyna doly ýazylýar. Şeýle etmeklik näsagyň hossarlary ýa-da näsagyň özi bilen ýüze çykyp biljek dawa-jenjelleriň öňüni almaga ýardam berýär. Kabul ediş bölüminde näsagyň ähli goşlary goş saklanýan ammara berilýär, näsagyň özüne bolsa hammama girip çykandan soň, hassahananyň eşigi berilýär. Näsaga ýany bilen sakal syrylýan päki, çakgy, iňňe, aýna gaplary ýaly kesýän we çümýän zatlary, şeýle-de dermanlary almak düýbünden gadagan edilýär. Barlagdan soň lukman näsagy degişli bölüme ugradýar.

Hassahanadaky näsaglar ýagdaýlarynyň agyrlygyna görä aýry-aýry bölümlere ýerleşdirilýär. Ýiti bozulmaly näsaglar üçin aýratyn bölüm bolmaly. Bu bölüme berk gözegçiligi we ýörite idegi talap edýän näsaglar ýerleşdirilýär. Olaryň hataryna gaharjaň göçgünliligi bolup, daş-töweregindäkilere islendik wagt topulmak howpy bolan näsaglar, depressiýalylar, gaçyp gitmek meýli bolan näsaglar degişlidir. Özlerini dogry alyp barýan näsaglar bolsa, parahat näsaglaryň bölümine ýerleşdirilýär. Agyr somatiki keselleri bolan psihiki keselli näsaglar üçin ýörite bölüm bolmaly. Kähalatlarda şeýle bölüm uly somatiki hassahanalarda hem bolmaly. Bu bölüme fiziki ýagdaýynyň agyrlygy sebäpli yzygiderli idegi we gözegçiligi talap

edýän näsaglar, mysal üçin, agyr paraliçli serebral aterosklerozynyň soňky döwründäki näsaglar, garrylyk psihozly fiziki tapdan düşen näsaglar ýerleşdirilýär. Inçekeselli näsagy bolsa inçekesel hassahanasyna ýerleşdirmeli. Şeýle-de şu bölümlerde aýratyn otaglar (izolýatorlar) döredilýär. Şol aýratyn otaglara ýokanç keseli bar diýip güman edilen psihiki keselliler ýerleşdirilýär.

Uly psihiatriýa hassahanalarynda çagalar bölümi hem işleýär. Bu bölüme näsaglar ýaşyna we jynsyna baglylykda aýratyn ýerleşdirilýär. Ol ýerde mugallymlar düzümi bolup, olar uzak wagtyň dowamynda hassahanada bolýan çagalary degişli synpyň maksatnamalary boýunça okatmaly.

Psihiatriýa dispanserlerinde näsaglaryň gündizine gatnap bejergi almagy üçin gündizki bölüm bolmaly. Gijesine näsaglar öýlerine gaýdýar. Gündizki bölüme saglyk ýagdaýyny has-da berkitmek üçin hassahanadan bejergi alyp çykan näsaglar iberilýär. Şeýle-de ýüze çykan psihiki bozulmasynyň derejesi boýunça hassahana ýerleşdirilmegini talap etmeýän näsaglar ýerleşdirilýär. Gündizki bölümlerde derman serişdeleri we fizioterapiýa bilen bejermekden başga-da, zähmet bejergisi hem geçirilýär.

Soňky ýyllarda arakkeşlik, neşekeşlik we toksikomaniýa garşy göreşi güýçlendirmek maksady bilen, ýörite narkologiýa gullugy döredildi. Bu gulluk şu kesellerden ejir çekýän näsaglara ambulator bejergini geçirmekligi, olary ýüze çykarmaklygy, şeýle-de hasaba almaklygy amala aşyrýan narkologiýa dispanserlerini öz içine alýar. Ýatymlaýyn bejergi alýan näsaglar üçin narkologiýa bölümleri hereket edýär.

**2-nji bap.**

# Psihiki keselleriň alamatlary

## 2.1. Duýşuň bozulmalary

Duýşuň bozulmalaryna şu aşakdakylar girýär:

**Duýşuň peselmesi (gipesteziýa)** – bu daşky gyjyndyryjylara duýşuň peselmegi. Töwerekdäki zatlaryň hemmesi takyk däl, aýdyň däl. Hemme zat tutuk, kesgitsiz bolup duýulýar. Sesler pes eşidilýär. Näsaga sesi ýetirmek üçin batly gaýtalamaly bolýar. Kähalatlarda çalaja pyşyrdap gürläniňde gowy eşidýär. Gaýtargyny pyşyrdap, haýal, birtipli berýär. Şu ýagdaýdan çykandan soň, huşunda zat galmaýar. Bu ýagdaý asteniýalarda, seňselemelerde, depressiw ýagdaýlarda duşýar. Kesellerde şikesden soň, ýokanç kesellerde we zäherlenmelerde, agyr beden kesellerinde duş gelýär.

**Duýşuň ýokarlanmasy (giperesteziýa)** – bu daşky gyjyndyryjylara duýşuň ýokarlanmasy bilen häsiýetlenýär. Adaty ýagtylyk gözüňi gamaşdyrýar, sesler gulagyňy gapýar. Yslar ýiti kabul edilýär. Içki eşikler gyjyndyrýar. Bu ýagdaý newrozlaryň başynda beýniniň damar keseliniň bozulmalarynda, şikesden soň, agyr beden kesellerinde, käbir ýiti psihozlaryň başynda duş gelýär. Şeýlelikde, bu gyjyndyryjylara adam çydamsyz bolýar.

**Duýşuň ýitmesi (anesteziýa)** – bu daşky gyjyndyryjylara duýşuň ýitmesi bilen häsiýetlenýär. Bu ýagdaý şizofreniýada, isteriýanyň käbir görnüşlerinde, şeýle-de depressiýalarda duş gelýär. Mysal üçin, ýakyn hossarlaryň ölüm-ýitiminde gynanyp bilmezlik, aglap bilmezlik, şeýle-de begençli ýagdaýlarda begenip-gülüp, şatlanyp bilmezlik.

**Senestopatiýalar** köp halatda ipohondrik we asteno-newrotik ýagdaýdaky kesellerde bolup, oňa bedeniň içki agzalarynda döreýän ýakymsyz duýgular girýär. Senestopatiýalar beýniniň funksional bozulmalary hem-de organiki özgerişleri netijesinde ýüze çykýar. Senestopatiýalar çagalarda psewdoalgiki (ýalan agyry) görnüşinde ýüze çykýar. Ýetginjekligiň öň ýanynda hem-de ýetginjeklikde şizofreniýanyň paranoid senestopatiýa görnüşi bellenilýär.

**Sensor senestopatiýalar** newrozlarda we psihozlaryň başlangyç tapgyrlarynda duş gelýär. Näsaglar kellesiniň ýarylyp barýanlygy, kellesiniň biçak gysylýanlygy barada şikaýat edýärler. Näsaglar ýagyrnysyna ot basylýan ýaly, endamynda bir zatlar gybyrdaýan ýaly, kellesiniň içinde suw çaýkanýan ýaly, bagryndan gan syzylyp çykýan ýaly, aýaklarynda gan aýlanmaýan ýaly, garyn boşlugyna ýygnanan howanyň oňurga geçip, ondan hem ýokary galyp beýnisiniň içinde üflenýän ýaly, kellesi sement bilen doňdurylan ýaly we ş.m. ýok duýgulary başdan geçirýärler.

**Paresteziýalar** diýip, endamyň ýüzündäki duýgy innerwasiýasynyň zolagynda, ýöne daşarky gyjyndyryjynyň täsir ýetirmezliginde dürli görnüşdäki (agyrylar, dürtülip sanjylýan, ot basylýan, sowadýan, damarlaryň bulkuldaýan, dartylyp gysylýan we ş.m.) duýgularyň döremegine aýdylýar. Paresteziýalar çet-gyraky (newritler, gan aýlanyşygynyň ýerli bozulmalary) bozulmalar ýa-da bil oňurga hem beýni derejesindäki merkezi sebäpler arkaly şertlendirilip bilner.

## 2.2. Kabul edişiň bozulmalary

Psihiki işjeňligiň üýtgemelerinde kabul ediş bozulmalary *illýuziýalar* we *gallýusinasiýalar* görnüşinde ýüze çykýar.

**Illýuziýalar** – bu hakykatda bar bolan zatlaryň ýoýlan görnüşde kabul edilmegi. Illýuziýalar duýuş agzalaryna laýyklykda, toparlara bölünýär: görüş, eşidiş, ys alyş, taktil, tagam biliş. Illýuziýalaryň üç görnüşi bolýar. *Affektiw gelip çykyşly, werbal we pareýdoliki illýuziýalar*.

*Affektiw illýuziýa* gorkuly, dartgynly, affekt ýagdaýdakylarda döreýär. Mysal üçin, bu ýagdaýlarda barýan adamlara ýapragyň şygyrdysy yzyndan biri gelýän ýaly, agajyň döwlen şahasy biri tüpeň çenäp duran ýaly görünýär.

*Werbal illýuziýasynda* iki sany adamyň gürleşip duran sesi näsag üçin özi hakynda gürleşilýän ýaly bolup eşidilýär.

*Pareýdoliki illýuziýa* agyr ýokanç kesellerde, aň bulaşmasynda duşýar. Mysal üçin, meningoensefalit bilen kesellän adam ýatan

ýerinden töweregine garanda, diwaryň büdür-südür ýerinde ýa-da jaýrygynda halynyň ýa-da giden bir tokaýlygyň şekilini görýär.

Illýuziýalar sagdyn adamlarda-da ýüze çykyp biler: adam daş-töweregi aýdyň kabul edip bilmedik (ümüş-tamyşlykda, şowhunly jaýda) ýa-da emosional taýdan dartgynly ýagdaýlarda bolanda. Illýuziýalar (esasan, görüş we eşidiş), köplenç ýokanç keseller bilen kesellenilen ýagdaýda, zäherlenmelerden soň fiziki taýdan gowşan adamlarda ýüze çykýar.

**Gallýusinasiýalar** – bu, hakykatda, ýok zatlaryň bar ýaly bolup kabul edilmegi. Hakykatda, gyjyndyryjylar ýok ýerinde näsag görýär, eşidýär, duýýar. Sagdyn adamlaryň düýş görmegi gallýusinasiýalara ýakyn. Gallýusinasiýalar hem, illýuziýalar ýaly, duýuş agzalary boýunça toparlara bölünýär.

*Ýönekeý gallýusinasiýalara* fotopsiýalar, ýagny näsagyň gözüne uçgunlaryň görünmegi, akoazmlar – näsagyň gulaklaryna şatyrdy, takyrdy we ş.m. sesleriň eşidilmegi, bir analizatora degişlidir. Ýönekeý gallýusinasiýalar çylşyrymly gallýusinasiýalardan tapawutlykda, predmetsiz bolýarlar.

*Çylşyrymly gallýusinasiýalar* diýip, gallýusinator şekilleriň birden köp analizatorlarda duş gelmegine aýdylýar. Mysal üçin, bir wagtyň özünde itiň şekilini görmek, sesini eşitmek hem-de ylgap gelýän hereketini görmek.

Ýönekeý we çylşyrymly gallýusinasiýalardan başga-da, görüş, eşidiş, ys alyş gallýusinasiýalary duş gelýär. Näsaglaryň kesellerine baglylykda, gallýusinasiýalaryň ol ýa-da beýleki görnüşleri agdyklyk edýär.

*Görüş gallýusinasiýalary*, köplenç, ýiti zäherlenme psihozlarynda (delirium tremens), ýokanç kesellerde duş gelýär. Näsagyň adamlary, haýwanlary, dürli elhenç zatlary görmegi mümkin. Gallýusinator keşpler hereketsiz, hereketli ýagdaýda, ýiti ýagtyly ýa-da öçügsi bolup bilýär. Näsaglaryň öz gallýusinasiýalaryndaky oýnalýan sahnalara işjeň gatnaşýan wagtlary hem bolýar (kimdir birinden goranýar, nämedir bir zatlary tutýar).

*Eşidiş gallýusinasiýalary*, aýratyn-da, şizofreniýada we alkogol gallýusinozynda duş gelýär. Näsag haýsy-da bolsa bir sesi ýa-da adam

seslerini eşidýär. Sesler tanyş we nätanyş bolup, dürli taraplardan we dürli aralykdan eşidilip bilner. Eşidiş gallýusinasiýalary kommentirleýji ýa-da buýruk beriji (imperatiw) häsiýetde hem bolup biler. Mysal üçin, «Iýme», «Soraglara jogap berme», «Ýatma» we ş.m. Köplenç näsaglar kimdir biriniň öz adyny tutup çagyrýandygyny eşidýärler.

*Ys alyş gallýusinasiýalary* eşidiş gallýusinasiýalary ýaly, köplenç şizofreniýada, beýni çişinde duş gelýär. Näsaglar esasan-da, ýakymsyz yslary, porsan, çüýrän zatlaryň, zäherli gazlaryň yslaryny duýýarlar, burunlaryny gysyp, burun boşluklaryna pagta dykýarlar. Näsaglaryň gallýusinasiýa döwründe özlerini alyp baryşlary köp derejede olaryň şol gallýusinasiýalara bolan garaýyşlaryna bagly. Näsagyň gallýusinasiýalara garaýşy tankytly ýa-da tankytsyz bolup biler. Haçanda näsag gallýusinasiýalara keseliň alamaty hökmünde baha berse, onda tankydy garaýşynyň bardygyny aňladýar. Kähalatlarda, şeýle näsaglar daş-töweregindäkilerden özlerinde bar bolan gallýusinasiýalary gizläp, işlemeklerini dowam etdirýärler. Haçanda näsaglar tarapyndan gallýusinator sesler, şekiller hakykatda bar ýaly kabul edilse, onda olarda gallýusinasiýalara bolan tankydy garaýşyň ýokdugyny aňladýar. Şeýle ýagdaýlarda näsaglaryň özlerini alyp baryşlary gallýusinasiýalaryň mazmunyna laýyk gelýär. Mysal üçin, bir näsaga sesler gymyldaman durmagy buýurýar, ol hem ony ýerine ýetirýär, ýöne sesiň garşysyna gidip, buýrugy ýerine ýetirmän hem bilýär. Eşidiş gallýusinasiýalarynda näsag başda şol seslerden erbet gorkýar, ýöne wagtyň geçmegi bilen şol seslere öwrenişip, üns bermän hem biler.

Ýokarda görkezilen gallýusinasiýalara hakyky (çyn) gallýusinasiýalar diýilýär.

*Psewdogallýusinasiýalar* diýip, gallýusinator sesleriň ýa-da şekilleriň daşky gurşawda bolman, näsagyň kellesinde ýa-da garnynyň içinde ýerleşip, näsagyň olary duýuş agzalarynyň üsti bilen däl-de, «akyl-paýhas» taýdan kabul etmesine aýdylýar. Psewdogallýusinasiýalar köplenç, edilen herekete eýedir.

*Beden gallýusinasiýalarynda* näsaglaryň bedeninde ýakymsyz duýgular döreýär. Olar «elektrik togunyň endamyndan geçişini, içege-

lerinde suw düwmejikleriniň ýarylyşyny» duýýarlar. Şeýle gallýusinasiýalar, köplenç, şizofreniýa we ensefalit bilen kesellän näsaglarda duş gelýär. Illýuziýalar we gallýusinasiýalar funksional, gaýdymly bolýar.

**Psihosensor bozulmalar.** Psihosensor bozulmalaryň esasynda organiki bozulmalar ýatandyr, ýagny ozal kelle-beýni şikesini, ýokanç keselleri, zäherlenmeleri başdan geçirenlerde duş gelýär. Illýuziýalar, gallýusinasiýalar bejerilen ýagdaýynda geçip gidýän bolsa psihosensor bozulmalar aňsat-aňsat aýrylmaýar. Näsagyň ýagdaýy erbetleşende wagtal-wagtal ýüze çykyp durýar.

Psihosensor bozulmalar iki görnüşde bolýar: *derealizasiýa we beden gurluşynyň bozulmasy*.

*Derealizasiýa* – bir ýagdaýda töwerekdäki görülýän zatlaryň reňki birmeňzeş bolýar: adamlar, ulaglar, jaýlar, agaçlar bularyň hemmesi umumylykda haýsy hem bolsa bir reňkde görülýär, ýagny hemme zatlar näsagyň gözüne sary, gyzyl, gök we ş.m. reňkde görünýär.

Ýene bir ýagdaýda daş-töwerekdäki zatlar näsaga daşda ýa-da golaýda, uzyn ýa gysga, egrem-bugram, paşşyk-puşşuk ýaly bolup duýulýar.

*Beden gurluşynyň bozulmasynda* näsaga elleri uzalyp ýere ýeten ýaly, aýaklary juda uzyn ýa gysga, kellesi kiçijek, boýny guşuňky ýaly uzyn bolup duýulýar.

Psihosensor bozulmalary bilen kesellän näsaglaryň öz ýagdaýyna tankydy garaýşy bolýar, ýagny ýokardaky sanalan duýgularyň bolup bilmejekdigine düşünse-de, şeýle ýagdaýlary özlerinde duýýarlar.

## 2.3. Üns bozulmalary

Üns bozulmalarynyň üç görnüşi bolýar: *ünsüň tapdan düşmesi, ünsüň bir zatdan beýleki bir zada böküp geçip durmasy, ýagny durnuksyzlygy, ünsüň bir tarapa gidip, şondan aýrylyp bilmezligi*. Şularyň üçüsinde-de adamyň ünsüni bir ýere jemläp bilmek ukyby peselýär.

*Ünsüň tapdan düşmesinde* bir zat okalanda ýa işlenende üns öz işjeňligini kem-kemden ýitirýär. Mysal üçin, sagdyn okuwçy biraz wagtyň içinde bir materialy özleşdirip bilýän bolsa, beýnisine zeper

ýetenden soň, şol materialy özleşdirmek üçin oňa köp wagt gerek bolýar, ýagny üns tapdan düşýär. Ünsüň tapdan düşmesi ýokanç kesellerde, zäherlenmede, somatiki agyr kesellerde, seňseleme, tapdan düşmek ýagdaýlarynda duş gelýär. Ýöne şeýle üns sag adamlarda-da ýadan wagty bolup biler.

Ünsüň tapdan düşmesi günüň dowamynda-da üýtgäp bilýär. Mysal üçin, irden, günüň birinji ýarymynda üns işjeň bolup, ikinji ýarymynda, agşamlaryna peselýär.

*Ünsüň bir zatdan beýleki bir zada böküp geçip durmasy, ünsüň durnuksyzlygy*. Bu üns maniakal ýagdaýda duşýar. Mysal üçin, maniakal keselli bir tarapa barýan bolsa, şol wagt başga bir ýerden ses çyksa, ünsi şoňa sowulýar-da, ugruny şol tarapa üýtgedýär. Gürrüň edip duran maniakal keselli daş-töwereginden ünsüni bölüp bilýän sähel sese-de ünsüni bölüp, edip oturan gürrüňinden başga bir gürrüňe böküp geçýär.

*Ünsüň bir tarapa gidip, şondan aýrylyp bilmezligi*. Munda näsag ownuk-uşak zatlara üns berip, esasy zatlary ünsden düşürýär. Garrylyk çagynda, ýokanç kesellerden, zäherlenmelerden, kelle-beýni şikeslenmesinden soňky organiki özgermelerde, kelle-damar kesellerinde, şeýle-de epilepsiýada duş gelýär.

## 2.4. Ýat bozulmalary

Ýat – bu geçen durmuş tejribäni, görlen täsirli wakalary ýatda saklap we ony gaýtalap bilmek ukybydyr. Amalyýetde, köplenç, gaýtalap bilmek ukybynyň bozulmasyna duş gelinýär. Adamyň ähli kabul eden hadysalary kelle beýnisinde yz galdyrýar. Ýöne ol olaryň hemmesini gaýtalap bilmeýär. Käbir wakalar ýeňil ýatlanýar, beýlekileri kynlyk bilen ýatlanýar, üçünjisi düýbünden ýadyna düşmeýär. Bu nämä bagly? Ýadyň esasynda assosiasiýalaryň – şertli baglanyşyklaryň ýatandygy ýüze çykaryldy. Bu assosiasiýalaryň berkligi wagtyna, kabul etmegine, gaýtalamanyň sanyna, kabul edilenlere emosional garaýşa, göz öňüne getirmelere, kelle beýnide öňden bar bolan ýa-da şol wagtda we häzirki wagtda kabul edilenlere baglydyr. Şeýlelikde, eger-de

kabul edilenleri başdan geçen durmuş tejribäň bilen baglanyşdyryp bolsa, onda ýeňil ýada salyp bolýar. Şeýle baglanyşyk bolmadyk ýagdaýda, ýatda saklap bolmaýar. Ýat bozulmalary iki topara – ýatda saklamak we gaýtalap bilmek ukybynyň bozulmalaryna bölünýär. *Ýatda saklamagyň bozulmasynda* adam täze maglumatlary özleşdirip bilmek ukybyny ýitirýär. Şeýle ýagdaýlarda şol bir sahypalary birnäçe gezek gaýtalasa-da, onuň mazmunyny aýdyp bilmeýär. Birnäçe gezek okap gaýtalasa-da täze maglumat ýaly kabul edilýär. Şeýle ýagdaýlar Korsakowyň psihozynda we başga-da birnäçe kesellerde (garrylyk psihozynda, aterosklerozda, kelle-beýni şikeslerinde) duş gelýär. Gaýtalap bilmek ukybynyň bozulmasyna *gipoamneziýa* diýilýär. Oňa ýadyň umumy peselmegi degişli. Onda adam öňki gowy bilýän wakalaryny kynlyk bilen ýadyna salýar, käbir wakalary bolsa asla ýadyna salyp bilmeýär.

Amneziýalar – haýsy hem bolsa belli bir wagtda bolup geçen wakalary ýatlama ukybynyň ýitirilmegi. Onuň görnüşleri:

- Retrograd amneziýalar – keseliň öňüsyrasynda bolup geçen wakalaryň doly ýitmegi;
- Anterograd amneziýalar – keseliň başlan wagtyndan soňky wakalaryň doly ýadyna düşmezligi; näsagyň bolup geçýän wakalary ýatda saklap we gaýtalap bilmezligi.
- Retro – anterograd – garyşyk häsiýetli bolup, wakadan öňki we soňky hadysalar ýadyna düşmeýär.

Retrograd amneziýalar görnüşindäki ýat bozulmasy beýni çaýkanmasynda ýüze çykýar. Näsag kelle-beýni şikesini alan güni näme bilen meşgullanandygyny, nähili ýagdaýda heläkçilige uçrandygyny ýadyna salyp bilmeýär.

Ýat bozulmalary ýalan ýatlamalar görnüşinde ýüze çykyp bilýär. Onda näsaglar bolup geçen wakalary häzirki wagta geçirýärler.

*Psewdoreminissensiýa* diýip, näsagyň kelle boşlugyny häzirki wagty çalşyryp, ozalky bolup geçen wakalar bilen dolduryp aýtmagyna aýdylýar. Mysal üçin, hassahanada ýatan garry daýza «Sen şu wagt nirede?» diýen soraga «Men öýde, ýaňy sygyr sagyp, süýt getirdim, mallara ot berdim» diýip jogap berýär.

*Konfabulýasiýa* diýip, näsagyň ýadyndaky boşlugy toslama wakalar bilen doldurmagyna aýdylýar. Näsag geçen durmuşynda hiç haçan bolmadyk işler bilen meşgullanandygyny gürrüň berýär. Mysal üçin, hassahanada ýatan näsag özüniň ýakynda Mars planetasynda bolup gelendigini gürrüň berýär. Ýadyň şeýle görnüşdäki bozulmalary, esasan kelle-beýniniň organiki kesellerinde (ateroskleroz, kelle-beýniniň merezýel keseli, beterleşýän paraliç-ysmazda, şikesde) duş gelýär.

## 2.5. Pikirlenme bozulmalary

Psihiatriýada duş gelýän pikirlenme bozulmalary köp dürlüdir. Olar pikirlenmäniň güýçlenmegi görnüşinde ýüze çykyp bilýär. Şonda pikirlenmäniň depgini şeýle bir çalt bolup, näsaglar öz pikirlerini sözler bilen beýan edip ýetişmeýär. Näsaglaryň käbir aýratyn sözleri, jümleleri taşlap gürleýändikleri sebäpli, olara düşünmek kyn bolýar. Şeýle ýagdaýlar maniakal-depressiw psihozyň maniakal fazasynda, şizofreniýanyň sirkulýar görnüşinde, umuman, maniakal ýagdaýlarda duş gelýär. Depressiýalarda, agyr somatiki, ýokanç kesellerde, zäherlenmelerde, şikesden soňky tapdan düşmede, seňselemede pikirlenmäniň haýallamagy ýüze çykýar. Şu ýagdaýlarda näsaglaryň aňynda haýsy hem bolsa bir göz öňüne getirmeler uzak wagtyň dowamynda saklanýar. Olar şol birmeňzeş sözler bilen haýal hem-de sözleriň arasyndaky dowamly arakesmeler bilen jogap berýär.

*Pikirlenmäniň dümtünmesinde* patologiki ownukçyllyk ýüze çykýar. Näsagdan bir zady gürrüň bermeklik soralanda, ol esasy bolmadyk ownuk zatlarda uzak wagtlap saklanyp, soňundan esasy baş pikire geçýär. Patologiki ownukçyllyk epilepsiýada, beýniniň organiki kesellerinde, şeýle-de garrylyk psihiki ýoýulmasynda duş gelýär.

*Rezonýorlyk* – gerek bolmadyk zatlary gürlemek, berilýän soraga köp söz bilen aýlap-aýlap jogap bermek.

*Üzlem-saplam pikirlenme* – grammatiki taýdan dogry bolan aýry-aýry sözleriň ýa-da sözlemleriň özara baglanyşyksyzlygy. Şeýle näsaglaryň aýdýan gürrüňlerine kähalatlarda düýbünden düşünip

bolmaýar. Mysal üçin, näsagdan özüni nähili duýýandygy soralanda «Hiç neneň, kelemli dawa-jenjel, Saparow bu ýerde näme, siz ejeňize aýtdyňyzmy» diýip jogap berýär. Rezonýorlyk, üzlem-saplam pikirlenme şizofreniýada duş gelýär.

*Autizm* – näsag öz pikir-dünýäsine gark bolýar. Köplenç özbaşdak oýlanýan ýaly bolup oturýar.

*Persewerasiýa* – näsagyň başdaky soraga beren jogabyny – soňky soraglarda-da yzygiderli gaýtalamagy.

**Irizegen ýagdaý** köp dürli keselli ýagdaýlary, ýagny irizegen ýatlamalary, gorkulary (fobiýalar), müňkürlikleri, islegleri, hereketleri öz içine alýar. Näsag şol ýagdaýlaryň gerekli däldigine we esassyzdygyna düşünse-de, olardan saplanyp bilmeýär. Irizegen ýagdaýlar näsagda şu ýagdaýlara tankydy garaýşynyň bolmagy bilen häsiýetlenýär. Adatça, näsaglar şeýle pikirleriň dogry däldigine akyl ýetirip, olaryň garşysyna göreşýärler, ýöne üstün çykyp bilmeýärler.

Irizegen ýagdaý psihiki taýdan sagdyn adamlarda hem duş gelýär. Sagdyn adamlarda irizegen ýagdaý birnäçe sagatdan birnäçe gije-gündize çenli dowam edip bilýär. Näsaglarda bolsa, birnäçe aýlap we ýyllap saklanýar.

Irizegen ýagdaýlar newrozlaryň käbir görnüşlerinde, köplenç, psihoasteniýada, şizofreniýada duş gelýär.

*Irizegen gorkular.* Käbir näsaglarda irizegen gorkular haýsy hem bolsa ýokanç keselleriň biri bilen kesellemekden gorkmak, beýikliklerden, ýapyk jaýlardan ýa-da açyk giňişliklerden gorkmak görnüşinde ýüze çykýar. Mysal üçin, näsag birnäçe ýyllaryň dowamynda guduzlamakdan gorkýar. Onda hemişe köçede duýdansyz guduzlan it dişlär diýen gorky bolup, şondan saplanyp bilmeýär. Şeýle ýagdaýyň bolup bilmejekdigine ýa-da bolup bilmek mümkinçiliginiň azdygyna garamazdan, irizegen gorky onuň oý-pikirinden gitmeýär. Näsag şu ýagdaýyny daş-töweregindäkilerden gizleýär.

*Irizegen şübhelenme.* Näsag öýünden çykyp gidende gapyny ýapandygyna, çyrany söndürendigine, gazy öçürendigine şübhelenip, bir ýa-da birnäçe gezek yzyna gaýdyp barlaýar.

*Irizegen gapma-garşylykly isleg.* Ol mazmunyna görä dürli hili bolup bilýär. Mysal üçin, näsagda köp gatly jaýyň penjiresinden özüni oklamak, bat bilen geçip barýan awtoulagyň aşagyna özüni oklamak ýaly irizegen isleg döreýär. Bir näsag öz çagasyny penjireden zyňmak pikiri dörändigi sebäpli, penjirä gözenek kakdyrypdyr. Ýöne şol pikir onuň kellesinde gaýtalanyp durupdyr. Irizegen gapma-garşy islegleri näsaglar köp halatlarda garşylyk görkezip, ýerine ýetirmeýärler.

*Irizegen hereketlerde* näsaglar jaýlaryň penjirelerini, telegraf agaçlaryny sanaýar, geçip barýan ulaglaryň belgileriniň sanlaryny goşýar. Kähalatlarda şeýle hereketler üsgürmek, gözlerini ýummak, ellerini ýuwmak ýaly görnüşlerde bolýar. Irizegen hereketler endikler (rituallar) bilen utgaşýar. Şu endikleri näsag ýüze çykaýmagy mümkin bolan howpdan goranmak üçin ýerine ýetirýär. Mysal üçin, ýoldan geçjek bolanda çep ýa sag tarapyna seredip, üç sapar tüýkürmek, aýagyňy üç sapar tarpyldadyp ýere urmak ýa-da öňünden üç adamy goýberip, soň özi geçmek.

**Ýokary baha beriji pikirler.** Bu adalga hakyky ýagdaýlaryň esasynda döreýän, ýöne uly bir ähmiýete eýe bolmadyk pikirleri aňladýar. Şeýle pikirler maşgala biwepalygy, oýlap tapyjylyk, tutanýerli dawalaşmak barada bolup biler. Ýokary baha beriji pikirler affekt ýagdaýy bilen gurşalyp, dartgynlylyk bilen utgaşýar. Olaryň döremeginiň esasynda hakyky faktlaryň ýatandygy bilen paranoidden tapawutlanýar. Wagtyň geçmegi bilen, şu ýagdaýy döreden sebäpler näsagyň haýryna çözülse, adatça olar gowşaýar. Bu ýagdaýlar psihopatiýalarda, inwolýusion psihozlarda, şizofreniýada gabat gelip biler.

**Paranoid (patologiki müňkürlik)** – bu kesel esasynda döreýän, hakykata laýyk gelmeýän, ynandyryp bolmaýan nädogry pikirlenme. Her bir sagdyn adamda-da ýalňyşmak bolup bilýär, ýöne olara düşündirip bolýar. Eger-de paranoid ýüze çyksa, näsagyň pikirleriniň nädogrudygy näçe düşündirilse-de, ony şol pikirlerinden dänderip, onuň pikiriniň nädogrudygyny ynandyryp bolmaýar. Paranoidiň bolmagy psihiki keseliň alamatydyr. Belli bir psihiki kesellerde paranoidiň aglaba takyk görnüşleri duş gelýär.

*Gatnaşyk paranoidi.* Näsag daşyndaky ýagdaýlaryň we zatlaryň gönüden-göni gatnaşyklarynyň bardygyny tassyklaýar. Eger kimdir biri gürrüňleşse ýa-da ýylgyrsa, näsag özi barada gürrüň gidýär, öz üstünden gülünýär diýip hasap edýär.

*Gabanjaňlyk paranoidi.* Bu ýagdaý aýallara garanyňda, erkek adamlarda has köp duş gelýär. Aýaly biwepalyk edýän ýaly, gapydan biri gelse, aýaly bilen ümleşýän, göz gypyşýan ýaly duýulýar. Şonuň üçin aýaly daşary çyksa, daşary çykýar, öýe girse, öýe girýär. Paranoidiň bu görnüşi howpludyr.

*Yzarlanma paranoidi.* Näsaglar ýörite iberilen içaly adamlaryň köçede gözegçilik edip, aýnadan seredip, özlerini yzarlaýandyklaryny tassyklaýarlar. Bu näsaglar duşmanyndan gizlenmek üçin gidip barýan ulagyndan düşüp, başga ulaga geçýärler ýa-da başga şähere göçýärler.

*Zäherlenme paranoidi.* Näsaglar özleriniň naharlaryna awy sepilip zäherlenýändikleri barada nygtaýarlar. Şonuň üçin kähalatda naharlanmakdan ýüz öwürýärler. Mysal üçin, bir näsag aşakdaky goňşularynyň gaz bilen täsir edýändigini aýdýar.

*Fiziki taýdan täsir etmek paranoidi.* Bu näsaglar ýörite maşynlardan gelýän şöhleleriň täsirini, radio tolkunlaryny duýýandyklaryny, olaryň saglygyna zyýan ýetirýändiklerini, ýagny dişini zaýalap dökýändigini, ýagyrnylaryny ýakýandygyny tassyklaýarlar.

*Ipohondriki paranoidi.* Näsaglar özlerinde agyr kesel bar diýip hasaplaýarlar. Olaryň biri aşgazanynyň çüýreýändigini ýa-da içegede galan süňküň oňurga geçendigini tassyklaýar. Beýleki biri bolsa, ýüreginiň bireýýäm togtandygyny we ýakyn wagtda öljekdigini tassyklaýar.

*Özlerine ýokary baha bermek we baýlyk paranoidi.* Şeýle näsaglar özlerini beýik serkerdebaşy, alym, oýlap tapyjy ýa-da köp pully, altynly baý diýip hasaplaýar. Bir näsag özüne her gün ertirine uçaryň garaşýandygyna we şol uçar bilen beýleki ýurtlara gezelenje gidýändigine ynanýar.

*Ýitgi çekmek paranoidi.* Paranoidiň bu görnüşi garrylyk psihozyna mahsusdyr. Şeýle näsaglar öz zatlaryny başgalaryň ogurlaýandyklaryna pugta ynanyp, şonuň üçin zatlaryny gizleýärler, olar ýadynyň

bozulandygy sebäpli zatlaryny nirede gizländigini ýatlaryndan çykarýarlar. Bu bolsa olaryň paranoid ýagdaýlaryny has-da güýçlendirýär. Şeýle näsaglar gapylaryna birnäçe gulp goýýarlar, «ogrularyň» aýak yzlaryny bilmek üçin gapynyň agzyna gum sepýärler.

*Özüni günäli hasaplamak paranoidi.* Näsaglar özlerini jenaýatkär hasaplap, köplenç, hereketleriň esasynda maşgalasyna, döwlete düzedip bolmajak zyýan ýetirdim diýip hasaplaýarlar. Özleriniň agyr jeza çekmelidigini aýdýarlar. Öz janyna kast etmek pikirleri, kähalatda synanyşyklary ýüze çykýar. Paranoidiň bu görnüşi garrylyk psihozyna mahsusdyr.

Ýokarda görkezilenler paranoidleriň has köp duş gelýän görnüşleridir.

Paranoidiň şol bir görnüşiniň näsaglarda özbaşdak aýratynlyga eýedigini göz öňünde tutmaly. Mysal üçin, ekerançylyk bilen meşgullanýan ýokary baha beriji paranoidli näsagyň aýtmagyna görä, ol hyýar şiresiniň kömegi bilen ölini direldip biljek usuly oýlap tapypdyr.

Paranoidli näsaglar elmydama şübheli bolup, yzyndan biri ýetip gelýän ýaly daş-töweregine garanjaklap gezýärler. Töweregindäki adamlaryň ýüz keşbinden, özüni alyp barşyndan, aýdýan gürrüňlerinden özleriçe many çykarýarlar.

Paranoidiň *ilkinji* we *ikilenji* görnüşleri bolýar:

*Ilkinji görnüşinde* şübhelilikden, howsalalylykdan başlap, soň gulagyna ses gelip başlaýar.

*Ikilenji görnüşinde* ilki gulagyna ses eşidilýär, soň şübhelilik, howsalalylyk peýda bolýar.

Paranoidiň *giň* we *dar gerimli* görnüşleri hem bardyr:

*Giň gerimlisinde* näsag nirä barsa yzarlanýan ýaly, özüne bir zat ediläýjek ýaly howsalada gezýär.

*Dar gerimlisinde* öz ýakynlaryna ýa goňşularyna müňkürlik bilen garaýar. Elmydama olar bir zat edäýjek ýaly şübhelenip gezýär.

**Tapgyry boýunça paranoid.**

*Paranoýal tapgyrynda* näsaglar özleriniň yzarlanýandygyny, özlerine bir zat ediljek bolunýandygyny, tertipli we işjeň derejede nygtaýarlar, hukuk goraýjy ýokary edaralara hat bilen ýüz tutýarlar. Ýöne

gulagyna ses gelmek, gözüne zat görünmek ýaly duýgy aldawlary bolmaýar.

*Paranoid tapgyrynda* aýdýan zatlary ulgamly hem, işjeňleşen hem bolman, bölekleýin bolýar. Bu tapgyr gallýusinasiýalar hem-de Kandinskiniň alamatlary bilen utgaşýar.

*Parafren tapgyrynda* paranoid ägirtlige eýe bolýar, hyýal (fantaziýa) bilen utgaşýar. Mysal üçin, näsaglar özleriniň üýtgeşik adamdygyny, güýçli-gudratly adamdygyny, dünýäni dolandyryp biljekdigini nygtaýarlar.

## 2.6. Akyl bozulmalary

**Kemakyllyk** – bu akyl-paýhasyň bozulmagy bolup, onda adamda hadysalaryň arasyndaky arabaglanyşyga düşünmek ukyby peselýär, ikinji derejelini esasydan aýyrmak ukyby ýitýär, öz aýdýanlaryna, özüni alyp barşyna tankydy garaýşy bolmaýar, ünsi, huşy peselýär, bilim gory, göz öňüne getirmesi peselýär, üýtgedilen düşünjeleri kabul edip bilmeýär, jemlemek ukyby bolmaýar. Başgaça aýdylanda, akyl-paýhas düýpli peselýär. Kemakyllygyň iki görnüşi bolýar: dogabitdi we soň dörän.

*Dogabitdi kemakyllygyň* (oligofreniýa) esasynda genetiki bozulmalar, ejesiniň göwresindekä, doglan pursadynda, şeýle-de irki çagalyk döwründe (3 ýaşa çenli) ýeten zeperlenmeler (ýokanç keseller, zäherlenmeler, beýni şikesleri) ýatandyr.

*Soň dörän kemakyllyk* (demensiýa) 3 ýaşdan soň alnan kelle-beýni zeperlenmeleri (ýokanç keseller, zäherlenmeler, kelle-beýni şikesleri) netijesinde, köplenç beterleşýän paraliçde, garrylyk psihozlarynda, kelle-beýni damarlarynyň aterosklerozynda ýüze çykýar. Mysal üçin, kemakyllykdan ejir çekýän näsag jaýa uçup giren çybynlary kowmak üçin halynyň üstünde ot ýakýar, netijede, ýangyn döreýär. Näsaglaryň şeýle ýagdaýlary olaryň hadysalaryň arasyndaky arabaglanyşyga düşünmeýändigini subut edýär. Mysal üçin, «1 kg pagta agyrmy ýa 1 kg demir» diýip berlen soraga näsag «demir agyr» diýip jogap berýär. Başga biri otly bilen awtobusyň arasyndaky ta-

pawut soralanda awtobusyň gökdügini, otlynyň bolsa gyzyldygyny aýdýar. Kemakyllyk keselli näsaglar logiki pikirlenmek, baha bermek, umumylaşdyrmak ukybyny ýitirýär, aýdýan sözlerine, özlerini alyp baryşlaryna tankydy garaýşy bolmaýar, daş-töweregindäki ýagdaýlara baha berip bilmeýär. Şeýle näsaglar hakyky durmuşdan üzňe bolup, çylşyrymly mysallary çözüp bilmeýär. Kemakyllygyň esasynda kelle-beýni öýjüklerindäki ýokary nerw işjeňliginiň bozulmagyna getirýän gödek organiki üýtgemeler ýatyr. Şeýlelikde, täze şertli refleksleriň emele gelmegi tä olaryň düýbünden döräp bilmezlik ýagdaýyna çenli bozulýar. Şertli refleksleriň öň dörän çylşyrymly ulgamlary hem bozulýar. Şizofreniýa keselindäki kemakyllykda şertli refleksleriň ulgamlary togtaýar, ýagdaýy gowulaşanda (remissiýa), olar ýene-de kadalaşýar.

## 2.7. Emosiýa bozulmalary

Emosiýalar – bu daşky ýa-da içki täsirlere jogap reaksiýasydyr. Ol oňyn (položitel) ýa-da oňaýsyz (otrisatel) bolup biler. Emosiýalar gaýgyny, ýigrenji, şatlygy, söýgini bildirýän duýgular bolup, adam durmuşynda uly ähmiýete eýedir. Ähli psihiki hadysalar emosiýalar bilen bilelikde geçýär. Ýerine ýetirýän işine bolan garaýşa görä, ýadawlyk dürli wagtda ýüze çykyp bilýär. Eger iş gyzyklanma döretse, ýadawlyk has gijiräk ýüze çykýar. Adama hemişe birnäçe daşky we içki gyjyndyryjylar täsir edýär. Gyjyndyryjylaryň häsiýetine we bedeniň ýagdaýyna baglylykda keýp üýtgäp durýar.

Emosiýalaryň güýçli ýüze çykmagyna (ýigrenç, begenç, gam-gussa, gorky) *affekt* diýilýär. Psihiki bozulma, aň bulaşmasy bolmazdan ýüze çykýan güýçli täsire berilýän güýçli reaksiýa *fiziologiki affekt* diýilýär.

Haçanda ujypsyzja täsire juda güýçli reaksiýa berlip, ol psihiki bozulma, aň bulaşmasy bilen utgaşanda, oňa *patologiki affekt* diýilýär. Şeýle ýagdaýda adam agyr jenaýat işlerini edip bilýär. Ondan soň näsaglar köplenç, uka gidýär. Olarda patologiki affekt döwründe bolup geçen wakalar doly ýadyndan çykarylýar (amneziýa). Emosional

ýagdaýy näsagyň ýüz keşbinden, gürrüňlerinden, madda çalşygyndan we wegetatiw reaksiýalaryndan aňyp bolýar. Belli bolşy ýaly, emosiýada ganyň glýukozasy, süýgeşikligi üýtgeýär, kelle-beýniniň, ýüregiň, böwrekleriň, öýkeniň damarlary giňelýär ýa-da daralýar. Olaryň ählisiniň biologiki ähmiýeti bar. Mysal üçin, tolgunmada, gorkuda ganyň düzüminde glýukozanyň mukdarynyň köpelmegi adamyň güýjüniň artmagyna getirýär. Häzirki wagtda emosiýalaryň kelle-beýni gabyk asty bölegindäki käbir merkezleriň işjeňligi bilen baglanyşyklydygy anyklandy. Eger näsagda gabyk hadysalary peselse, onda şeýle ýagdaýda emosional ýüze çykmalar güýçlenýär. Doglan wagtynda bar bolan ýönekeý emosiýalar kelle-beýniniň gabyk asty bilen baglanyşyklydyr. Ýaşaýyş işjeňliginiň dowamynda olaryň esasynda kelle-beýniniň gabygynyň gatnaşmagynda has çylşyrymly emosiýalar döreýär. Dürli psihiki kesellerde emosionallygyň ýokarlanmagy ýa-da peselmegi ýüze çykýar. Emosionallygyň güýçlenmegine eýforiýa, depressiýa, howsala, gorky, peselmegine bolsa emosional küteklik, parhsyzlyk degişli.

*Eýforiýa* – keýpiň aşa ýokarlanmagy. Bu ýagdaýda näsaglar daş-töweregindäki ähli ýagdaýlary begençli açyk görnüşde kabul edýärler. Olar şeýle ýagdaýda köp gülýär, gürleýär, hemmelerden razy. Eýforiýa köplenç, kelle-beýniniň organiki zeperlenmelerinde (beterleşýän paraliç-ysmaz), maniakal-depressiw psihozyň maniakal fazasynda, şeýle-de beýniniň damar kesellerinde ýüze çykýar. Maniakal-depressiw psihozda çendenaşa keýpihonluk işjeňlik höwesi bilen utgaşýar. Bu ýagdaýa *maniýa* diýilýär.

*Depressiýa* – bu eýforiýanyň tersine. Depressiýada näsaglar gam-gussadan ejir çekýär. Hemme zat tutuksy görnüşde kabul edilýär, hereketleri haýallaşýar. Olar üçin ýaşaýyş öz manysyny ýitiren ýaly bolýar. Şeýle ýagdaý maniakal-depressiw psihozyň depressiw fazasyna häsiýetli.

*Howsala.* Munda näsaglaryň duýýan howsalasy adatça, esassyz. Käwagtlar näsaglar özlerine ýa-da hossarlaryna bir erbetlik bolar diýip garaşýar. Depressiýa ýaly howsala hem köplenç, öz janyna kast etmek pikirlerine getirýär. Howsalaly ýagdaý köplenç, presenil

psihozly näsaglarda duşýar. Depressiw ýagdaýdaky näsaglarda gorky uly orun tutýar. Näsaglar käwagt haýsy-da bolsa anyk bir zatdan heder edýärler, käbir ýagdaýda esassyz gorky döreýär. Gorky duýgusyny başdan geçirýän wagty näsaglar belli bir durkunda doňup durýar ýa-da haýsydyr bir tarapa gaçmakçy bolýar. Emosionallygyň biraz peselmeginde näsaglar bolup geçýän wakalara has biperwaý bolup, ýakynlaryna sowuk garaýar. Emosionallygyň ahyrky derejedäki peselmeginde *emosional küteklik* ýüze çykýar. Şeýle näsag ähli zada biparh garaýar. Mysal üçin, «Hassahanadan çykmak höwesiň barmy?» diýip berlen soraga näsag: «Meniň üçin öýdemi ýa-da hassahanada, tapawudy ýok» diýip, jogap berýär. Şeýle näsaglar geljege hiç hili meýilnama gurmaýar. Ýakyn adamynyň ýogalandygy baradaky habara olar doly biperwaýlyk bilen garaýarlar. Bu ýagdaýlar köplenç, şizofreniýanyň ahyrynda duş gelýär.

Şu keselde emosional sferadaky bozulmalar bolup, onda daşky gyjyndyryjylar ýerliksiz emosional ýagdaýlary döredýär. Mysal üçin, ýakyn adamynyň keselländigi barada habar berlende, näsag oňa jogap hökmünde gülýär. Şu ýagdaýa *emosional çaprazlyk* diýilýär.

Emosional durnuksyzlykda näsaglar sähelçe esas bolanda ýeňil aglaýar ýa-da gülýär, ýeňillik bilen aglamakdan gülmeklige ýa-da tersine, gülmekden aglamaklyga geçýär.

## 2.8. Erk we hereket bozulmalary

Adamyň aňly we maksada okgunly hereketleri onuň erkiniň erjelligine bagly. Psihiki kesellerde erkiň dürli görnüşdäki bozulmasy bolup bilýär. Olar erk işjeňliginiň ýokarlanmagy ýa-da peselmegi görnüşinde ýüze çykýar. Mysal üçin, maniakal ýagdaýda erk işjeňliginiň ýokarlanmagy sözleýşiň we hereketleriň göçgünliligi bilen ýüze çykýar, sözleýşi we hereketleri maksada gönükdirilen häsiýetde, ýöne ondaky üns bozulmasy sebäpli olar başlan işlerini ahyryna çenli ýerine ýetirip bilmeýär. Muňa *giperbuliýa* diýilýär.

Erk işjeňliginiň peselmesine *gipobuliýa* diýilýär. Munda islendik bir zada isleg, höwes peselýär. Erkiň şeýle peselmesi arakhorlykda,

neşekeşlikde, psihiki keselleriň birnäçeleriniň soňky etabynda, depressiýalarda we ş.m. duş gelýär.

*Abuliýa* – hiç bir zada höwesiň bolmazlygy. Şizofreniýanyň ahyrky tapgyrynda, demensiýalarda duş gelýär.

*Parabuliýa* – erk işjeňliginiň azgynlyga tarap üýtgemesi. Munda ýerine ýetirilýän hereketler azgynlyk bilen amala aşyrylýar. Gorkuly sesleri eşitmegi näsagy azgyn häsiýetli agressiw hereketlere getirýär.

## 3-nji bap.

## Psihiki keselleriň alamatlar toplumy

### 3.1. Aň bozulmasynyň alamatlar toplumy

**Aň** – adamyň daşky gurşawy şöhlelendirmeginiň ýokary görnüşidir. Aýdyň aň adamyň daşky ýagdaýdan, öz şahsyýetinden, wagtdan we ýerden dogry ugur alyp, özüniň ähli hereketlerine jogap berip, toplan tejribesini ulanyp bilmegini aňladýar. Aň – bu kelle-beýniniň gabygynyň ukyp işjeňliginiň netijesi, ýagny şeýle işjeň bölegi öz aýlawyny üýtgedip kä daralýar, käte giňelýär. Her bir pursat, belli bir göz öňüne getirme aňy gurşap alýar. Patologiýada aň bozulmasy psihikanyň işjeňliginiň hemme taraplaýyn bozulmalary bilen utgaşyp bilýär.

*Seňseleme.* Seňselemäniň başky tapgyrynda näsaglar daş-töweregindäki gyjyndyryjylary örän gowşak duýýar. Bu ýagdaýda näsagdan soraga jogap almak kyn, gaty ses bilen (gezekden-gezege sesi gataldyp) soraglary birnäçe gezek gaýtalamaly bolýar. Näsaglar soraglara bir söz bilen, arakesmeli jogap berýär. Daş-töweregindäki bolup geçýän wakalara gatnaşmaýar. Az hereketli, mimikalary garyp, geçen we häzirki wakalary kynlyk bilen ýatlaýar, ukuda wagty düýş görmeler bolmaýar. Seňseleme ýagdaýy birnäçe minutdan, birnäçe güne çenli ýa-da ondan-da köp dowam edip bilýär. Bu ýagdaýdan çykandan soň, näsaglar şol döwürde bolup geçen wakalary bölekleýin ýatlap bilýär. Seňseleme garyn garahassalygynda, pnewmoniýada, agyr somatiki kesellerde, ýokanç kesellerde, zäherlenmeler-

de, kelle-beýniniň şikeslerinde we täze döremelerinde duş gelýär. Seňselemäniň ýeňil derejesine *obnubilýasiýa* diýilýär. Seňseleme ýagdaýynyň agyrlaşmagy netijesinde sopor ýüze çykýar. Bu ýagdaýda *sopor* dizrefleksiýa, distoniýa, dizesteziýa bilen häsiýetlenýär. Sopor hem ýokarda görkezilen kesellerde duş gelýär.

*Koma* bolsa keseliň has agyrlaşan ýagdaýynda duşup, atoniýa, arefleksiýa, anesteziýa ýaly alamatlar bilen häsiýetlenýär.

*Deliriý* – aňyň göçgünlilik bilen utgaşýan gallýusinator ýa-da illýuzor-gallýusinator bozulmasy. Ol ýiti görüş gallýusinasiýalaryň we illýuziýalaryň bolmagy bilen häsiýetlenýär. Eşidiş gallýusinasiýalary has seýrek duş gelýär. Näsaglar köplenç, gorkuly mazmunly giden bir sahnany başdan geçirýärler, daş-töweregindäki hadysalardan we wagtdan ugur almak bozulýar, ýalan ugur alma ýüze çykýar. Başdan geçirýän sahnalaryna, adatça işjeň gatnaşýar. Olaryň özlerini alyp barşy gallýusinasiýalara laýyk gelýär. Deliriý ýagdaýlary ortaça birnäçe sagatdan, birnäçe güne çenli dowam edip, agşamlaryna adatça, olar güýçlenýär. Deliriý ýagdaýdan çykandan soň, näsaglar özüniň başyndan geçirenlerini dolulygyna bolmasa-da, bölekleýin gürrüň berip bilýär. Aňyň deliriý görnüşindäki bozulmasy ýokanç kesellerde, kelle-beýni şikeslerinde, zäherlenmelerde, beýniniň damar kesellerinde duş gelýär.

Näsag deliriýden çykandan soň Lippmanyň, Reýhardtyň, Aşafenburgyň synaglaryny geçirip, onuň deliriýni geçirendigini anyklap bolýar.

**Oneýroid ýagdaýy** – aňyň düýş görýän ýaly bozulmasy. Oneýroidde deliriýden tapawutlylykda, näsaglarda başyndan geçirýän ýagdaýy bilen olaryň özüni alyp barşynyň arasynda bitewilik ýok. Gaýgy-hasratlary hyýaly: näsaglar özlerini başga planetalarda, başga dünýäde, dowzahda, jennetde bolýan ýaly, raketada, kosmosda uçýan ýaly ýagdaýda duýýarlar. Näsaglaryň özlerini alyp baryşlary gaýgy-hasratlaryna laýyk gelmeýär, olar ýa stuporoz ýagdaýda ýatýar, ýa-da wagtal-wagtal göçgünlilik ýagdaýa düşýärler, ýa-da görýän zatlaryny geň görüp, haýran galyp oturýarlar. Adatça, daş-töwereginden goşalaýyn ugur alýarlar. Näsag hassahanada ýatandygyny bilýär,

ýöne şol bir wagtda-da özüni Marsda ýaşaýan diýip hasap edýär. Oneýroid ýagdaýy birnäçe hepde dowam edip bilýär, ondan çykandan soň, gaýgy-hasratly başdan geçirmelerine bölekleýin ýatlamalar saklanýar. Köplenç, bu bozulmalar şizofreniýa keselinde duş gelýär.

**Amensiýa (samrama).** Aňyň amentiw bozulmasynda näsaglar daşky ýagdaýlardan we öz şahsyýetinden hiç hili ugur alyp bilmeýär. Olar daşky gurşawdaky ýagdaýlaryň we zatlaryň arasyndaky baglanyşyga düşünmeýär. Kähalatda näsaglar düşekleriniň çäginde biynjalyk bolýar. Bölekleýin gallýusinasiýalar bolup biler. Amentiw ýagdaýly näsag soraglara jogap bermeýär. Olaryň sözleýşi arabaglanyşyksyz. Amentiw ýagdaýy birnäçe hepde we ondan hem köp dowam edip bilýär. Amentiw ýagdaýy gutarandan soň, doly amneziýa bolýar. Bu ýagdaý ýokanç kesellerde, zäherlenmelerde, agyr somatiki kesellerde duş gelýär.

*Aňyň alagaraňkylykdaky ýaly ýagdaýynyň* klinikasy köpdürli: ol duýdansyz başlap, duýdansyz hem tamamlanýar. Bu ýagdaý aňyň patologiki daralmagy bilen häsiýetlenýär. Näsaglar köçelerde sergezdançylyk edýärler, soraglara jogap berýärler, öz hereketlerine baha bermän, çylşyrymly bolmadyk işleri awtomatiki ýagdaýda ýerine ýetirýärler. Beýleki käbir näsaglarda gallýusinasiýalar hem bolýar. Şonda näsaglaryň özlerini alyp baryşlary gallýusinator başdan geçirmeleriniň mazmuny bilen kesgitlenýär. Käwagt näsaglar üstüne hüjüm ediljek, öldüriljek ýaly duýgyny başdan geçirýärler. Olar goranýar ýa-da gorkup gaçýar. Şol pursat olaryň howply hereketleri etmegi mümkin. Aňyň alagaraňkylykdaky ýaly ýagdaýy birnäçe minutdan birnäçe sagada, hatda bir-iki güne çenli dowam edip bilýär. Bu ýagdaýdan çykandan soň, bolup geçen zatlary ýadyndan çykarýar. Näsag özüniň başdan geçirenlerini gürrüň berip bilmeýär. Şeýle ýagdaý epilepsiýa, kakyn (isteriýa), patologiki serhoşluk, kelle-beýni şikesleri üçin has häsiýetlidir. Isteriki aňyň alagaraňkylykdaky ýaly ýagdaýynda aňyň çuňňur daralmagy bolmaýar we geçen wakalar bölekleýin ýatlanylýar.

## 3.2. Hereket bozulmasynyň alamatlar toplumy

**Stuporoz ýagdaýy**

*Stupor* – bu doly ýa-da bölekleýin hereketsizlik ýagdaýydyr. Stuporyň birnäçe görnüşleri bar: depressiw, psihogen, katatoniki, apatiki.

*Depressiw stupor,* köplenç, depressiýalarda, maniakal-depressiw psihozyň depressiw fazasynda duş gelýär. Munda näsaglaryň haýsy-da bolsa bir hereketleri ýerine ýetirmäge ýagdaýlary bolmaýar. Berilýän soraglara örän kynlyk bilen jogap alyp bolýar, kähalatlarda näsaglary naharlamaly bolýar. Näsaglaryň ýüzünde gaýgy-hasrat alamatlary bolýar. Kähalatlarda depressiw stupor raptus – gam-gussa joşguny bilen utgaşyp gelýär. Onda näsag syçrap turup, göçgünli ýagdaýda özüne agyr şikeslenme ýetirip biler. Psihogen stuporda näsaglar hereketsiz, dymma, ýöne stupora getiren psihiki şikeslenme ýagdaýlar baradaky gürrüňleri eşidenlerinde kä gyzaryp, kä agaryp, aglap, emosional reaksiýalary berýär.

*Katatoniki stupor* doly hereketsizlik bilen häsiýetlenýär. Käbir ýagdaýlarda muskullaryň tonuslary peselip, ýokary galdyrylan el şalkyldap aşak gaçýar, beýleki görnüşinde stupor muskullardaky tonuslaryň ýokarlanmagy bilen geçýär, şonda näsagyň ýagdaýyny üýtgetmek örän kyn bolýar ýa-da düýbünden başa barmaýar. Käwagt katatoniki stuporda näsaga haýsy poza berilse, ol şol ýagdaýda gatap galýar. Şeýle ýagdaýa katalepsiýa ýa-da «mum çeýeligi» diýip at berilýär. Şizofreniýadan başga-da, katatoniki stupor ýokanç kesellerde, zäherlenmelerde, agyr somatiki kesellerde, şeýle-de kelle-beýni şikeslenmesinde ýüze çykyp bilýär. Ol birnäçe sagatdan birnäçe hepdä çenli dowam edýär. Stupor wagtynda näsaglar köplenç, naharlanmakdan ýüz öwürýärler, şonuň üçin olary zonduň kömegi bilen naharlamaly bolýar.

*Apatiki stuporda* näsag süýnüp, öli ýaly ýatýar. Onuň hiç bir zada höwesi bolmaýar.

**Hereket göçgünlilik ýagdaýy.** Psihiatriýada köplenç, *maniakal* we *katatoniki* göçgünliklere duş gelinýär. *Maniakal göçgünlilikde* näsaglar işjeňlik görkezýärler, hemişe hereketde bolýarlar. Olaryň ähli hereketlerinde haýsy-da bolsa bir maksada gönükdirme bolýar, ýöne ünsüniň ýokary dagynyklygy sebäpli hiç bir işi ahyryna çenli ýerine

ýetirmeýär. Näsaglar köp gürleýärler, kähalatda şeýle bir çalt gürläp aýry-aýry sözleri, sözlemleri taşlap gidýärler, sesleri gyryksy bolýar. Daş-töweregindäkileriň ählisine mydama dürli soraglar we teklipler bilen ýüz tutýarlar. Maniakal ýagdaýyň has ýeňil görnüşine *gipomaniakal ýagdaý* diýilýär. Maniakal göçgünlilik maniakal-depressiw psihozyň maniakal fazasynda, kelle-beýni şikeslenmelerinde we başgalarda duş gelýär.

*Katatoniki göçgünlilikde* hereketler maksatsyz, adaty däl, hem-de çäklendirilen stereotip görnüşde bolýar. Näsagyň näme niýetiniň bardygyny aňyp bolmaýar. Kähalatlarda hereket göçgünliligi diňe aýratyn muskullar toparyny öz içine alýar. Mysal üçin, aýaklarynyň doly hereketsizliginde näsag elleri bilen hereketleri edýär, ýüz-gözüni oýnadýar, aýry-aýry sözleri sesli gygyrýar. Olaryň aýdýanlary üzlem-saplam häsiýete eýedir. Katatoniki göçgünlilik, köplenç şizofreniýada duş gelýär.

*Gebefren göçgünlilik* – näsaglar näz-kereşmeli bolup, aýnaýarlar, ýüz-gözüni oýnadýarlar, adaty bolmadyk pozalary kabul edýärler, käwagt sebäpsiz gülýärler, aýdýanlary boş gürrüňler bolup, olar sözleri ýoýýarlar. Olarda agressiwlik ýagdaýlary hem bolup bilýär.

*Psihogen göçgünlilik* – bu göçgünlilikde näsag erbet habar eşideninde güýçli gorky netijesinde hereketden, gürlemekden galyp, doňan ýaly bolýar.

## 3.3. Emosiýa bozulmalarynyň alamatlar toplumy

*Maniakal sindromy* keýpiň ýokarlanmagy bilen häsiýetlenýär. Näsaglar özleriniň mümkinçiliklerine we ukyplaryna aşa artykmaç baha berýärler. Joşgunly işjeňlik döreýär, islendik iş olar üçin ýeňil we ýönekeý bolup görünýär. Göz öňüne getirmeleri çaltlaşan görnüşde bolýar. Göçgünlilik ýagdaýyndaka, olar örän az uklaýarlar we şol bir wagtyň özünde ýadawlyk duýmaýarlar. Şeýle emosional bozulmalaryň ýeňil derejesine *gipomaniakal sindrom* diýlip at berilýär.

*Depressiw sindromy.* Şeýle ýagdaýda näsaglar gam-gussa duýgulary başdan geçirýärler, olar üçin ähli zatlar tutuksy, hereketleri

haýallaşan, gürleýşi haýal, ýuwaş, köplenç, özüni günäkärleýji pikirler döreýär. Näsaglar öz durmuşlaryna ser salyp, olarda diňe erbetligi görýärler. Köplenç, öz janyna kast etmek pikirleri döreýär, olar naharlanmakdan ýüz öwürýärler, gowy uklap bilmeýärler. Kähalatlarda gam-gussa ýagdaýy ertirine has aýdyň ýüze çykýar, agşamlaryna bolsa näsaglar birneme ýeňilleşme duýýarlar.

*Howsalaly-depressiw sindromy.* Bu sindromda näsagyň gam-gussaly ýagdaýy howsala bilen, haýsydyr bir betbagtçylyga garaşmak bilen bilelikde gelýär. Näsag biynjalyk bolup, köp gürleýär, haýsy-da bolsa bir iş bilen meşgullanyp, şeýle-de gowy uklap we naharlanyp bilmeýär. Öz janyna kast etmek synanyşyklary bolýar.

## 3.4. Epileptiki (garaguşagyry) we epilepsiýa çalymdaş tutgaýlar

Tutgaý wagtynda näsag duýdansyz aňyny ýitirýär, ýykylýar, onuň ýüzi agarýar, soňundan howa ýetmezçiligi sebäpli gögümtil reňke geçýär. Şol bada bütin bedenindäki muskullaryň dartgynlylygy bilen häsiýetlenýän toniki sudoroglar başlanýar. 20–30 sekuntdan soň, toniki sudoroglar wagtal-wagtal muskullaryň ýygrylyp we gowşaýan görnüşdäki kloniki sudoroglar bilen çalyşýar. Kloniki sudoroglar 1–2 minut dowam edýär. Şunuň bilen sudorog tamamlanýar. Umumy alanyňda, tutgaý 5 minutdan köpe çekmeýär. Sudorog wagty giňelen göreçleriň ýagtylyga bolan duýgusy ýok. Şeýle hem beýleki refleksler ýitýär. Sudorog wagtynda näsaglar ýykylyp, dürli zeperlenmeler alyp bilýärler.

*Kakyn (isteriki) tutgaýy.* Kakyn tutgaýynyň başlanyşy, köplenç, haýsy-da bolsa bir daşky täsire bagly bolýar. Epilepsiýa garanyňda tutgaý haýal bolup geçýär, näsag syrylyp ýykylýar. Näsaglar ýykylanda, epileptiki tutgaýlardaky ýaly agyr zeperlenmeler almaýar. Tutgaý wagty olarda refleksler saklanyp, göreçleri ýagtyny duýýar. Aňyny doly ýitirmeýär, diňe kähalatlarda daralyp bilýär. Näsaglar daş-töweregindäkileri duýýarlar. Kakyn tutgaýyndaky sudoroglar epileptiki tutgaýlardaky ýaly berk yzygiderlilikde bolmaýar. Olar

dürli görnüşdäki, käwagt çylşyrymly we beýan ediji hereketleri bilen utgaşyp bilýär. Tutgaý käwagt birnäçe sagada çenli dowam edýär.

### 3.5. Korsakowyň alamatlar toplumy

Bu sindrom ýadyň geçen wakalara saklanmagynda, häzirki bolup geçýän wakalara bozulmasy bilen häsiýetlenýär. Näsag hiç bir zady ýadynda saklap bilmeýär. Berlen soraglaryň mazmunyny örän tiz ýadyndan çykarýar. Näsaglar birnäçe minut mundan ozal näme bilen meşgullanandyklaryny, özüni görmäge kimleriň gelendigini ýatlap bilmeýärler. Şeýle hem bu sindroma konfabulýasiýalar (häzirki kelle boşlugyny toslap tapmalar bilen doldurmak) we psewdoreminissensiýalar (häzirki kelle boşlugyny durmuşynda bireýýäm bolup geçen wakalary häzirki wagtda bolýan ýaly aýdyp bermek bilen doldurýar) häsiýetli. Bulardan başga-da bu sindroma wagtdan we ýerden ugur alyp bilmekligiň bozulmasy hem-de asteniýa häsiýetlidir. Şu sindrom Korsakowyň psihozyndaky kliniki alamatyň bölegi bolup durýar. Ýöne ol kelle-beýni damarlarynyň aterosklerozynda, garrylyk psihozlarynda, şikeslerde, ýokanç kesellerde we zäherlenmelerde ýüze çykyp bilýär.

### 3.6. Akyl peselme alamatlar toplumy

Bu sindrom huşuň bozulmasy, näsaglaryň akyl ukyplarynyň peselmeginiň utgaşmasy bilen häsiýetlenýär. Näsaglar täzelikleri özleşdirmek ukybyny ýitirýär, öňden bilýänlerini-de ýatdan çykarýar. Özleşdirmek ukyby peselýär. Näsaglar ýönekeýje durmuş meselelerini hem çözüp bilmeýär. Şeýle ýagdaýlaryň güýjüne görä olaryň özlerini alyp baryşlary ýerliksiz bolýar. Mysal üçin, bir näsag öz kitaphanasyny artdyrmak üçin kitaby iki bölege gyrkýar.

Akyl peselme alamatlar toplumy iki görnüşde bolýar. Olaryň birine **dogabitdi kemakyllyk** (oligofreniýa) diýilýär. Dogabitdi kemakyllyk çaga enesiniň içindekä (hromosom bozulmalary, ýokanç keseller, zäherlenmeler, şikesler, urgular we ş.m), dogulýan pursadynda

(çaganyň göbeginiň boýnuna çolaşyp, dem almasynyň kynlaşmasy, gysylyp çykmasy ýa-da gysylyp çykarylmasy), doglandan soň 3 ýaşa çenli döwürde (ýokanç keseller, zäherlenmeler, şikesler) ýüze çykýar. Dogabitdi kemakyllyk hem öz gezeginde 3 görnüşde bolýar: ýeňil, aram we çuňňur kemakyllyk. Düwünçekde beýniniň kemala gelýän döwrüniň tapgyryna görä, zeper ýetiriji täsirleriň güýjüne we ş.m. sebäplere görä ýeňil, aram ýa-da çuňňur kemakyllyk döräp biler.

3 ýaşdan soň, haýsy hem bolsa bir sebäpden, akylyň kemelmesine **demensiýa** diýilýär.

**Parsial kemakyllykda** soňky döwürdäki zatlara näsagyň ýatkeşligi peselýär-de zatlary nirede goýanyny, ýaňy näme edenini, adam atlaryny we telefon belgilerini ýadynda saklap bilmeýär. Ýöne durmuşynda öňki bolup geçen zatlar, wakalar ýadynda saklanýar. Ýyllaryň geçmegi bilen durmuşynda bolup geçen öňki zatlar hem kem-kemden näsagyň ýadyndan çykýar. Bu görnüş kelle-beýni şikesinden, beýni-damar kesellerinden, ýokanç kesellerden, ýiti zäherlenmeden soň, arakhorlugyň soňky tapgyrynda, şizofreniýanyň ahyrynda, epilepsiýa keselinde ýüze çykýar.

Parsial kemakyllykda ideg we gözegçilikden başga-da, keseliň geçişini haýallatmak üçin beýniniň işjeňligini gowulandyrýan derman serişdelerini – serebroliziniň uly mukdary, pirasetam, kawinton, meksidol, aminalon, gamalon, korteksin glýutamin kislotasy ýaly dermanlar bellenilýär.

**Total kemakyllykda** beýniniň ähli ýerleri atrofirlenýär. Şeýlelikde, näsagyň psihiki sferalarynyň işjeňligi gödek ýoýulýar. Ol nämäniň-nämedigine düşünmeýär, hiç zady seljermeýär, ýakynlaryny tanamaýar, hatda özüniňem nirede, näme işläp ýörendigini bilmeýär. Olara simptomatik bejergi geçirilýär hem-de aýratyn ideg edilýär.

**Tranzitor (geçýän) kemakyllyk** köplenç, güýçli psihiki şikesden, ýagny adam jenaýat edenden soň ýüze çykýar. Onuň bir görnüşinde öň akylly-başly adam bu ýagdaýa düşenden soň ýönekeý zatlara-da düşünmeýär, kemakyl ýaly özüni alyp barýar. Muňa *psewdodemensiýa* diýilýär. Ikinji görnüşinde ol özüni çaga ýaly alyp

barýar. Olar edil çaga ýaly bolup oýnawaçlary oýnaýarlar. Muňa *puerillik* diýilýär. Üçünjisinde, ýagny *Ganzeriň sindromynda* näsaga berlen soraga ol düýbünden başga bir zat, ýagny «Adyň näme?» diýlen soraga «Saçyň owadan eken» diýip jogap berýär.

Şu ýagdaýyň sebäbi aradan aýrylanda, näsagyň ýagdaýy gowulanýar.

## 3.7. Gallýusinator-paranoid alamatlar toplumy

Bu sindrom gallýusinasiýalaryň we paranoidleriň bolmagy bilen häsiýetlenýär. Kähalatlarda paranoid gallýusinasiýalaryň mazmunyndan gelip çykýar. Köplenç, näsaglar yzarlanma, fiziki taýdan täsir edilme pikirleri aýdýarlar. Mysal üçin, näsag diwaryň aňyrsynda adamlaryň özüni öldürmek üçin dil düwüşýändiklerini eşidýär. Şeýle ýagdaýda näsaglaryň biri gaçmaga synanyşýar, beýlekileri goranmak üçin gapyny gulplaýar, ýaraglanýar, käbirleri gygyryp, adamlary kömege çagyrýar. Gallýusinator-paranoid sindromy şizofreniýada, alkogol psihozlarynda, beýni merezýelinde we başga kesellerde duş gelýär. Gallýusinator-paranoid sindromy psewdogallýusinasiýalardan, yzarlanma, fiziki taýdan täsir etme paranoidlerinden we psihiki awtomatizmlerden durýan *Kandinskiý-Klerambonyň sindromyna* girýär.

## 3.8. Ipohondrik alamatlar toplumy

Näsaglar özleriniň saglygy barada güýçli gorkýandyklaryny aýdyp, özlerinde ýok keselleri toslap tapýarlar. Olar gyssagly çäre görülmese, öljekdiklerini tassyklaýarlar. Köplenç, näsaglar garyn boşlugyndaky, ýüregindäki aslyýetinde bolmadyk ýa-da üns bereniňe degmeýän agyrylara arz edýärler, olaryň keýpi peselýär. Lukmanyň olaryň saglygynyň hiç hili gorky döretmeýändigi baradaky aýdýanlaryna ynamsyz garaýarlar. Kähalatlarda lukmanyň sözleriniň dogrudygyny barlamak maksady bilen, şol bir soraglar boýunça beýleki lukmanlara ýüz tutýarlar, degişli edebiýatlary, internet maglumatlaryny okaýarlar.

## 3.9. Newrotik alamatlar toplumy

*Newrasteniki sindrom.* Bu sindromyň esasy ýüze çykmasy gaharjaňly gowşaklyk we iglemeklik görnüşinde bolýar. Daşky gyjyndyryjylara (ses, ýagty, yssy, sowuk) ýokarlanan duýgurlyk, islendik wakalara bolan aşa syzgyrlyk (otrisatel we položitel), emosional-wegetatiw gyjyndyrma, fiziki güýjüniň we psihiki işjeňliginiň tiz ýadamaklygy, haýal dikeldilmegi bilen utgaşýar. Asteniki ýagdaýdaky näsaglar gaharjaň, çydamsyz, emosional durnuksyz, aglamaklyga meýilli, aşa ýadagan, uky bozulmalardan ejir çekegen bolýar, uka gitmek kynlaşýar ýa-da ir oýanýar. Ukusy ýüzleý gipersomniýa olarda seýrek bolýar. Şeýle-de olar kelle agyry we wegetatiw bozulmalardan kösenýärler.

*Asteniki sindrom* köp kesellerde duş gelýär. Onuň käbir alamatlary ýadawlyk, mejalsyzlyk, tapdan düşmek ýagdaýlaryna häsiýetli bolup, asteno-depressiw, asteno-ipohondriki, asteno-newrotiki ýaly birnäçe alamatlar toplumy bilen bilelikde gelýär. Köplenç asteniýanyň alamatlary ýokanç kesellerde, zäherlenmelerde we beýleki agyr somatiki bozulmalarda ýüze çykýar. Şeýle-de psihiki keselleriň: aterosklerozyň, beterleşýän paraliç-ysmazyň, şizofreniýanyň başlangyç tapgyrynda bolýar. Mundan başga-da, newrasteniýanyň klinikasynda duş gelýär. Beterleşýän psihiki kesellerde newrasteniki sindrom alamatlary, adatça, psihiki işjeňliginiň aşak gaçmagynyň has agyr alamatlary bilen bilelikde ýüze çykýar.

## 3.10. Kakyn (isteriýa) alamatlar toplumy

Bu sindrom emosional reaksiýalaryň ýokarlanmagy we durnuksyzlygy bilen häsiýetlenýär. Näsaglar gaty ses bilen aglaýar, gaty sesli gülýär. Bir ýagdaýdan beýleki ýagdaýa geçmek örän çaltlaşýar. Adatça, emosional göz öňüne getirmeleriň akymyna uly ähmiýet berýärler. Näsaglaryň daş-töweregindäkilere garaýşy emosional gurşawyň ýagdaýy bilen takyklanýar. Öz hereketlerinde näsaglar akyl-paýhasy däl-de, duýgularyny gollanýar. Olar özlerine aşa köp üns berilmegini talap edip, göze ilmäge ymtylýarlar. Toslamalara,

hyýalbentlige meýilli bolýar. Daşky gyjyndyryjylaryň täsiri astynda tutgaýlar ýüze çykyp bilýär. Bu sindrom köpsanly kesellerde, mysal üçin, kelle-beýni şikeslerinde, şizofreniýanyň başlangyç döwründe, ýokanç kesellerde duş gelýär. Islendik keselde, kelle-beýni gabyk hadysalarynyň gowşamasy dörände, kakyn sindromy ýüze çykyp bilýär. I. P. Pawlowyň görkezişi ýaly, sindromyň esasynda gabygasty merkezleriň we birinji duýduryş (signal) ulgamynyň agdyklyk etmegindäki gabygyň gowşamagy ýatyr.

# II BÖLÜM.

# KLINIKI KESELLER

## 4-nji bap.

## Kelle-beýni şikesinde ýüze çykýan psihiki bozulmalar

Kelleçanaga dürli täsirleriň ýetmegi netijesinde kelle-beýniniň sarsmasy, gysylmasy, müçükmesi ýüze çykyp biler. Beýnä zeper ýetirilen dessine ýeňil seňseleme, sopor, koma ýüze çykýar. Şeýle-de, psihomotor göçgünlilik, stupor, aňyň alagaraňkylykdaky ýaly ýagdaýlary, epilepsiýanyňka çalymdaş sudoroglar, surdomutizm duşmagy mümkin. Ýiti döwri (2–4 aý) geçenden soň ýitiasty döwri başlaýar. Şol döwürde epilepsiýanyňka çalymdaş sudoroglar, aňyň alagaraňkylykdaky ýaly ýagdaýlary, depressiýa, maniakal ýagdaýlar, paranoid, galýusinasilar, ilýuziýalar Korsakowyň sindromy, newroza çalymdaş ýagdaýlar, huş peselmesi duşup biler.

Şikesden birnäçe aýdan, birnäçe ýyldan soň onuň gaýraüzülmeleri ýüze çykyp biler. Olara epilepsiýanyňka çalymdaş sudoroglar, aňyň alagaraňkylykdaky ýaly ýagdaýlary, Korsakowyň sindromy, demensiýa, gallýusinator, paranoid sindromlary degişli. Şikes alanlaryň ýüz keşbi öz ýaşyndan uly görünýär, barlananda, şikes ýeten ýerde onuň yzy bildirýär. Kelleçanagyna rentgen ýa-da ultrases barlagy geçirilende, beýnide barmak bilen basylan ýaly yzlar we damarlaryň aýdyň görünmegi ýüze çykarylýar.

12 jübüt kelle-beýni nerwleri haýsy birine nähili derejede zeper ýetirilendigine görä newrologiki bozulmalar: burun, dodak ýygyrdynyň asimmetriýasyndan, Romberginiň pozasynda durnuksyzlygyndan, wegetatiw bozulmalardan başlap, patologiki reflexleriň ýüze çykmagyna çenli baryp ýetýär.

Şikes alanlar dymyk, gyzgyn ýerlerde, günüň aşagynda, howa üýtgäp, bulutlaşyp, ýel turup, ýagyş ýagjak bolanda özlerini ýaramaz duýup başlaýarlar.

*Trawmatiki serebrasteniýa.* Bular gowşak, tiz ýadagan, iş ukyby, işdäsi peselen, şonuň üçin hortaň bolýarlar. Olar daşyndan içine gysylýan kelle agyra, başaýlanma, derlegenlige, ynjyklyga, aglaganlyga, keýpleriň pesligine nerwe goşmaça agram salynmagyna çydamsyzlyga, täze şertlere uýgunlaşmasynyň kynçylygyna, ukusynyň bozulmagyna arz edegen bolýarlar. Bulardan başga-da, ipohondriki, irizegen pikirler, biparhlyk ýüze çykýar. Çagalyk döwründe şikes alanlaryň käbirlerinde psihopatlara, newrozlara çalymdaş häsiýet bozulmalary ýüze çykyp biler.

*Trawmatiki ensefalopatiýa* (serebropatiýa) kliniki ýüze çykmalary edil serebrasteniýanyňky ýaly, ýöne şol alamatlar durnuklylygy, aýdyňlygy, gödek newrologiki alamatlaryň ýüze çykmagy bilen tapawutlanýar. Bu ýagdaýda beýniniň maňlaý, çekge bölümleri ýerli (lokal) zeperlenende, epilepsiýa çalymdaş sudoroglar ýüze çykýar. Ýene bir ýagdaýda psihosensor görnüşinde metamorfopsiýalar we beden gurluşynyň bozulan ýaly bolup duýulmasy, şeýle-de trawmatiki parkinsonizm ýüze çykýar.

Şeýle-de trawmatiki ensefalopatiýa psihopata çalymdaş häsiýet ýoýulmasynyň döremegine esas bolýar. Şonda näsag gaty ynjyk, gaharjaň, dawa-jenjele giregen, erki peselmegi netijesinde spirtli içgilere ýykgyn edegen bolýar.

*Trawmatiki demensiýa.* Bular gowşak, höwesi peselen, biparh ýa-da tersine duýdansyz topulagan (impulsiw), gyzma, oňşuksyz bolýar. Olaryň ýatkeşligi peselýär, kähalatlarda Korsakowyň sindromy ýüze çykýar.

*Bejergi.* Trawmatiki serebrasteniýada witaminleriň B topary, pantokrin bilen öz wagtynda bejergi geçirmeli, wagtal-wagtal işjeň dynç alyş, şeýle-de degidratasion bejergi geçirmek näsagyň ýagdaýyny gowulaşdyryp biler. Bejerilip gowulaşaýanda-da, durmuş ýagdaýynyň erbetleşmeginde kesel ýene-de gaýtalanyp biler.

Trawmatiki ensefalopatiýada ýagdaýyna görä bejergi geçirilýär. Göçgünli ýagdaýda karbamazepin, hlorproteksen, näsagyň tapdan

düşen ýagdaýynda gurplandyryjy dermanlar, şeýle-de somatiki ýagdaýlaryna görä bejergi geçirilýär.

Trawmatiki demensiýada serebroliziniň, sitokoliniň, korteksiniň uly mukdary, agyr ýagdaýdakylara simptomatiki bejergi bellenilýär.

**5-nji bap.**

## Garaguşagyry (epilepsiýa)

«Epilepsiýa» sözi grek dilinden terjime edilende «duýdansyz ýykylmak» diýmegi aňladýar. Türkmenlerde oňa «garaguşagyry keseli» diýilýär. Epileptiki kesel – aýratyn sudorogly tutgaýlar we näsagyň häsiýetli şahsyýet üýtgemeleri bilen geçýän dowamly keseldir. Epilepsiýa ilkinji gezek Gippokrat tarapyndan (b.e.öňki V–IV a.) ýazylan. Şeýle-de bu kesel barada Abu Aly ibn Sina hem ýazypdyr. Keseliň etiologiýasy gutarnykly anyklanylmadyk. Häzirki wagtda genetiki sebäplere aýratyn ähmiýet berilýär.

*Alamatlary.* Keseliň kliniki suratlandyrylyşy dürli-dürli. Epilepsiýadaky ähli ýüze çykmalary 4 topara bölmek bolýar: tutgaýlar, aňyň bozulmasy, keýp we akyl-paýhasyň özboluşly peselmesi bilen şahsyýetiň epileptiki üýtgemesi.

Epileptiki tutgaý, adatça, hiç hili daşky sebäpsiz duýdansyz başlanýar. Näsag bada-bat özünden gidýär we ýykylýar. Ýykylmak ähli muskullaryň duýdansyz birden toniki dartgynlylyga gelmegi bilen düşündirilýär. Ýöne tonusyň ýokarlanmagy ähli muskullar toparynda gyradeň geçmeýändigi sebäpli, köplenç näsag öňe we gapdala, seýrek ýagdaýda, arkanlygyna ýykylýar. Ýykylan wagtynda batly ses bilen gygyrmak ýüze çykyp bilýär. Toniki sudoroglar özboluşlydyr, elleri we aýaklary uzadylan ýa burulan, el-aýaklaryň muskullary, şeýle hem göwre muskullary has dartgynly bolýar. 20–30 sekuntdan soň toniki sudoroglar kloniki sudoroglar bilen çalyşýar. Ol hem el-aýaklarynyň muskullarynyň gezekleşip ýygrylyp gowşamagy, ýagny kakmagy bilen ýüze çykýar. Ýüzi agarýar, soňundan bolsa gögümtil reňke geçýär. Göreçleri giňelen, ýagtylygy duýujylygy bolmaýar. Siňir (suhožil) refleksleri ýitýär. Näsag iň güýçli gyjyndyrmalara-da jogap bermeýär.

Agyz boşlugyndan ak köpük gelýär. Köplenç, dilini ýa-da owurdynyň iç ýüzüni dişlemegi netijesinde gan gatyşykly bolýar, erksiz buşukma, seýrek ýagdaýda täret etme, ýürek togtamasy bolýar. Kloniki sudoroglar 2–4 minuda çekip, soň muskullar gowşaýar. Huşy ýitýär we näsag uka gidýär. Tutgaýlar gündiz-de, gije-de, ukuda wagtynda-da bolup bilýär. Tutgaýlaryň ýygylygy her hili: her gün, hepdede bir gezek, aýda bir gezek we ondan hem seýrek. Kähalatlarda tutgaý birnäçe sagadyň dowamynda bir-biriniň yzyndan gaýtalanýar. Tutgaýlaryň aralygyndaky arakesme şeýle bir gysga bolup, onda näsaglar aňyna aýlanyp ýetişmeýärler. Bu epileptiki ýagdaýa epileptiki status (status epileptikus) diýip at berilýär. Epileptiki ýagdaýda gyssagly çäreleri görmeli, sebäbi ol ölüme getirip bilýär. Käbir näsaglar ýakynlaşýan tutgaýy öňünden duýýarlar. Olaryň özlerini duýuşlary üýtgeýär. Umumy gowşaklyk, keýpiniň erbetleşmegi, güýçli kelle agyry, ynjyklyk ýüze çykýar. Muňa tutgaýyň öňünden bolýan alamatlary diýip at berilýär. Bu ýagdaý tutgaýdan birnäçe minut, birnäçe sagat, birnäçe gün öňünden bolýar. Köp näsaglarda tutgaýyň öň ýüzünde dowamlylygy juda gysga bolan (sekuntlar) *aura* bilen başlanýar. Aura dürli ýagdaýda bolýar. *Wegetatiw aura* wagtynda içki agzalarda duýgular, wazomotor bozulmalar ýüze çykýar. Näsagy der basýar, agarýar ýa-da gyzarýar, agyz boşlugynda guraklyk duýýar. *Sensor aura* dürli duýgular görnüşinde ýüze çykýar: garynjalar ýöreýän ýaly, sançma, awuşama, bedeniň gurşmagy ýa-da gutarylmadyk görüş, eşidiş, ys alyş we tagam beriş gallýusinasiýalary. Açyk reňkli tegmilleri, oduň ýalnyny, jaň, goh, ses, ýakymsyz ys, adaty bolmadyk tagamlary duýmak ýaly zatlary näsag tutgaýdan birnäçe sekunt öň duýýar. *Motor aura* köpsanly stereotip, garaşylmadyk hereketler – impulsiw giperkinezler bilen ýüze çykýar. Tutgaý başlamazdan öň näsag nirädir bir tarapa gaçýar, ellerini gaýmaladýar, belli bir maksatsyz hereketleri edýär. *Psihiki aurada* näsagyň emosional ýagdaýy birden üýtgeýär. Auranyň gysga döwründe näsag, köplenç, gorky duýgularyny ýa-da belli-belli ýagdaýlary keýpi-sapalygy başdan geçirýär, näsaga «ähli zat ýönekeý we aýdyň» bolýar. Tutgaýdan soň hemişe amneziýa ýüze çykyp, näsag özüne näme bolandygyny düýbünden ýatda saklamaýar.

Tutgaýdan soň köp ýagdaýlarda *amnestiki afaziýa* döreýär. Näsaglar köp zatlaryň ähmiýetini bilseler-de, olaryň atlaryny ýadyna düşürip bilmeýärler. Epileptiki tutgaý bolandygyny alamatlar topary görkezýär: tirsek bognunyň epilýän tarapynda, gözüň agynda gan öýme nokatjyklaryny görmek bolýar. Ganda leýkositozyň, peşewde belogyň bardygy ýüze çykarylýar. Patologiki refleksler (Babinskiniň, Oppengeýmiň we beýlekileriň alamatlary) ýüze çykýar. Epileptiki tutgaýyň duýdansyz we islendik ýagdaýda döreýändigi sebäpli dürli agyr zeperlenmelere getirip bilýär. Meselem, gaýnap duran gazanyň ýanynda duran wagty näsagda tutgaý döräp, ol gazanyň içine gaçyp biler.

Uly tutgaý (*grand mal*) diýlip atlandyrylýan tutgaýlardan başga-da, kiçi tutgaýlar (*petit mal*) duş gelýär. Kiçi tutgaýyň dowamlylygy adatça, birnäçe sekuntdan köp bolmaýar. Onda näsag ýykylmaýar. Olarda uly tutgaýdaky ýaly sudoroglar bolmaýar. Olar bir pursat şol bir pozada doňan ýaly bolýarlar. Ýüzleri agarýar, belli-belli muskul toparlarynda birnäçe gezek fibrilýar çekilmeler bolup bilýär. Kähalatlarda näsaglar stereotip hereketleri edýärler. Haýsydyr bir sözleri, jümleleri gaýtalaýarlar, ýerliksiz hereketleri edýärler. Kiçi tutgaý aňyň duýdansyz ýitmegi bilen utgaşýar we soňundan amneziýa ýüze çykýar.

*Aňyň gysga wagtlaýyn bozulmasy* – absans. Bu söz ýokluk diýmegi aňladýar. Näsag gysga wagtlyk (sekuntlar) aňyny ýitirýär. Mysal üçin, haýsydyr bir iş ýa-da söhbetdeşlik wagtynda näsag edil doňan ýaly bolýar, onuň garaýşy bir nokada gönükdirilen, soňundan başlan işini dowam etdirýär. Näsaglaryň özleri adatça, şeýle ýagdaýy düýmaýarlar, daş-töweregindäkiler hem olary hemişe ýüze çykaryp bilmeýär.

*Aňyň dowamly bozulmasy* – aňyň alagaraňkylykdaky ýaly ýagdaýynyň duýdansyz başlanmagy, birnäçe minutdan birnäçe sagada we ondan-da köp dowam etmegi bilen häsiýetlenýär. Bu ýagdaý, köplenç tutgaýyň deregine ýüze çykýar, şonuň üçin hem ony *tutgaýyň ekwiwalenti* diýip atlandyrýarlar. Näsaglaryň şol ýagdaýda özlerini alyp baryşlary olaryň şol wagt başyndan geçirýän gaýgy-hasratlaryna görä

anyklanylýar. Aňyň şeýle dowamly bozulmasynda gallýusinasiýalar peýda bolýar. Näsag gorkuly şekilleri görýär we şoňa laýyklykda özüni alyp barýar, gizlenýär, gaçýar, daş-töweregindäkilere topulýar. Şeýle ýagdaýdaky näsag köplenç, dürli jenaýatçylykly işleri edip bilýär. Şeýle näsaglar kazyýet psihiatriýa seljermesine iberilýär. Mysal üçin, epilepsiýadan ejir çekýän daşary ýurtly bir näsag aýratyn jaýda özüniň iki ýaşly çagasy bilen galypdyr. Ähli penjireleri we gapylary iç tarapyndan gulplapdyr. Aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmasy onda birnäçe sagatlap dowam edipdir. Haçan-da bu ýagdaý tamamlanandan soň, ol hiç ýerden çagasyny tapyp bilmändir. Polisiýa işgärleri gelip, çaganyň pejiň içinde ýanyp galandygyny görüpdirler.

Aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmasy ýagdaýynda edilen ähli kanun bozulmalar ýerliksizligi we zalymlygy bilen häsiýetlenýär. Ony amala aşyrýan näsaglar eden işlerini bilmeýär. Şonuň üçin gizlenmäge çalyşmaýar. Aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmasy ýagdaýlaryň ählisi diýen ýaly doly amneziýa bilen tamamlanýar. Näsaglar öz hereketleri barada hiç zat gürrüň berip bilmeýär.

Aňyň alagaraňkylykdaky ýaly üýtgemesine *trans ýagdaýy* hem degişli. Ol duýdansyz döräp, birnäçe günläp, hatda hepdeläp hem dowam edip bilýär. Şol wagt näsaglar özlerine hiç hili ünsi çekdirmeýärler. Olar özleriniň gitmeli ugurlaryna däl-de, şäheriň başga taraplaryna gidýärler ýa-da uzak ýollara syýahatçylyk edýärler. Mysal üçin, Aşgabatda ýaşaýan bir näsag işden öýüne gaýdyp barýarka trans ýagdaýyna düşüpdir we huşy gaýdyp gelende özüniň ýat ýerdedigini bilip, geçip barýanlardan Aşgabadyň bir köçesiniň adyny tutup, şol köçä nädip barmalydygyny sorapdyr we özüniň Aşgabatda däl-de, Maryda gezip ýörendigini bilipdir. Soň anyklanylsa, näsag trans ýagdaýyna düşüp, wokzala baryp petek satyn alypdyr we otla münüpdir. Daşyndan göreniňde adaty adamlar ýaly görünýändigi üçin oňa üns beren bolmandyr. Şeýle ýagdaý bir gije-gündiz dowam edipdir. Näsag özüne näme bolandygyny düýbünden ýadyna salyp bilmändir, Mara nädip gelendigini hem düşündirip bilmändir. Şeýle näsaglary ýakyn hossarlary ýa tanyşlary görse, olar onuň ýüzünde üýtgeşikligi duýýarlar, ýagny näsag dymma bolup, köplenç ýagdaýda ýerliksiz jogaplary

berýär. Göreçleriniň ýagta bolan duýujylygy üýtgäp bilýär, kähalatlarda patologiki refleksler ýüze çykýar. Eger näsagda trans ýagdaýy iş wagtynda ýüze çyksa, ol işini ahyryna çenli ýerine ýetirýär.

Epilepsiýadaky keýpiň bozulmasy (disforiýa) daşky sebäpsiz we duýdansyz döreýän gam-gussaly, güýçli gaharjaňlyk görnüşinde ýüze çykýar. Disforiýa duýdansyz ýüze çykyp, duýdansyz hem tamamlanýar. Dowamlylygy dürli hilli bolup, birnäçe sagatlardan birnäçe güne çenli dowam edip bilýär. Näsaglar keýpsiz bolup, ähmiýetsiz haýyşlar bilen yrsarap, gaharlanýar. Kähalatda sussupeslik esasynda has aýdyň bildirýän esassyz gorky ýüze çykýar. Disforiýada aň bozulmaýar, amneziýa bolmaýar. Daşyndan näsaglar solgun, göreçleri giňelen, ýagtylyga bolan duýujylygy peselen, derlegen, elleri sandyragan bolýar.

Wagtyň geçmegi bilen epilepsiýada döreýän şahsyýet we akyl-paýhas ýoýulmalaryny psihiki degradasiýada görmek bolýar. Bu kesellilerde psihiki hadysalaryň esasy aýratynlyklary (hereketliligiň we pikiriň haýallamasy, pikiriň süýgeşikligi, häsiýet ýoýulmalary) haýal ýüze çykýar. Sudorogly tutgaýlar näçe ýygy boldugyça, ýykylyp, beýni şikesini aldygyça häsiýet ýoýulmalary şonça hem çalt döreýär. Käbir epilepsiýa keselliler gartaşanlyk ýaşyna çenli akyl-paýhasyň ýokary derejesini saklaýarlar.

Şahsyýet ýoýulmalary aýdyň ýüze çykanda, näsaglar öz pikirlerini gysga beýan edip bilmeýärler. Olar öz ünslerini gerek bolmadyk zatlarda jemleýärler, esasyny ikinji derejeliden tapawutlandyryp bilmeýärler. Şeýle näsaglary diňlemek, bir gürrüňden başga gürrüňe geçirmek örän kyn bolýar. Olarda kiçeldilen sözleri ulanmaga ýykgynlyk ýüze çykýar. Olar süýji sözli, her bir bolgusyz zat üçin tükeniksiz köp minnetdarlyk bildiregen ýa-da köp gezek bagyşlamagy soragan bolýar. Käbir ýagdaýlarda öz mertebesini peseldip hem bilýär. Görkezilen häsiýet aýratynlyklary bilen bir hatarda diometral, gapma-garşylyklaýyn, ýagny daş-töweregindäkilere zalymlyk, diňe özüni bilmek, gazaplylyk we töweregindäkilere howp salyjylyk (agressiýa) häsiýetleri bolýar. Olar, bir tarapdan, süýji dilli, beýleki bir tarapdan bolsa, doňýürek bolýarlar. Näsaglar ownukçyl, arassaçyl we

ownuk-uşak zatlara hem üns beregen talapkär, köplenç, dawa-jenjele goşulagan bolýar. Şeýle-de olar kine saklagan, ar alagan bolýarlar.

Näsaglaryň huşy adatça, peselýär. Olara haýsy-da bolsa täze bir zady özleşdirmek kynlaşýar. Ol ýa beýleki işi ýerine ýetirenlerinde näsaglar adaty bolmadyk yhlaslylyk we tertiplilik görkezýärler. Olar bellenilen bejergileriň ýerine ýetirilişine dykgat bilen gözegçilik edip, olaryň ýerine ýetirilişindäki ujypsyzja nätakyklyga-da üns berýärler. Kähalatlarda näsaglar özlerini «Hakykat üçin göreşijiler» diýip hasaplap, daş-töweregindäkilere yrsarap, özlerini mysal hökmünde goýýarlar. Näsaglaryň hereketleri haýallaşýar ýa-da tagaşyksyz häsiýete eýe bolýar. Kesel taryhyndan göçürmäni mysal getirýäris:

Näsag 22 ýaşynda, maşgalada ilkinji çaga. Kadaly önüp-ösen. Häsiýeti boýunça ýuwaş, köpçülige goşulagan, 8 ýaşynda okamaga başlan, 8 synpy tamamlan. Soňundan slesar bolup işläp başlan. 17 ýaşynda ilkinji gezek aňyny ýitirmek bilen tutgaýlary ýüze çykan. Şol wagtdan başlap tutgaýlar aýda bir gezek gaýtalanypdyr. Käwagt tutgaýlar yzly-yzyna, gijelerine 10–12 gezek peýda bolan. Tutgaýyň öňünden näsag özboluşly duýgyny başyndan geçiren. Ony şeýle suratlandyran: «Kellämde F harpyny ýatladýan goýy ýakymly ysy duýmak bilen agyrlyk gelýär. Başga hiç zat ýadyma düşmeýär». Ol tutgaý wagty sudoroglaryň, erksiz buşukmanyň bolýandygyny daş-töweregindäkileriň gürrüňlerinden bilýär.

Kem-kemden näsagyň huşy peselip başlan. Ol mekdepde okap bilmändir. Hassahana düşmezden ozal dispanserde bejergi alan, tutgaýlaryň ýygylygy kemelen, ýöne olar doly aýrylmandyr. Içki agzalary tarapyndan patologiki üýtgeşmeler ýüze çykarylmadyk. Newrologiki statusynda ýüz muskulaturasynda ýeňil asimmetriýa ýüze çykarylan.

Psihiki ýagdaýynda näsag söhbetdeşlige höwesjeň goşulýar we özi barada gürrüň berýär, sözleri süýndürip, käwagt gerekli sözleri kynlyk bilen tapyp, haýal gürleýär. Gürleýşi monoton, sesiniň intonasiýasy birneme aýdym owazly, käwagt süýji sözli. Ýüzüniň mimikasy garyp, mähirsiz, hereketleri tagaşyksyz we haýallaşan. Köplenç, soraga gerek bolmadyk jikme-jiklik bilen jogap berýär. Näsag wagtynda nähili urşandygyny we kellesine kemer bilen urgy alandygyny gürrüň

berende, gerek bolmadyk ownuk böleklerde, jikme-jiklikde saklanýar. Näsagyň huşy peselen. Aşa jür we ykjam. Lukmanyň ähli bejergilerini we maslahatlaryny dykgat bilen aýratyn kitapça ýazýar, özüni duýşunyň ýörite gündeligini ýöredýär. Kesel döränden soň häsiýeti üýtgän. Köpçülige goşulmaýan hyýrsyz bolan, gyzyklanmalary daralan. Janypkeşlik bilen agşamky mekdepde okaýar, ýöne basa oturyp okasa-da, ykjam bolsa-da sapaklaryny kynlyk bilen özleşdirýär. Hassahanada geçirilen bejergiden soň näsagyň tutgaýlary aýryldy, häsiýetindäki aýratynlyklar üýtgewsizligine galdy.

Epilepsiýanyň ähli getirilen alamatlary şol bir näsagda ýüze çykyp bilýär, ýöne olaryň diňe käbirleriniň duş gelmegi-de mümkin. Bir ýagdaýlarda keseliň klinikasynda sudorogly tutgaýlar ýa-da aňyň bozulmalary güýçli bolsa, beýlekilerde keýpiň bozulmalary ýa-da şahsyýet ýoýulmalary, şeýle-de keseliň başynda epileptiki tutgaýlaryň agdyklyk edýän ýagdaýy hem bolýar. Soňundan olar ýitip gidýär we başga alamatlar ýüze çykýar.

Keseli anyklamak soragy çözülende epilepsiýa çalymdaş tutgaýlaryň kelle-beýniniň dürli organiki kesellerinde: beýni merezýelinde, serebral damarynyň aterosklerozynda, kelle-beýni şikeslerinde beýniniň täze döremelerinde ýüze çykyp bilýändigini göz öňünde tutmak gerek. Epilepsiýa çalymdaş tutgaýlar köplenç, çagalarda ýiti ýokanç kesellerde, gipertermiýada we zäherlenmelerde ýüze çykýar.

Kähalatlarda çagalarda tutgaýlar gurçuk inwaziýalary bilen baglanyşykly bolup, degişli bejergiler geçirilenden soň aýrylyp gidýär. Şularyň ählisini göz öňünde tutup, çagalyk döwründe epilepsiýa kesel kesgitlemesi goýlanda, aşa seresap bolmak gerek. Çagalarda we ýetginjeklerde somnambulizm (ukuda ýöremek) ýagdaýlary bolýar. Käbir awtorlar bu ýagdaýy epilepsiýanyň ýüze çykmalaryna degişli edýär. Somnambulizm uky bozulmasynyň ýüze çykmasy bolup bilýär.

Islendik lukmançylyk işgäri epileptiki tutgaýy kakyn tutgaýyndan tapawutlandyrmagy başarmalydyr. Epileptiki tutgaýyň dowamlylygy adatça, 2–5 minutdan geçmeýär. Kakyn tutgaýy bolsa sagatlap dowam edip bilýär. Epileptiki tutgaýda näsagyň göreçleri ýagtyny duýmaýar. Kakyn tutgaýynda bu ýagdaý saklanýar. Epileptiki tut-

gaýda ýüzüniň agarmagy we gögermesi bellenilýär. Kakyn tutgaýynda näsagyň ýüzüniň reňki üýtgemeýär ýa-da birneme gülgüne reňkde bolýar. Kakyn tutgaýy amneziýa bilen utgaşmaýar. Onda dilini dişlemek bolmaýar. Kakyn tutgaýynda, näsag epileptiki tutgaýda bolşy ýaly, hiç haçan agyr zeperlenmeler almaýar. Şeýle-de kakyn tutgaýynda epileptiki tutgaýdan soňky, tutgaýlaryň aralygyndaky döwürde ýüze çykýan alamatlar (kelle agyry, keýpsizlik, ynjyklyk we ş.m.) bolmaýar.

Nerw öýjükleriniň dowamly ýokarlanan gyjyndyrma ýagdaýy ýokary sudorog taýýarlykly ojagyň döremegine getirýär. Daşky we içki täsirler astynda ojakdaky gyjyndyrma kem-kemden artýar we kelle-beýniniň gabygyna we gabyk asty böleklerine ýaýraýan razrýadlar – gyjyndyrmanyň partlamasy bilen tamamlanýar, ol hem sudorog tutgaý görnüşinde ýüze çykýar.

Epilepsiýa üçin häsiýetli bolan beýniniň bioelektriki işjeňliginiň üýtgemelerini köp ýagdaýlarda ýüze çykarýan elektroensefalografiki barlaglaryň ähmiýeti uludyr.

Tutgaýyň öňüsyrasynda ganyň düzüminde madda çalşygy ýoýlup, askorbin kislotasynyň, glýutamin kislotasynyň ($B_6$ witamini) mukdary azalýar. Natriý kaliýli nasos bozulyp, beýni öýjüginde natriý artykmaçlyk edýär. Azotly işlenen önümler köpelýär. Şu we ş.m. bozulmalar nerw ulgamynyň ýokary gyjynmasyna getirýär.

*Berhiz*. Näsag ajy burç, sogan, kofe, ajy gara çaý, duzly iýmitlerden, köp suwuklyk içmekden, süýjini köp iýmekden saklanmalydyr. Günüň aşagynda, dymyk ýerlerde köp durmak, daljygyp işlemek, kompýuteriň, telewizoryň öňünde köp oturmak bolmaýar. Olar otdan-suwdan, ulaglardan seresap bolmalydyr.

*Bejergi*. Tutgaýyň görnüşlerine görä, sudoroga garşy karbamazepin, fenobarbital, depakin, antilepsin, diazepam, suksemid, lamiktal ýaly dermanlary ulanmak maslahat berilýär. Dermanlary aýlap-ýyllap, uzak wagtyň dowamynda tutgaý ojak işjeňligini ýitirýänça ulanmaly. Şeýle edilende tutgaýdan ymykly dynyp bolýar. Goşmaça magniý sulfaty bilen 40 %-li glýukozany, kähalatlarda diakarb bilen panangini bermek tutgaýyň öňüni almaga ýardam berýär.

Aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmasy ýüze çykanda, bölümiň işgärleri näsaga ýokary ugurtapyjylyk bilen ýüzlenmeli. Käbir näsaglarda ýüze çykýan hereket göçgünliligini peseltmek hökmandyr. Orta lukmançylyk işgäri, näsagy düşeginde saklamaly. Soňundan lukmanyň görkezmesi boýunça oňa köşeşdiriji neýroleptik, muskul içine sanjym edilýär. Epilepsiýa keselli näsaglar olaryň beýleki näsaglar bilen arasyndaky ýüze çykmagy mümkin bolan dawa-jenjelleriň öňüni almak maksady bilen işgärleriň gözegçiliginde bolmaly.

Şeýle keselli näsaglar harby gulluga alynmaýar.

**6-njy bap.**

# Kelle-beýniniň damar kesellerinde duşýan psihiki bozulmalar

## 6.1. Kelle-beýni damarlarynyň aterosklerozynda duşýan psihiki bozulmalar

Bu keselde patologiki hadysanyň düýp özeni kelle-beýnini iýmitlendirýän gan aýlanyş damarlarynyň daralmasyndan we olaryň diwarlarynyň dykyzlanmasyndan, umumy madda çalşygynyň bozulmagyndan ybarat. Bu bolsa beýni dokumalarynyň iýmitlenmesini bozýar we onuň kislorod bilen üpjün edilmesini peseldýär. Şonuň netijesinde kelle-beýniniň ýerine ýetirýän işiniň (işleýiş) bozulmalary ýüze çykýar. Agyr ýagdaýlarda kelle-beýnisine gan inýär ýa-da beýni dokumalary ýumşaýar. N.N.Aniçkowyň taglymatyna görä, ateroskleroza getirýän patologiki hadysanyň esasynda lipid çalşygynyň bozulmasy ýatandyr. Adamyň bedeninde dürli görnüşli ýaga meňzeş maddalar gereginden artyk toplanyp, damarlaryň örtüginiň iç tarapyna ýygnanýar. Bu bolsa damar diwarynyň birleşdiriji dokumasynyň ulalmasyna getirýär.

Kelle-beýniniň damarlarynyň aterosklerozy köplenç, 55–65 ýaşlaryndaky adamlarda peýda bolýar. Bu kesel köplenç, örgünli garahassalyk, kelläniň şikeslenmesi ýaly ýagdaýlary başdan geçirenlerde, uzak wagtyň dowamynda emosional dartgynlykda bolanlarda, holes-

terine baý bolan iýmitleri, mal ýagyny köp iýýänlerde, arakhorlarda, çilimkeşlerde, az hereketli durmuş ýörelgesini alyp barýanlarda duşýar.

*Alamatlary*. Keseliň irki döwründe kelle agyry, baş aýlanma, kellede şaňlama we agyrlyk duýmak ýaly alamatlar ýüze çykýar. Gaharjaňlyk, tiz ýadaganlyk, göwnüçökgünlik, uky bozulmasy peýda bolýar. Şular bilen birlikde-de olaryň huşy bozulyp, ýatdan çykarmak, ünsüni bir ýere jemläp bilmän aljyraňňylyga düşmek ýaly alamatlar ýüze çykýar. Esasan hem ýakynda bolup geçen we häzirki wagtda bolýan wakalary ýatlap bilmeklik peselýär. Näsaglar täze atlary, familiýalary, ýakynda okan we gören zatlaryny ýatlamakda kynçylyk çekýär. Bularyň hemmesi iş ukyplylygynyň peselmesine getirýär. Öň hiç bir kynçylyk döretmedik meseleleri çözmek indi olar üçin çylşyrymly bolýar we köp wagty talap edýär. Esasan-da, özüne nätanyş bolan täze bir zady özleşdirmek olar üçin kynçylyk döredýär. Özlerinde bolup geçýän keselli üýtgeşmelere düşünýändikleri sebäpli näsaglar bu ýagdaýy agyr başdan geçirýär. Bu bolsa, köplenç, öz janyna kast etmek pikirlerine we synanyşyklaryna getirip bilýän uzak wagtlaýyn depressiw ýagdaýlaryň döremegine sebäp bolýar. Ýokarda görkezilen alamatlaryň hemmesi kelle-beýniniň damarlarynyň aterosklerozynyň irki ýüze çykmalaryny aňladýar. Kähalatlarda bejergi almazdan, uzak wagtlaýyn dynç alyşdan soň görkezilen bozulmalaryň köpüsi ýitip ýok bolup bilýär.

Beýni damarlarynyň aterosklerozynyň ähli alamatlary kä güýçlenýär, käte-de gowşaýar. Irki döwürlerinde kesel wagtal-wagtal ýaramazlaşmak bilen uzak wagt dowam edip biler (köp aýlar we ýyllar). Ýöne bejergi işleri geçirilmese hem-de ýaramaz täsirler aradan aýrylmasa, onda kesel kem-kemden beterleşer (huşuň bozulmasy beterleşip, iş ukyplylygy peselýär). Soňra çylşyrymly zatlary pikirlenip, özleşdirmek kynlaşýar. Näsaglar has-da göwnüçökgünlige düşýärler, dabaraly sazlary diňleseler, ýakynlary bilen duşuşsalar we ş.m. hamsygýarlar. Kem-kemden kemakyllyk güýçlenip, onda huşuň bozulmasy, düşünip bilmekligiň bozulmasy ýaly ýagdaýlar esasy orun

tutýar. Muňa garamazdan, näsaglar özleriniň kesel ýagdaýdadygyna düşünýärler, şeýle düşünmeklik diňe ateroskleroz kemakyllygyna häsiýetlidir. Keseliň giçki döwürlerinde organiki newrologiki bozulmalar hem goşulýar. Näsag insult geçirse, onda psihiki işjeňligi has çalt bozulýar, kemakyllyk has aýdyň görnüşe geçýär, göwnühoşluk, gynanç-begenç çalşyp, keýpi agyp-dönüp, hapysa-sölitelik güýçlenýär, näsaglar öz ýagdaýlaryndan utanmaýar. Kähalatlarda olar diňe özüni bilýän egoist, doňýürek bolup, ähli ünslerini diňe öz talaplaryny kanagatlandyrmaga gönükdirýärler, fiziki tapsyzlyk alamatlary ýüze çykýar. Şeýle näsaglaryň özlerini oňarmaýandyklary sebäpli olara yzygiderli gözegçilik etmeli bolýar.

Aterosklerotiki marazmyň (psihofiziki işjeňligiň doly ýitirilmegi) agyr görnüşinde durnukly ysmazlaryň we ýarym ysmazlaryň netijesinde näsag kömege, ünse mätäç bolýar, çuňňur kemakyllyga düşýär, olary naharlamaly, düşekleriniň arassalygyna yzygiderli gözegçilik etmeli. Köplenç olar ýatan ýerlerine biygtyýar buşugýarlar, täret edýärler. Uzak wagtlap arkan ýatandyklary sebäpli olaryň arkasynda ýagyr ýaralar, öýkende pnewmoniýa döreýär.

Aterosklerozyň esasynda deliriý, depressiýalar, gallýusinator-paranoid görnüşli beýleki psihiki bozulmalar hem-de epilepsiýa çalymdaş tutgaýlar duş gelýär.

*Bejergi*. Keseliň ilkinji alamatlary ýüze çykan badyna birnäçe çäreleri geçirmeli: işde agyr düşýän işleri aradan aýyrmaly, zähmet we dynç alyş düzgünini berk berjaý etmeli, ukyny doly almaly, gezelenç etmeli, ýatmazdan öň ýyly wanna kabul etmeli (10–15 min. öň). Aterosklerozyň ösmegine ýardam berýän önümleri dessine azaltmaly. Süýt önümlerini, gök we miwe önümlerini köpräk iýmeli, çilimi taşlamaly. Eger ýokarda görkezilenler berk we yzygiderli berjaý edilse, onda bejergi oňat netije berýär.

Derman serişdelerinden ýodly dermanlary, askorbin kislotasyny köp mukdarda ulanmaly. Arterial basyş ýokarlananda, ony peseldýän dermanlary ulanmaly.

Aterosklerotiki psihozlar bejerilende, näsaga sindromyna görä neýroleptikleriň ujypsyz mukdaryny bermek maslahat berilýär.

## 6.2. Gipertoniýa keselinde duşýan psihiki bozulmalar

Şu keseliň geçiş döwründe psihikanyň dürli görnüşli bozulmalary peýda bolýar.

*Alamatlary*. Näsaglar kelle agyrydan, baş aýlanmadan, gulak şaňlamasyndan, güýçli ýürek urgusyndan, haşlamakdan, gaharjaňlykdan, tiz tapdan düşegenlikden, kellede gyzgyn duýmadan şikaýat edýär. Bu alamatlaryň hemmesi keseliň başlangyç döwrüne degişli. Arterial gan basyşynyň ýokarlanmasy keseliň esasy alamaty bolup durýar. Kesel kelle-beýni damarlarynyň sklerotiki üýtgemeleri bilen utgaşykly geçip, gitdigiçe näsagyň ýagdaýyny agyrlaşdyrýar. Eger serebral ateroskleroz-da kelle-beýniniň iri damarlary zeperlenýän bolsa, gipertoniýa keselinde, esasan, inçe arteriýalar (arteriollar) zeperlenýär. Şeýle ýagdaýlarda gipertoniýa ateroskleroz bilen utgaşyp geçýär. Kelle-beýni damarlarynyň sanalyp geçilen üýtgeşmeleriniň ösmegi bilen, gipertoniýa keseliniň sklerotiki döwri başlanýar. Huşuň bozulmasy, iş ukyplylygynyň peselmesi, ukusyzlyk şu döwür üçin häsiýetlidir. Näsaglarda wagtal-wagtal gorkular, howsalalar döräp biler, kähalatlarda bolsa paranoid ýagdaýlary, aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmasy ýüze çykyp biler. Şeýle ýagdaýlarda näsaglar gorkulary, gallýusinasiýalary başdan geçirip, köplenç, özlerini ters alyp baryp, öýlerinden çykyp gidýärler, özüne gelenlerinden soň bolsa, şu barada hiç zady ýatlap bilmeýärler. Gipertoniýa keselinde bolup geçýän nerw-psihiki bozulmalaryň köpüsi tolkun şekilli häsiýete eýe, ýagny näsagyň ýagdaýy gezekli-gezegine kä gowulaşyp, kä ýaramazlaşyp durýar. Bu arterial gan basyşynyň, damarlaryň tonusynyň üýtgäp durmasy bilen baglanyşyklydyr.

*Bejergi* terapewtiň we newropatologyň yzygiderli gözegçiliginde geçirilmeli.

Keseliň birinji tapgyrynda zähmeti we dynç alşy dogry gurnamak we berk berjaý etmek, tolgundyryjy ýagdaýlary aradan aýyrmak maslahat berilýär. Ukyny doly almaly, näsagyň uzak wagtlap arassa howada bolmagyny üpjün etmeli. Içegeleriň işine berk gözegçilik etmeli. Wagtal-wagtal arterial gan basyşyny ölçäp durmaly. Şu döwürde psihoterapiýany ulanmak uly peýda berýär. Arterial gan basyşyny peseltmek üçin gan basyşyny peseldýän gipotenziw dermanlary ulan-

maly. Berhiz saklanyp, süýt önümleri, gök we miwe önümleri köp iýilmeli. Arak, kofe, ajy gara çaý içmekligi bes etmeli.

Gipertoniki keseliň skleroz tapgyryndaky näsaglarda hem kelle-beýni damarlarynyň aterosklerozyndaky ýaly bejergi geçirilýär. Psihotiki ýagdaýlaryň beterleýän ýagdaýynda ýörite gözegçilik we psihiatryň gyssagly maslahaty zerur. Näsagyň psihotiki ýagdaýyna görä antidepressantlar, neýroleptikler ulanylýar.

## 7-nji bap.

## Inwolýusion psihozlar

Adamyň gartaşanlyk döwrüne birnäçe keseller mahsusdyr. Bu psihotiki üýtgeşmeleriniň kliniki suratlandyrylyşy bedende bolup geçýän ýaş üýtgeşmelerine baglydyr: madda çalşygynyň ýoýulmasy, jyns mäzleriniň işjeňliginiň peselmesi. Jyns mäzleriniň işjeňliginiň peselmesi endokrin deňagramlylygynyň bozulmagyna getirip biler. Şol döwürde näsaglaryň kellesinde we ýüzünde birden gyzyp we birden sowama, ýagny arterial gan basyşynyň ýokarlanmagy görnüşdäki wazomotor bozulmalar bolup geçýär. Bedeniň garramak (inwolýusiýa) hadysasy, adatça, has dowamly. Ony şertli iki döwre bölýärler: gartaşanlyk (presenil) 45 we 60 ýaşyň aralygynda, garrylyk (senium) 60–65 ýaşdan soň. Inwolýusion psihozlar presenil (gartaşanlyk) we senil (garrylyk) psihozlara bölünýär.

### 7.1. Gartaşanlyk (presenil) psihozlary

W.A.Gilýarowskiniň aýtmagyna görä, keseliň esasy alamatlary inwolýusion ýagdaý bilen baglanyşykly bolanda, presenil psihozlary diýilýär. Şeýle psihozlaryň klinikasynda howsala görnükli orun tutýar. Näsaglar howsalaly garaşmak duýgusyny başdan geçirýärler. Ýakyn wagtlarda hossarlarynyň biriniň öljekdigini ýa-da heläkçilige uçrajakdygyny nygtaýarlar. Kähalatlarda öz maşgalalarynyň dargamagyna özleriniň günäkärdigini tassyklap, özünden ar alynmagyna, jezalandyrylmagyna garaşýarlar. Keseliň klinikasynda ol ýa-da

beýleki alamatlaryň agdyklyk etmegine baglylykda, bu psihozlaryň şu görnüşleri tapawutlandyrylýar: presenil depressiýa we presenil paranoid, seýrek ýagdaýda presenil kakyny.

*Presenil depressiýa.* Bu kesel kem-kemden birnäçe aýyň dowamynda, käwagt bolsa birden ýiti başlanýar. Ýiti başlangyja köplenç, haýsy-da bolsa bir amatsyz ýagdaý (psihiki şikes, somatiki kesel) sebäp bolýar. Keseliň suratlandyrylyşy aýyply we özüni günäkärleme pikirleri bilen utgaşýan depressiýalardan, howsalalardan, hereket göçgünliklerinden düzülen. Näsaglaryň hemişe diýen ýaly ukusy bozulýar. Olar özlerini birahat, howsalaly duýup, gorkyny başdan geçirýärler. Köplenç bejergilerden ýüz dönderýärler, kähalatlarda bolsa olar aşgazanynyň, içegeleriniň ýokdugyny tassyklap, naharlanmakdan ýüz öwürýärler. Hatda nahardan ýüz döndermedik ýagdaýynda-da olar köp derejede horlanýarlar. Şeýle näsaglar, adatça, öz ýaşlaryndan uly görünýär. Olaryň derileri ýygyrt atyp, saçlary ir agarýar. Olar hemişe kimdir biriniň yzlaryndan gelip aýylganç jebirler çekdirmäge alyp gitmeklerine garaşýarlar. Käwagt näsaglar özleriniň iç goşlarynyň çüýräp, daş-töweregindäkileri zäherleýändikleri sebäpli özleriniň tussag edilmelidiklerini nygtaýarlar. Käbir näsaglar özleriniň öýüniň ýokdugyny, ähli ýakyn garyndaşlarynyň ýogalandygyny, bütin dünýäniň ýykylyp-ýumrulýandygyny, şoňa özleriniň sebäpkärdigini tassyklaýarlar. Kotaryň sindromy bolan şeýle näsaglarda köplenç, öz janyna kast etmek pikirleri bolýar. Olar ony duýdansyz ýerine ýetirýärler. Näsaglar öz janlaryna kast etmezden ozal «Men ýaly ezýet çekip ýörmesinler» diýip, ýakyn hossarlaryny öldürýärler. Ýöne bu ýagdaý gaty seýrek duşýar. Şeýle ýagdaýlarda näsaglary gyssagly psihiatriki hassahana ýerleşdirmek zerurdyr. Köplenç ýazyp beýan edilen ýagdaýy maniakal-depressiw psihozyň depressiw fazasyndan tapawutlandyrmak kyn. Presenil depressiýa birnäçe aýlap, seýrek ýagdaýda ýyllap dowam edip bilýär. Hatda keseliň esasy alamatlary aýrylanda-da, kelle-beýni damarlarynyň aterosklerozy esasynda intellektual we emosional ýetmezçilik galýar.

*Presenil paranoid.* Paranoidiň döremegi belli bir ýagdaý bilen baglanyşykly: işindäki, öýündäki ýakymsyzlyklar, geçirilen somatiki

keseller. Näsaglar daş-töweregindäkileriň özlerini alyp baryşlaryna şübheli garaýarlar, hemme zatda aýratyn bir üýtgeşiklik duýýarlar. Presenil paranoidiň mazmuny bolup biläýjek zatlaryň çäginden çykmaýar. Ol köplenç, näsagyň öňden dawa-jenjeli bar bolan adamlar bilen baglanyşykly bolýar. Bedendäki ýakymsyz duýgular paranoid pikirleriň mazmunyna täsirini ýetirýär. Jyns mäzleriniň işjeňliginiň peselmegine baglylykda paranoid köplenç, seksual öwüşginini alýar. Gabanjaňlyk pikirleri döreýär. Näsag erkek adam aýalyna gelen hatlary şübhelilik, müňkürlik bilen okaýar, tanyşlarynyň gelmegine şübheli garaýar. Käbir ýagdaýlarda näsaglar eşidiş gallýusinasiýalarynyň mazmunynda paranoid pikirleriniň tassyklamasyny tapýarlar. Presenil paranoid, depressiýa garanyňda, has dowamly geçýär we köplenç ýagdaýda, oňaýsyz tamamlanýar.

*Presenil kakyn* köplenç, aýallarda ýüze çykýar. Sähelçe sebäbe görä keýpi erbet gaçyp, güýçli reaksiýa berýär. Näsaglar bokurdagynda we bütin endamynda ýaramaz täsirleri duýýarlar we şolardan arz edýärler. Köplenç, olarda kakyn tutgaýlary, el-aýaklarynyň funksional ýarym ysmazlary we ysmazlary ýüze çykýar.

*Bejergi*. Presenil psihozly näsaglar psihonewrologiki hassahana ýerleşdirilmäge degişli. Öz janyna kast etmeklige synanyşyklaryny göz öňünde tutup, presenil depressiýadan ejir çekýänlere aýratyn üns bermeli. Fewarin, melipramin, tizersin, amitriptilin, galoperidol ýaly derman serişdelerini utgaşdyryp bellemeli. Paranoid görnüşde triftazin, galoperidol bellenilýär. Presenil isteriýada trioksazin, elenium, neuleptil ýaly derman serişdeleri bellenilende oňat netije berýär. Presenil psihozly näsaga psihoterapiýa geçirmek gerek. Ýagny, näsaglaryň ýagdaýyna görä trankwilizatorlar, antidepressantlar, neýroleptikler ulanylýar.

*Gözegçilik*. Bölümde şeýle kesellilere ünsli gözegçilik etmeli, sebäbi olarda aýratyn-da gam-gussa we howsalalar bilen utgaşýan hereket göçgünliligi, köplenç, öz janyna kast etmek barada pikirler bolýar. Orta lukmançylyk işgäri näsaglaryň somatiki ýagdaýyna we olaryň naharlanyşyna gözegçilik etmeli. Näsagyň nahar iýmekden çürt-kesik ýüz dönderýän ýagdaýynda emeli iýmitlendirmek usulyndan peýdalanmaly.

## 7.2. Garrylyk (senil) psihozlary

Kelle-beýniniň atrofiýasy garrylyk psihozlarynyň patologoanatomiki esasy bolup durýar. Şonuň üçin hem näsaglarda kemakyllyk artýar. Garrylyk psihozlary, adatça, 60–65 ýaşdan soň başlanýar. Ilkinji nobatda, olaryň ýady peselýär, olara täze zatlary özleşdirmek örän kyn bolup, öňki bilýänlerini-de, aýratyn hem ömrüniň soňky ýyllarynda özleşdirenlerini ýadyndan çykarýarlar. Ýat bozulmalarynyň artmagy esasynda näsaglar tanyşlarynyň, hatda ýakyn hossarlarynyň atlaryny hem ýatlaryndan çykarýarlar. Öz zatlaryny nirä goýandyklaryny ýadynda saklap bilmeýär. Köplenç, maksatsyz alňasaklyk ýüze çykýar. Olaryň käbirleri soňky ýyllaryň wakalaryny bütinleý ýadyndan çykarýar. Soňky wagtlarda näme bilen meşgullanandygy barada soralanda, ýaş wagtlary ýa-da birnäçe ýyl ozal meşgullanan işleri barada gürrüň berýärler. Olar uzak geçmişde bolup geçen wakalaryň wagtyny we mazmunyny, köplenç gowy ýatda saklaýarlar. Häzirki wagtda bolup geçýän wakalary bir wagt bolup geçenler bilen çalyşýarlar (psewdoreminissensiýa). 83 ýaşyndaky näsag irden näme bilen meşgullanandygy baradaky soraga eşege münüp, metjide gidip-gelendigini, tanyşlarynyňka barandygyny, grammofonyň astynda tans edendigini gürrüň beripdir. Ol 1930-njy ýylyň wakalaryny häzirki zamanda bolýan ýaly gürrüň beripdir. Şeýle näsaglarda köplenç, konfabulýasiýalar duş gelýär. Olar hakykatda hiç haçan bolmadyk wakalar barada gürrüň berýär. Näsaglaryň akyl ukyplary şeýle bir peselýär welin, olar daş-töweregindäki ýagdaýlaryň arasyndaky baglanyşyga düşünip bilmeýärler, olara aşa ýönekeý logiki meseleleri çözmek kynlaşýar. Olar wakalary, faktlary çalyşýarlar. Näsaglarda öz ýagdaýyna bolan tankydy garaýyş bolmaýar. Ýadyndaky bozulmalar barada aýdanyňda, olar gatyrganýar. Keýpi peselip, tutuksy pikirleri aýdýarlar, ýöne gaýgy-aladasyz bolup hem bilýärler, kesekileriň bardygyndan utanman aýdym aýdýarlar, tans edýärler. Köplenç, uky bozulmalary ýüze çykýar. Gijelerine näsaglar uklap bilmän, otaglarda gezmeleýärler, penjireleriň, gapylaryň gulplanandygyny ýa-da gulplanmandygyny barlaýarlar, sebäbi köplenç, ogrulardan heder edýärler. Ukusyz gijeden soň gündizine aşa ukuçyllyk ýüze

çykýar. Näsaglar söhbetdeşlik ýa-da nahar iýýän wagtynda uka gidip bilýärler.

*Ýitgi paranoidi.* Şu näsaglar üçin ýitgi paranoidi örän häsiýetlidir. Näsaglar öz zatlaryny gizleýärler, öýündäkileriň zatlaryny ogurlaýandyklaryna çyny bilen ynanyp, bolanja zatlaryny tanyşlarynyňka eltip goýýarlar. Huşuň aýdyň bozulmalarynyň bardygy sebäpli, olar zatlaryny nirä eltip goýandygyny ýatlaryndan çykarýarlar, şol hem olaryň talanandyklary baradaky pikirlerini berkidýär. Köplenç, näsaglar ýaşamaga hiç hili serişdesiniň ýokdugyny, şonuň üçin açlykdan öljekdigini nygtaýarlar. Olar köplenç, gerekmejek zatlary: esgileri, gaplary, çüýşeleri toplaýarlar. Hassahananyň bölümlerinde şeýle näsaglar kähalatlarda egin-eşikleriniň ogurlanmagyndan howatyrlanyp, olary düwünçege düwüp, iki elleri bilen pugta saklaýarlar. Olar hapysa we sölpi bolýar. Senil psihozly näsaglaryň köpüsiniň işdäsi gowy, käwagt bolsa ýokarlanan bolýar. Uzaklaşan döwürdäki ýagdaýlarda näsaglar çemçeden peýdalanmagy başarmaýar. Ýakynlarynyň ykbalyna parhsyz bolup, olaryň ähli gyzyklanmalary özleriniň ýönekeýje isleglериniň kanagatlandyrylmagyna gönükdirilýär.

*Ipohondriki paranoidde* näsag özüniň aşgazanynyň, içegeleriniň, bagrynyň we beýleki agzalarynyň çüýrändigini nygtaýar.

*Bejergi*: somatiki ýagdaýyna görä, düzüminde ýod saklaýan derman serişdeleri bellenilýär. Ukusyzlykda uky dermanlaryny peýdalanmak maslahat berilýär. Ýyly wannalar bellenilende, arterial gan basyşynyň ýagdaýyna gözegçilik etmeli. Bejergi hassahana şertlerinde geçirilmeli.

**8-nji bap.**

## Dogabitdi kemakyllyk

Keselleriň bu topary psihiki ösmezligiň dürli derejelerini öz içine alýar. Oligofreniýa sözi kemakyl diýmegi aňladýar. Oligofrenli näsaglarda psihiki yza galaklykdan başga-da, hemişe diýen ýaly fiziki ösmezlik bolýar. Psihiki ösmezligiň derejelerine laýyklykda ýeňil, aram we çuňňur görnüşleri tapawutlandyrylýar. Şeýle bölünme şertli

hasaplanýar. Ýagny, şu görnüşleriň arasyndaky araçägi hemişe takyk anyklap bolmaýar. Her toparyň içinde özüniň psihiki ýagdaýy boýunça biri-birinden düýpli tapawutlanýanlar bolýar. Mysal üçin, dogabitdi kemakyllygyň ýeňil görnüşiniň has ýeňil derejesi bilen kesellän näsagyň we özüniň psihiki ösmezligi bilen aram görnüşe ýakynlaşýan ýeňil topara degişli näsaglaryň akyl ukyplary has ýiti tapawutlanýar.

**Ýeňil kemakyllyk.** Ýeňil görnüşinde akyl ukyplarynyň peselmesi ýüze çykýar. Näsaglaryň köpüsi adaty mekdeplerde okap bilýär. Ýöne örän kynlyk bilen okaýarlar, şol bir synpda birnäçe gezek galmaly bolýarlar. Olary ýörite maksatnama esasynda ýöriteleşdirilen kömekçi mekdeplerde okatmak has maksada laýykdyr. Ýeňil görnüşdäki kemakyllykdan ejir çekýänlere ugurtapyjylyk we pikirlenmek kynlyk bilen başardýar. Şol bir wagtyň özünde olar edebiýatlardan bölejikleri we goşgulardan bentleri ýatlap bilýärler. Näsaglar işlemek üçin mümkinçilik berýän haýsy hem bolsa bir bilimi almaga ukyply. Olar adatça, daş-töweregindäki adamlar bilen öz arasyndaky inçe (özara) gatnaşyklara düşünmeýär. Daşky hakykatdaky esasy zatlary esasy dällerden tapawutlandyryp bilmezlik olara mahsusdyr. Olaryň aýdýan sözleri daş-töweregindäkiler üçin gülkünç eşidilýär. Näsaglar umumylaşdyryp aýdylýan gürrüňlerden, başga manyda aýdylýan sözlerden many çykaryp bilmeýärler. Olaryň pikirlenmesi belli bir takyk zatlaryň çäginden çykmaýar. Özlerine bolan garaýyşlary ýeterlik derejede tankytly däl. Olaryň köpüsi özleriniň mümkinçiliklerine aşa ýokary baha berip, özlerine duýduryş berilse, öýkeleýärler. Käbir näsaglar aşa ynanjaňlygy bilen tapawutlanýar. Antisosial elementleriň täsirine düşen şeýle näsag aňsatlyk bilen jenaýat işine baş goşýar, durmuşyň adaty talaplaryna uýgunlaşýar we çylşyrymly bolmadyk işleri ýerine ýetirýär. Olar haýsydyr bir täzeligi oýlap tapmaga, özleşdirmäge, özleriniň ýerine ýetirýän işlerini kämilleşdirmäge ukypsyz bolýar.

Umumy ösüşden galan bolsalar hem, kähalatlarda haýsy-da bolsa çylşyrymly bolmadyk, pikirlenmäni talap etmeýän bir zada ýykgyn edip, ony ýerine ýetirýärler. Mysal üçin, surat çekýärler, aýdym aýdýarlar.

**Aram kemakyllyk.** Kemakyllygyň ýeňil görnüşinden ejir çekýänler bilen deňeşdirilende, aram görnüşdäki näsaglaryň sözlük gory has çäkli. Olar diňe töwerekdäki zatlaryň atlaryny we köp ulanylýan sözleri özleşdirýärler. Köplenç, sözleri aýtmakda uly kemçilikler goýberilýär: pelteklik, düşnüksiz geplemeklik, artikulýasiýanyň bozulmagy olara mahsus.

Näsaglar adaty mekdeplerde okap bilmeýändikleri sebäpli, olar ýörite mekdeplere ugradylýar. Kähalatda olara okamagy, ýönekeýje hasaplamalary öwredip bolýar, ýöne köpüsi hatda elleriniň barmaklaryny-da sanamagy başarmaýar. Aram kemakyllykdan ejir çekýänleriň pikirlenmesi takyk görnüşde bolýar. Mysal üçin, barmaklary bilen ýönekeýje hasaplamagy öwredilen näsag şu mysaly kömeksiz çözüp bilmeýär. Bir näsag elleriniň barmaklaryny sanap bilýär, ýöne haçanda ondan aýaklaryndaky barmaklarynyň sanynyň näçedigi soralanda, ol her gezek sanamak üçin aýakgabyny çykarýar.

Aram kemakyllykdan ejir çekýän näsaglara haýsy-da bolsa bir ýönekeýje işi öwredip bolýar, ýöne olar mydama gözegçilige mätäç. Bir zähmet ussahanasynda şeýle näsaga taýýar önümi stanoklaryň ýanyndan ammara geçirmek öwredilipdir, birnäçe aýdan soň duşuşykda ol uly kanagatlanma duýgusy bilen özüniň indi zatlary diňe bir ammara daşamagy däl-de, hatda olary ulaga ýükläp bilýändigi barada gürrüň beripdir. Emosional sferasynyň ýagdaýyna görä, şeýle näsaglary iki topara bölüp bolýar. Birinji topara keýpi gowy, hoşgöwünli, gulak asyjy näsaglar, ikinji topara gaharjaň, girrik, göwnüçökgün, gahar-gazaply hereketlere ýykgyn edýän näsaglar degişli.

**Çuňňur kemakyllyk.** Şeýle näsaglarda düşnükli sözleýiş bolmaýar. Olar diňe düşnüksiz ses çykarýar, örän seýrek ýagdaýda käbir sözleri aýdýarlar. Olara haýsydyr bir endikleri öwretmek başartmaýar. Olar hatda gündelik durmuşda ulanylýan zatlary hem ulanmagy başarmaýar. Olara ýönekeýje zatlardan peýdalanmagy hem öwredip bolmaýar. Näsaglar ellerine ilen zatlary agyzlaryna eltýärler. Olar adatça, hapysa bolup, köplenç daş-töweregindäki zatlary we garyndaşlaryny tanamaýarlar. Olar hatda özlerine hemişe gözegçilik

edýänler bilen hem ysnyşyp bilmeýärler. Näsaglaryň köpüsi seslere we ýagtylyk gyjyndyrmalaryna reaksiýa berip bilmeýär. Agyryly gyjyndyryjylara birden ýüze çykýan gahar-gazaply jogap gaýtarýarlar: gygyrmaga, dişlemäge başlaýarlar, kähalatlarda öz ellerini dişleýärler. Näsaglaryň hereketleri garyp, birmeňzeş, mysal üçin, olar düşeginde oturyp, sagatlap öňe we yza çaýkanyp bilýärler. Näsaglaryň käbirleri gürläp bilmän öli ýaly süýnüp ýatýar, olary iýmitlendirmeli bolýar. Gymyldaman ýatýandyklary üçin olaryň arkasynda ýagyr ýaralar döreýär. Ýaralaryň bolmazlygy üçin aram-aram olary eýlesine-beýlesine öwürmeli, owkalamaly. Kemakyllygyň çuňňur görnüşinde köplenç, dürli görnüşdäki fiziki şikeslikler: kelleçanagyň gurluşynyň anomaliýasy, ellerindäki we aýaklaryndaky artykmaç barmaklar, içki agzalaryň anomaliýalary duş gelýär. Aýratyn-da ýygy-ýygydan dürli endokrin bozulmalar, mysal üçin, galkan görnüşli mäziň ösmezligi peýda bolýar. Bu näsaglar adatça, uzak ýaşaman, goşmaça somatiki kesellerden (ýokanç kesellerden) ýogalýarlar.

*Etiologiýasy.* Kemakyllygyň etiologiýasy dürli hili. Bu köplenç, çaganyň ejesiniň göwrelilik wagtynda haýsy-da bolsa bir ýokanç kesel, zäherlenme, agyr somatiki kesel (merezýel, garahassalyk we beýlekiler) bilen kesellemeginde düwünçege zeper ýetmesi ýa-da dogulýan pursadynda çaga ýetirilýän zeperler netijesinde döreýär. Şeýle-de çaganyň doglandan soň 3 ýaşa çenli döwürde ýokanç kesel bilen kesellemegi, zäherlenmesi, kelle-beýni şikeslenmesini almagy bilen baglylykda döreýär. Kemakyllygyň döremeginde toksoplazmoz we beýleki ýokanç wirusly keselleriň orny uludyr. Ene-atalaryň arakhorlygy hem täsirini ýetirýär. Dogabitdi kemakyllygyň käbir görnüşleri nesle geçijilik faktorlary bilen baglydyr.

Kemakyllygyň öňüni almak üçin ýaşaýşyň irki döwründe keseliň dogry we öz wagtynda bejerilmegi gerek.

*Bejergi* kemakyllygy döreden sebäbe görä näçe ir geçirilse, onuň ýeňil görnüşiniň aram we çuňňur görnüşlerine geçmeginiň öňüni almaga mümkinçilik döreýär. Kemakyllygyň ilkinji alamatlary ýüze çykanda, zähmet endiklerini ösdürmek, ýöriteleşdirilen mekdepde okatmak ýaly zerur çäreler geçirilmeli.

**9-njy bap.**

## Şizofreniýa

Şizofreniýa barada aýdylanda S.S.Korsakowyň, B.H.Kandinskiniň, E.Krepeliniň we E.Bleýleriň atlaryny ýatlaman bolmaz.

Şizofreniýa has giň ýaýran keselleriň biri bolup durýar. Dürli ýurtlarda ilatyň arasynda şizofreniýa kesellileriň sany 1–2 % aralygynda üýtgäp durýar. Şizofreniýa bolan dürli garaýyşlar bar. Şizofreniýany bölmegiň kynçylygy keseliň kliniki suratlandyrylyşynyň köpdürlüligi bilen baglanyşykly. Şizofreniýa birnäçe sindromlar häsiýetlidir: newroza çalymdaş, affektiw, katatoniki, gallýusinator paranoidli. Şular bilen birlikde şu kesele häsiýetli bolan birnäçe alamatlar has aýdyň ýüze çykýar. Olara aşakdakylar degişlidir:

1. *Pikirleriň böleklere bölünmegi* – psihiki ýagdaýlaryň bütewiliginiň ýitirilmegi. Ymtylmalarynyň, hereketleriniň, duýgularynyň hakykat bilen baglanyşygynyň ýitirilmesi, emosionallygyň peselmesi, emosional sowuklygyň, emosional kütekligiň döremegi bilen çalyşýan adekwat bolmadyk duýgular döreýär.
2. *Autizm* – hakyky durmuşdan üzňelik, öz gaýgy-hasratlar dünýäsine gark bolmagy. Autizm zerarly, näsag bilen gürrüňdeşlige girmek, söhbetdeşligi alyp barmak kynlaşýar. Näsaglar tutuksy bolýar, tanyşlaryny ýitirýär, olarda özüne analiz bermäge ýykgynlylyk ýüze çykýar.
3. *Işjeňligini ýitirmek*. Kem-kemden näsaglaryň işjeňligi peselip, olar hereketsiz, ysgynsyz, maksat-niýetsiz bolýar. Köp ýagdaýlarda näsaglaryň işjeňligi birtaraplaýyn bolýar. Näsag öz pikirine görä, zerur bejergini almak üçin keselli gaýgy-hasratlaryna gönükdirilen işjeňlik görkezip, başga şäherlere gidip, dürli guramalara ýüz tutýar, ýöne başga zatlarda düýbünden hereketsiz bolýar.

Kesel köplenç, asteniki bozulmalar bilen başlanýar. Olardaky tapsyzlyk, ýapyk howsala, gowşaklyk, höwessizlik, daş-töweregindäkileri halamazlyk bilen garamaklyk, gowy görmekligiň we ýigrenmekligiň sebäpsiz çalyşmagy käwagt garaşylmadyk we se-

bäpsiz hereketler bilen utgaşýar. Şizofreniýanyň kliniki geçişi dürli görnüşli. Keseliň geçişiniň 3 görnüşi tapawutlandyrylýar:

1. Üznüksiz – gitdigiçe beterleşýän;
2. Gaýtalanýan rekurrent;
3. Gezekden-gezege beterleşýän.

*Üznüksiz – gitdigiçe beterleşýän geçiş*, adatça, ýetginjeklik döwründen (13–15 ýaş) uly ýaşly döwre çenli aralykda başlanyp bilýär. Olara ýönekeý, gebefreniki, paranoidiň käbir görnüşi degişlidir. Hakyky remissiýalaryň, emosional-erk garyplaşmalaryň bolmazlygy bilen tapawutlanýar. Keseliň bu geçişinde kesel gowulaşma alamatsyz, üznüksiz, gitdigiçe psihopatologiki alamatlaryň ösmegi we kliniki ýüze çykmalaryň güýçlenmegi bilen geçýär. Bu geçişli görnüşde psihiki ýetmezçiligiň, ösüş derejesi boýunça, 3 görnüşi tapawutlandyrylýar: *haýal-progrediýentli (haýal geçişli şizofreniýa); aram progrediýentli we howply geçişli*.

Şizofreniýanyň üznüksiz geçýän görnüşi adatça, haýal başlanýar, şahsyýet üýtgemeleri kem-kemden artýar. Gowşak geçişli näsaglarda ýiti psihotiki bozulmalar bolmaýar, köp wagtlap keseliň ýüze çykmagy anyklanmaýar. Başda newroza çalymdaş bozulmalar, keýpiň sebäpsiz üýtgemesi, degerli sebäpler bolmadyk ýerden ýa takyklanmadyk ýerden somatiki arzlar, ýadawlyk duýgulary ýüze çykýar. Kem-kemden näsaglaryň gürrüňleriniň emosional öwüşginliligi ýitirilýär. Autizm alamatlary, pikiriň togtamasy we üzülmesi görnüşindäki ýa-da pikirleriň birbada üýşüp gelmesi, ýerliksiz akyl satma we rezonýorlyk görnüşindäki pikirlenme bozulmasy ýüze çykýar. Şeýle näsaglar iň ýönekeý maglumatlary bilmezden, filosofiýadan, ykdysadyýetden, astronomiýadan we beýleki ugurlardan ýazylan kitaplary okamaga başlaýarlar, lenç edilen hakykat barada aýlawly gürleýärler.

Olarda kem-kemden samsyklaşmak, hapysalyk, zalymlyk, ketjallyk artýar. Hossarlaryna, öz ykbalyna bolan biparhlyk bilen emosional pese gaçmak ýüze çykýar. Öňki gyzyklanmalary we ysnyşyklary ýitýär. Näsaglar okuwlaryny taşlamaga mejbur bolýar. Köplenç, olaryň iş ukyplylygy peselýär, ysgynsyzlyk, apatiýa güýçlenýär, elleri işe barmaýar, güýç-kuwwaty peselýär (Konrad). Keseliň uzaklaşan döwründe paranoid bozulmalar oýlap tapyjylyk, reformatorçylyk,

gabanjaňlyk paranoidleri, käwagt ýönekeýje yzarlanma pikirler bilen utgaşýan görnüşinde ýüze çykýar. Geçişiň şu görnüşinde käbir ýagdaýlarda geboid sindromy güýçlenýär. Muňa isleg-küýsegleriň peselmesi ýa-da tersine, olaryň artmasy häsiýetli. Şu ýagdaýlarda sergezdançylyga bolan höwes döreýär, seksual azgynlyk, serhoşluk, jemgyýetde özüňi alyp barmaklyga ters gelýän hereketler ýüze çykýar. Şeýle hem keýpiň üýtgemeleri görkezilýär.

Näsaglaryň özlerini alyp baryşlaryndaky we hereketlerindäki sowuklyk, zalymlyk, ketjallyk, daş-töweregindäkilerden üzňelik özüne ünsi çekdirýär. Adatça, işjeňligiň aýdyň peselmesi ýüze çykarylmaýar. Köplenç, bir taraplaýyn işjeňlik bellenilýär.

Şizofreniýanyň gowşak görnüşindäki geçişi otnositel amatly, ýagny işjeňligini durnukly ýitirmegi, kesel başlanandan birnäçe ýyl geçenden soň ýüze çykýar. Aýdyň kemakyllyk we emosional küteklik derejesine ýetýän şahsyýet üýtgemeleri artýar. Mysal üçin, näsag 18 ýaşynda, öz wagtynda doglan, kadaly önüp-ösen. Mekdebe 8 ýaşynda gatnap başlan, gowy okan, 10-njy synpy üstünlikli tamamlan we instituta giren, häsiýeti boýunça şadyýan, köpçülige goşulýar, çagalykda gyzamyk geçiren.

16 ýaşynda ýaz paslynda näsagda kelle agyry, ukusyzlyk ýüze çykan, okamagy kynlaşan, öňden halaýan dersleriniň ony az gyzyklandyrandygyny özi bellän. Oňa garamazdan, synaglary üstünlikli tabşyran. Tomusda dynç alan we özüni sagdyn duýan. Güýzde ýene-de kelle agyry peýda bolan, näsag gijelerine uklap bilmändir, hiç bir zat bilen gyzyklanmandyr, ol dostlarynyň arasynda horlanyp gezen. Institutda özüne şübheli seredilýän, üstünden gülünýän ýaly bolup görnen. Ertirine örän kynlyk bilen özüni öýünden çykmaga mejbur eden. Ýöne instituta barman, köçelerde maksatsyz sergezdançylyk eden. Kem-kemden parhsyzlyk we gowşaklyk artan. Uzak günläp ýerinden galman düşekde ýatan, ýuwunmandyr we saçyny daramandyr. Ýakynlaryna, aýratyn-da öň has gowy gören ejesine bolan garaýşy gödek we gaharjaň görnüşe geçen. Içki agzalary tarapyndan patologiki üýtgemeler we nerw ulgamynyň organiki keselleriniň alamatlary ýüze çykarylmandyr.

Hassahana ýerleşdirilendäki psihiki ýagdaýy: bolýan ýerinden ugur alşy dogry, wagtdan ugur alşy nätakyk. Her gün lukmana özüniň sagdyndygyny we hassahanada näme üçin saklanýandygyna düşünmeýändigini aýdýar. Günuzyn hiç zat bilen meşgul bolmaýar, maksatsyz koridoryň ugrunda gezmeleýär ýa-da düşeginde ýatýar. Hapa geýnen, saçy daralmadyk. Haýsy-da bolsa bir iş bilen meşgullanmak baradaky maslahata, adatça, hassahanada işlenilmeýändigini, okamagyň bolsa manysyzdygyny, sebäbi özüniň ýeterlik derejede köp kitap okandygyny aýdyp berýär. Rezonýorlyga meýilli. Emosional taýdan sowuk. Geljege hiç hili meýilnamalar düzmeýär.

Aram progrediýentli (paranoid) şizofreniýa, adatça 25 ýaşda we ondan ulularda başlanýar. Oňa paranoid bozulmalar häsiýetli. Özboluşly paranoidiň ýüze çykmagynyň öňüsyrasynda başlangyç döwür bolup, onda näsaglarda irizegen we beýleki newroza çalymdaş alamatlar, howsalalylyk, şübhelilik ýüze çykýar. Bu döwür birnäçe ýyllar dowam edip bilýär. Soňundan kem-kemden dürli mazmundaky paranoidler emele gelýär, keseliň paranoýal döwri ýüze çykýar. Onda adatça, gallýusinasiýalar bolmaýar. Soňundan keseliň paranoid döwri döreýär we onda paranoidiň artmagy, çylşyrymlaşmagy bilen gallýusinasiýalar, psewdogallýusinasiýalar, Kandinskiý-Klerambonyň alamaty ýüze çykýar. Köplenç, keseliň şu döwründe yzarlanma we täsir etme paranoidleri agdyklyk edýär. Mysal üçin, näsag 56 ýaşynda, kadaly önüp-ösen, şadyýan, köpçülige goşulýan, duýgur häsiýetli bolan. Saza bolan zehini ir ýüze çykan, Konserwatoriýany tamamlan, sazdan sapak beren. Durmuşa çykan. Sagdyn uly ýaşly ogly bar.

39 ýaşynda kesellän, şonda şübhelilik, hüşgärlik ýüze çykan, gaharjaň bolan, özünden dürli keselleri gözlän. Psihiatriki hassahana birnäçe gezek ýerleşdirilen. Hassahanadan çykandan soň özüni gowy duýan, işlemegini dowam etdiren. 50 ýaşynda keseli güýjän. Hassahanada bolan döwründe näsagda eşidiş gallýusinasiýalary peýda bolan. Ol Meredow diýilýäniň we onuň dostlarynyň özüniň okadan saz mekdebindäki okuwçylaryna we talyplaryna, lukmanlara merezýel keselini ýokuşdyrandygy bilen günäkärleýändikleri barada sesleri eşiden. Näsag Meredowyň özüne sorag-jogap gurnandygyny, özüni

dürli kemsidiji sözler bilen kemsidendigini, ol barada erbet aýdymlary aýdandygy üçin faşist diýip atlandyrandygyny tassyklan. Şeýle wagtlarda näsag sagatlap diýen ýaly kellesini aşak egip bir pozada durýar, onuň «günäkärlemelerini» diňleýär. Burnunyň deşiklerini pamyk bilen ýapan, sebäbi Meredow onuň burnundan daş-töweregindäkileri zäherleýän ýakymsyz ysyň gelýändigini aýdanmyş. Bir gezek oňa sorag-jogabyň tamamlanandygy we onuň hiç hili günäsiniň ýokdugy aýdylan. Ýöne biraz wagtdan soň ol ýene-de ses eşidip başlan. «Ol meniň saglygyma öwezini dolup bolmajak zyýan ýetirendigi üçin gorkdy we şonuň üçin meni ýok etmekligi karar etdi…». Şondan bäri näsag hemişe öz üstünden amala aşyrylýan ähli ganymlyklar barada habar berýän duşmanyň seslerini eşidýär. Ol sesi ýerzeminden eşidýär. Onuň şol ýerde gizlenýändigine ynanýar, onuň gaharyny getirmezlik üçin oňa iýmit iberýär. Ýerzemine düşüp, ondan rentgen enjamyny, şöhlelerini dumly-duşa serpikdirýän radiýli gaby onuň elinden almagy lukmanlardan özelenip ýalbarýar.

Keseliň ösüşiniň indiki döwri adaty ýagdaýlarda hyýaly (fantastiki) mazmunly manysyz belentlik paranoidiniň ýüze çykmagy bilen häsiýetlenýär.

Yzygiderli geçişli şizofreniýanyň howply görnüşi adatça, ýetginjeklik ýaşlarynda başlanýar we gysga wagtlaýyn başlangyç döwründen soň psihikanyň aýdyň bozulmalarynyň döremegine çalt getirýär. Köplenç, onda gebefreniki we katatoniki sindromlar duş gelýär. Gebefren sindromyna paranoid we gallýusinasiýalar bilen bir hatarda eýforiýalar we samsyklaşma görnüşdäki özboluşly affektiw bozulmalar, kemakyllygyň çalt döremegi häsiýetli. Kliniki suratlandyrylyşy polimorfizm bilen häsiýetlenýär. Näsaglar ýüz-gözlerini oýnadýar, manysyz pozalary alýar. Mysal üçin, näsag 18 ýaşynda, daýhan maşgalasynda doglan, kadaly önüp-ösen. Häsiýeti boýunça şadyýan, ýaşaýşa höwesjeň bolan, dostlary bilen wagtyny geçirmegi halan. 9 ýaşyndan mekdebe gatnap başlan. Ýetişigi ortaça bolan. Suratkeşlige bolan ukyby ir ýüze çykan. Çeperçilik mekdebini tamamlan. Hat ýazyjy bolup işlän. 17 ýaşyndaka aşa ýadamaklyk, kelle agyry, baş aýlanma ýüze çykan. Sapaklara höwesi gaçan. Surat çekmäge hem

höwesi gaçan. Ýuwunman başlapdyr. Ýoldaşlaryndan gaça duran. Maşgalasy bilen dawalaşan. Işde özüni geň alyp baran, gerek bolmadyk samsyklaç hereketler eden, stanoga arkasyny öwrüp duran we şeýle ýagdaýda işlemäge synanyşan. Bir gezek işe gitmekden ýüz dönderen, düşeginden turasy gelmän, ýorgan bilen kellesini bürän. Şeýle ýagdaýda psihiatriki hassahana ýerleşdirilen. Içki agzalary tarapyndan patologiki alamatlar ýüze çykarylmadyk.

Psihiki ýagdaýlary şeýle bellenilen: näsagyň aňy aýdyň, daş-töwereginden ugur alşy dogry, wagtdan doly ugur alyp bilmeýär. Näsaglar bilen aragatnaşyk saklamaýar, otagyň içinde ýeke özi ýöreýär. Ýerliksiz gülýär, ýüz-gözüni oýnadýar, dodaklaryny çömmeldýär, elleri bilen nähilidir bir düşnüksiz hereketleri edýär. Hassahanada bolýandygy üçin gynanmaýar. Käwagt haýsydyr bir iş bilen meşgullanmak höwesini aýdýar, surat çekmegi isleýändigi üçin kagyz we galam soraýar, ýöne şol bir wagtyň özünde-de özüne berlen kagyzy uzak wagtlap saklap gülýär, soňundan ýorganyň aşagynda gizleýär. Elinde okamaýan gazetini saklap, düşeginde sagatlap wagtyny geçirýär, daş-töweregine perwaýsyz garaýar ýa-da gözüni ýumup ýatýar. Emosionallygy peselen. Ene-atasy bilen duşuşanda, olaryň gapdalyndan geçip gidýär. Näsagyň ýagdaýy üýtgeýär: kä ol aşa gowuşgynsyz, käte aşa hereketli bolýar. Şol wagtda näz-kereşmeleri samsyklaç, köplenç, manysy boýunça özara baglanyşyksyz bolan jümleleri aýdýar, ýerde oturýar, ellerini galgadyp, özüniň «öý towugydygyny» aýdýar.

Katatoniki sindrom stupor ýa-da göçgünlilik görnüşinde ýüze çykyp bilýär. Katatoniki stuporda näsaglaryň hereketsiz pozalary dürli görnüşli bolup bilýär. Olar ýa embrional pozalary alýar (ellerini döşüne gysyp, kellesini egip, aýaklaryny garnyna ýetirip, bükülip ýatýarlar), ýa-da el-aýaklaryny süýndürip, ölen ýaly bolup ýatýarlar. Olaryň ýagdaýlaryny üýtgetmek, köplenç başa barmaýar. Näsaglarda mutizm (gürlemezlik) bellenilýär.

Kähalatlarda katalepsiýalar ýa-da «mum çeýeligi» ady bilen belli bolan ýagdaýlar anyklanylýar. Näsagyň eli ýokary galdyrylyp az-kem saklananda, ol köp wagtlap şeýle ýagdaýda doňup galýar. Näsag düşeginde bolanda, kellesini ýassykdan galdyryp uzak wagt-

lap saklap bilýär, kellesiniň arasynda boşluk bolýar, oňa «howa ýassygy alamaty» diýilýär. Näsagyň dodaklaryna ýanaşylanda ol käwagt dodaklaryny çömmeldip öňe uzadýar.

Negatiwizm katatoniki ýagdaýyň aýdyň alamatlarynyň biri bolup durýar. Näsag özüne teklip edilen hereketleri ýerine ýetirmeýär ýa-da gapma-garşylyklaýyn hereketleri edýär. Eger näsaga agzyny açmak teklip edilse, ol agzyny açmaýar ýa-da öňküden-de pugta ýumýar. Negatiwizm köplenç, nahardan ýüz öwürmeklige sebäp bolýar. Katatoniki stupor ýagdaýyndaky näsagda duýdansyz katatoniki hereket göçgünliligi ýüze çykyp bilýär. Ol şu aşakdaky esasy alamatlar bilen häsiýetlendirilýär: maksada gönükdirilmedik tertipsiz, köp aýlawly, köplenç impulsiw hereketler. Köplenç şol bir hereketleri, sözleri ýa-da jümleleri gaýtalamak bilen ýüze çykýan hereketleriň we gürleýşiň stereotipiýalary döreýär. Gürleýşiň göçgünlilik ýagdaýynda (aýratynlaşan bolup bilýär) näsaglar özara baglanyşyksyz bolan aýry-aýry sözleri, jümleleri sesli gygyrýarlar. Şeýle näsaglaryň gürleýşine düşünip bolmaýar – gürleýşi üzlem-saplam. Kähalatlarda näsaglar daş-töweregindäki hereketleri, mimikany we sözleri gaýtalaýarlar.

Göçgünlilik birnäçe minut dowam edip bilýär ýa-da ol birnäçe günlere, hepdelere çenli uzalýar. Köplenç şeýle ýüze çykmalar başlanyşy ýaly duýdansyz gutarýar. Mysal üçin, näsag 14 ýaşynda, öz wagtynda doglan, kadaly önüp-ösen, çagalykda hörezek we gyzamyk geçiren. Mekdebe 8 ýaşynda gatnap başlan. Gowy we köp okan. Häsiýeti boýunça köpçüligi halaýan, ýoldaşlary bilen dostlaşan. 12 ýaşynda kelle agyra arz edip başlan, ukusy bozulan, pikir dagynyklygy ýüze çykan, hiç zatda ünsüni jemläp bilmändir, ýakymsyz yslary duýan, naharlanmakdan ýüz dönderen, özüni günäkärleme pikirlerini, gowy egin-eşige, iýmite mynasyp däldigi barada aýdan. Öz janyna kast etmek barada pikirleri bolan. Şeýle ýagdaý birnäçe günläp dowam eden we soňundan geçen. Bir ýyl geçenden soň ýene-de kelle agyry, pikir dagynyklygy ýüze çykan. Ukusy bozulan, naharlanmakdan ýüz dönderen, hiç hili iş edip bilmedik, sagatlap bir pozada oturan, ýakymsyz yslary duýan. Köplenç, ýaşamagyň gereginiň ýokdugy

barada pikirler ýüze çykan. Öz janyna kast etmegi karar eden. Psihiatr tarapyndan görlen we psihiatriki hassahana ýerleşdirilen. Içki agzalar tarapyndan patologiki üýtgeşmeler ýüze çykarylmadyk.

Psihiki ýagdaýynda aşa haýallyk bellenilýär. Bir pozada kellesini aşak sallap, ellerini tirseginden epip, penjeleri aşaklygyna sallanan ýagdaýda sagatlap oturýar. Kellesini galdyrmaklyga synanyşylanda bada-bat garşylyk görkezýär. Isleginiň garşysyna gidip oturgyçda oturdylanda birnäçe gezek ornundan turmak teklip edilendigine garamazdan, şol oturyşyna oturýar. Günüň dowamynda ýagdaýy üýtgäp durýar. Hereket peselmesi göçgünlilik ýagdaýyna geçip, şeýle ýagdaýda näsag otagyň içinde ylgap, nirädir bir ugra gönükýär. Şol wagtda düşnüksiz sesleri çykarýar ýa-da bir-biri bilen baglanyşygy bolmadyk aýry-aýry sesleri gygyrýar. Hereketleri maksatsyz we tagaşyksyz. Bejergi geçirilenden soň, mekdepde okamaga başlan.

*Gaýtalanýan rekurrent geçiş* – bu şizofreniýanyň iň amatlysydyr. Bu geçişde kesel wagtal-wagtal gozgap, ýiti görnüşde geçýär. Birnäçe aýyň, hatda ýylyň dowamynda adam sagalan ýaly bolup gezýär, onuň psihikasy we işe ukyplylygy dikelýär. Kliniki alamatlary gaýtalanyp durýar. Bu geçişe sirkulýar, depressiw-paranoid, oneýroid-katatoniýa alamatlar toplumy degişlidir. Bu geçiş ähli şizofreniýaly näsaglaryň $^1/_4$–$^1/_3$ bölegini düzýär. Özboluşly kliniki suratlandyrmasynda aşakdakylar uly orun tutýar:

1. Affektiw bozulmalar (maniakal, depressiw sindromlary, gorky, howsala duýgusy).
2. Müňkür (paranoid) keşpli, duýguly, hyýala getirmeli.
3. Aňyň üýtgemesi;
4. Katatoniki bozulmalar.

Keseliň her gezekki gozgamalarynda şu sindromlaryň utgaşmasy bolup, ýöne olar birmeňzeş bolmadyk görnüşdedir. Gozgamalaryň arasyndaky döwürde şeýle näsaglarda uly bolmadyk şahsyýet bozulmalary: daş-töweregine bolan tutuksylyk, üzňelik, işjeňligiň peselmesi ýüze çykýar.

Keseliň bu görnüşinde oneýroid katatoniýasy häsiýetli ýagdaýlaryň biridir. Gozgamanyň başlangyjy ýiti, joşgunly, duýdansyz. Goz-

gamanyň öňüsyrasynda köplenç, ukusyzlyk, howsala, kelle agyry bolýar. Birinji tapgyryna sahnalaşdyrmak paranoidi, iki taraplaýyn ugur alma, tanamak ukybynyň bozulmasy häsiýetlidir. Näsaglara ähli bolup geçýän zatlar özleri üçin ýörite sahnalaşdyrylan ýaly, olaryň öňünde ýörite sahnalar oýnalyp, suratlar görünýän ýaly duýulýar. Daş-töweregindäki adamlarda özleriniň ýakyn adamlaryny görýärler. Şol bir wagtyň özünde-de özlerini hassahanada, şeýle-de başga bir dünýäde diýip hasaplaýarlar. Ýagdaýlarynyň beterleşmegi bilen hyýaly paranoid we aňyň oneýroid bulaşmasy ýüze çykýar. Bu ýagdaýa adaty bolmadyk açyk hyýaly başdan geçirmeler we näsagyň özüni alyp barşynyň arasyndaky gabat gelmezlik häsiýetli. Şeýle döwürde «mum çeýeligi» ýa-da substuporoz ýagdaýly katatoniki stupor ýüze çykýar, onda näsaglar daş-töwerekden üzňelikde gezýärler. Köplenç, näsag bölümde maksatsyz gezmeleýär, öz gaýgy-hasratlary barada gürrüň bermeýär. Şol bir wagtda-da bu gaýgy-hasratlaryň mazmuny fantastiki häsiýete eýedir. Käbir gozgamalaryň soňy gowulyk bilen gutarýar. Gozgamalar birnäçe hepdeläp dowam edýär. Mysal üçin, 47 ýaşly näsag, daýhan maşgalasynda doglan, kadaly önüp-ösen, ykdysatçy bolup işlän, ýiti kesellän, howsala, şübhelilik, keýpi peslik ýüze çykan. Soňundan dymma bolan, hereketi haýallaşan, köp wagtyny düşeginde geçiren, kellesini ýorgan bilen bürän, gözi ýumuk ýagdaýda bölümiň içinde gezmelän. Sagalandan soň, hamana, onuň garşysyna nämedir bir zatlar edilýän ýaly, onuň öňünde haýsydyr bir sahnalary oýnaýandyklary, sahna gurnaýandyklary, şol oýunlara gatnaşmaklyga özüniň mejbur edilýändigini gürrüň beren. Wagtal-wagtal özüni kä bölümde, käte sirkiň sahnasyny ýatladýan haýsydyr bir jaýda görýär. Bölümiň durmuşyndan käbir bölekler haýran galdyrýan şekilde fantastiki wakalar bilen utgaşýar. Daş-töweregindäkilerde näsag öz tanyşlaryny, garyndaşlaryny görýär.

Affektiw we paranoid bozulmalaryň utgaşan ýagdaýlarynda depressiw paranoid gozgamalary ýüze çykýar. Başlangyç döwri has dowamly: birnäçe aýlara çenli. Näsaglarda howsala, keýpiň peselmesi ýüze çykýar. Olar gatnaşyk häsiýetdäki paranoidleri aýdýarlar.

Depressiýa çalt artýar, adatça, howsalalylyk (ažitirlenen depressiýa) sahnalaşdyrylan paranoid (olar üçin ýörite sahnalar oýnalýar, olary

goşmaça goýlan adamlar gurşaýar, oýun gidýär we ş.m.) bilen utgaşýar. Näsaglar özlerini daş-töweregindäkiler günäkärleýän ýaly duýýarlar.

Köp ýagdaýlarda Kotaryň paranoidi (baky ejir çekmeklik) ýüze çykýar. Bu ýagdaýda näsaglar öz janyna kast etmäge meýilli bolýar. Özlerine agyr şikes ýetirmekleri mümkin. Gozgamalar birnäçe aýlap dowam edip bilýär. Affektiwligi agdyklyk edýän bozulmalar seýrek ýüze çykýar, açyk arakesmeli maniakal ýa-da depressiw ýagdaýlar ýüze çykýar. Keseliň suratlandyrylyşy diňe bir affektiw bozulmalar bilen çäklenmän, eýsem aýdyň ýa-da pesräk paranoid bozulmalaryň alamatlary, katatoniki goşundylar hem bolýar. Gozgamalardan biri aňyň alagaraňkylykdaky ýaly oneýroid bulaşmasy bilen utgaşyp gelýär.

Maniakal ýagdaýda samsyklaç hereketleriň alamatlary, utançsyzlyk, höwesiň gödek ýokarlanmasy, yzarlanma we gatnaşyk paranoidleri ýüze çykýar.

Depressiw ýagdaý iňirdegenlik, hyýrsyzlyk, elýetmezlik, howsalalylyk, yzarlanma paranoidi we psihiki awtomatizmler bilen häsiýetlenýär. Her bir soňky gozgama adatça, kliniki suratlandyryşyň çylşyrymlaşmasy bilen häsiýetlenýär.

*Gezekden-gezege beterleşýän geçiş* beýlekilerden has köp duş gelip, jahyllyk-ýigitlik döwründe başlanýar. Keseliň her gezek täzeden başlamagy bilen aralykdaky sagalan ýaly bolup gezilýän döwrüň arasy gysgalýar. Bu geçişde keseliň gozgamasy dowamly häsiýete eýe bolýar (3 ýyla çenli). Psihozlardan soň kesel ep-esli gowşaýar ýa-da hatda kesel alamatlary ýitip giden ýaly (durnukly remissiýalar), köp wagtlap sagalan ýaly bolýar. Ýöne psihozlaryň aralygynda şahsyýetiň üýtgemeleriniň we kemakyllygyň artmagy bellenilýär. Negatiw alamatlar kem-kemden çuňlaşýar, paranoid we gallýusinasiýalar bilen psihotiki bozulmalar gozgamalaryň arasyndaky döwürlerde-de ýüze çykýar. Bu görnüşdäki geçişde gozgamalaryň kliniki suratlandyrmasy dürli hili, ýöne paranoidli we gallýusinator paranoidli alamatlary bolan ýagdaý agdyklyk edýär.

Daşky ýaramaz täsirler, somatiki, psihiki şikeslenmeler netijesinde kesel duýdansyz gozgap bilýär. Bu geçişe paranoidiň käbir görnüşi, gallýusinator, şizoaffektiw, gowşak geçýän, az beterleşýän görnüşleri degişlidir.

Çagalarda şizofreniýanyň ýüze çykyşy we geçişi köpsanly aýratynlyklara eýedir. T.P.Simsonyň barlaglarynyň görkezişine görä, çagalarda hiç haçan doly görnüşdäki paranoid bolmaýar. Klinikada gijeki gorkular we özüni alyp baryş üýtgemeleri görnükli orun tutýar. Çagalarda şizofreniýa dowamly geçişe meýilli. G.Ýe.Suharýewanyň görkezmegine görä, ýetginjeklerde şizofreniýanyň soňy gowy remissiýa bilen tamamlanýar.

*Bejergi.* Bu kesel insulin, kükürt, neýroleptikler, antidepressantlar bilen bejerilýär. Bejerginiň dowamlylygy keseliň geçişine baglylykda birnäçe aýdan birnäçe ýyla çekýär. Bejergi geçirilende, onuň sindromyna görä derman serişdeleri bellenilýär: Mysal üçin, depressiýa görnüşindäkilere antidepressantlar bellenilýär: amitriptilin, melipramin, tizersin, anafranil, zoloft, pirazidol, eglonil, fewarin, flouksetin we ş.m.

Paranoid, şeýle-de gallýusinator paranoid görnüşindäkilere triftazin, etapirazin, galoperidol, klapeksol, flýuanksol, mažeptil we ş.m. bellenilýär. Şeýle-de bularyň birnäçesiniň ýagly uzaga çekýän sanjymlary hem ulanylýar (moditen-depo, klopeksol-depo, flýuanksol-depo, galoperidol-dekanat). Olar köplenç, keseliň remissiýa döwründe kesel beterleşmezligi üçin ulanylýar.

Neýroleptikler bellenilende, olaryň oňaýsyz täsirleriniň (agzynyň, gözüniň çekdirmesi, agzyndan sülekeý akmasy, titreme, saňňyldama, kararsyzlyk) ýüze çykmazlygy üçin siklodol, anaprilin ýaly dermanlar bellenilýär.

*Gözegçilik.* Şizofreniýa keselli näsaglar dykgatly garaşyk we gözegçilik edilmegine mätäç. Naharlanmakdan ýüz dönderýän näsaglary özbaşdak iýmäge ynandyrmaly, yrmaly. Kähalatlarda zonduň kömegi bilen iýmitlendirmeli bolýar. Eger şizofreniýaly näsag bir pozada uzak wagtlaýyn dursa, onda ony düşegine geçirmeli.

## 10-njy bap.

## Maniakal-depressiw psihozlar

Maniakal-depressiw psihozlar, erkeklere garanyňda köplenç, aýallarda, esasan-da ýaşlarda duş gelýär. Bu psihoz birnäçe aýratynlyklara eýedir. Birinjiden, maniakal we depressiw gozgamanyň gaý-

talanmagy. Bu gozgamalar dürli görnüşlerde geçip we gaýtalanyp bilýär. Maniakal gozgamalar açyk aralyk bolmazdan, depressiw gozgamalar bilen çalşyp bilýär. Maniakal ýa-da depressiw gozgamalaryň aralygynda birnäçe günlerden birnäçe ýyllara çenli aralyk bolup biler. Maniakal-depressiw gozgamalaryň dowamlylygy dürli hili: gozgama iki aýdan tä 10 ýyla çenli dowam edip bilýär. Kesel köplenç, depressiw gozgama bilen başlanýar. Kähalatda kliniki suratlandyrylyşynda diňe maniakal ýa-da diňe depressiw gozgamalar agdyklyk edýär. Ikinjiden, fazalaryň arasyndaky açyk aralyk psihiki saglygynyň dikeldilmegi bilen häsiýetlendirilýär. Näsaglar adatça, öňki işlerine gaýdyp gelýär we özlerini edil keselden öňki ýagdaýynda ýaly alyp barýar. Üçünjiden, gozgamalar nähili agyr geçse-de we nähili ýygylykda gaýtalansa-da, hiç haçan şahsyýet ýoýulmalary döremeýär.

Maniakal-depressiw ýagdaýlar gadymy Gresiýanyň we Rimiň lukmanlaryna-da tanyş bolupdyr. Maniakal ýagdaýyň depressiw ýagdaýdan has tapawutlanýandygy sebäpli köp ýyllaryň dowamynda bu gozgamalar iki dürli keseliň alamatlary diýlip hasaplanypdyr. Diňe XIX asyryň ahyrynda nemes psihiatry E.Krepelin maniakal we depressiw gozgamaly näsaglara uzak wagtyň dowamynda gözegçilik edipdir we şu iki fazada bolan ýagdaýyň bir keselde bolýandygyny tassyklapdyr. Şeýlelikde, E. Krepelin maniakal-depressiw psihozlar baradaky ugry döredipdir.

**Maniakal faza.** Maniakal ýagdaýdaky näsag daş-töweregindäki ähli zatlary gülgüne reňkde kabul edýär. Näsaglarda şadyýanlyk, ýokary işjeňlik bellenilýär, olar ähli zatlara ýapyşýarlar, ähli işlere goşulýarlar, batyrgaýlyk bilen taslamalar düzýärler, olary amala aşyrmaga ymtylýarlar. Hassahananyň bölüminde näsagyň gapdalyndan görünmän geçip bolmaýar. Näsag haýsydyr bir sorag ýa-da teklip bilen ýüzlenýär. Köplenç näsaglar özleriniň mümkinçiliklerine aşa ýokary baha berýärler. Mysal üçin, lukmançylyga hiç hili gatnaşygy bolmazdan, özleriniň bejergi usullaryny teklip edýärler. Kähalatda şeýle ýokary baha berijilik paranoid pikirli häsiýete eýe bolýar. Işini üstünlikli ýerine ýetirýän, bilimi boýunça hukukçy näsag maniakal gozgama wagtynda daş-töweregindäkilere özüniň ýakymly

sesiniň bardygyny we uly teatryň ýolbaşçysynyň birnäçe ýyldan bäri Karmeniň keşbinde çykyş etmegi dyzyna çöküp ýalbarýandygyny nygtaýar.

Beýleki bir näsag özüne aşyk bolmadyk hiç bir erkek kişiniň ýokdugyny tassyklaýar. Maniakal ýagdaýdaky näsaglar üçin ýokarlanan seksuallyk häsiýetli. Hassahanadan başga ýerde bolanda, olar köplenç, tötänleýin gatnaşyklara geçýärler. Uly ýaşdaky näsaglardan biri gyzyl galam bilen ýaňagyny we dodaklaryny boýap, saçlaryna gyzyl bagjyklary dakyp, saçyny boýamak üçin boýag bermeklerini talap edýär. Näsaglar maniakal ýagdaýlarda köp gürleýär, ýöne hemişe olara düşünip bolmaýar. Göz öňüne getirmeleriň geçişiniň ýokarlanmagy netijesinde kähalatlarda näsagyň gürleýşi şeýle bir çaltlaşýar welin, daşyndan üzlem-saplamlyk täsirini döredip bilýär. Näsaglar aýry-aýry sözleri we jümleleri galdyrýarlar. Olar ähli pikirlerini dilleriniň aýdyp ýetişmeýändiklerini aýdýarlar. Näsaglaryň köp gürleýändikleri sebäpli sesleri gyrylýar. Maniakal näsaglaryň ýüregedüşgünçligi daş-töweregindäkileriň gaharyny getirýär. Näsaglarda üns ýokary derejede bölünýär. Olar hiç bir işi ahyryna çenli ýerine ýetirmeýär. Örän az, kähalatlarda gije-gündiziň dowamynda 2–3 sagat uklaýarlar. Düýbünden ýadawlyk duýmaýarlar. Keýpleri adatça, şadyýan, ýöne käwagt aşa gaharjaň bolýarlar, dawa-jenjele ýeňillik bilen goşulýarlar. Mysal üçin, näsag 72 ýaşynda, maşgalada üçünji çaga, çagalykda kadaly önüp-ösen, 7 ýaşynda mekdebe gatnap başlan; gowy ukyplylygy bilen tapawutlanan, ýörite orta mekdebi we instituty üstünlikli tamamlan; ýolbaşçy-hojalyk wezipesini eýelän. Kesel ýaş döwründe başlan.

Hiç bir sebäpsiz keýpiň peselmegi ýagdaýyndaky gozgamalar ýüze çykyp, birnäçe hepdeläp dowam eden. Soňabaka gam-gussaly gozgama düýbünden başga gozgama bilen ýerini çalşan, ýagny näsagda aşa şadyýanlyk, ýokary hereketlilik, ýaňraganlyk, kararsyzlyk we irizgenlik peýda bolýar. Şeýle döwürde onuň sözüne görä, ol aşa ýakymly ýagdaýy duýan. Ähli zatlar açyk doýgun reňkde we owadan bolup görnen. Ähli adamlaryň ýüzleri owadan we mähirli. Bütin endamynda ýeňillik we gujurlylyk duýgulary bolan. Hereket etmek,

işlemek islegi güýçli, hars urup gezegen, ýadawlyk duýgusy düýbünden ýok. Gozgamalaryň aralyklary birnäçe ýyllara çeken. Şeýle döwürlerde näsag işlemegini dowam etdiren. Psihiatriki hassahana birnäçe gezek düşen. Bölümdäki ähli näsaglar bilen tanyşlyga girýär. Bada-bat lukmançylyk işgärleriniň ähli işlerine goşulyp başlaýar, näsaglara gözegçilik boýunça dürli görkezmeler we maslahatlar berýär. Öz usuly boýunça näsaglary bejermekligi lukmanlara teklip edýär. Bölümde kararsyz we irizegen, bir minut hem sesini kesmeýär, näsag hemişe kimdir biri bilen gürrüňleşýär, dawalaşýar, maslahatlar berýär. Bölümiň lukmanlary bilen söhbetdeşlige örän höwesli goşulýar. Hemişe gamsyz bolup, mydama ýylgyryp gezýär. Käwagt gyzmalyk edýär we gaharjaň bolýar. Ýöne çalt köşeşýär we ýene-de şadyýan gülmäge başlaýar. Özüniň mümkinçiliklerine we ukyplaryna aşa ýokary baha bermäge çalyşýar.

**Depressiw faza.** Näsaglar depressiw ýagdaýda ähli zady tutuksy görnüşde kabul edýär, hemişe gam-gussa duýgularyny başdan geçirýär we hiç hili daşky ýagdaýlar olaryň keşplerini üýtgetmeýär. Olar adatça, ýuwaş ses bilen haýal gürleýär, köp wagtlap kellesini aşak sallap oturýar. Hereketleri aşa haýallaşan. Haýallaşmak şeýle derejä ýetende depressiw stupory ýatladýar. Näsaglaryň ýakynlaryna we garyndaşlaryna bolan garaýyşlary üýtgeýär. Bir näsag: «Olaryň meniň çagalarymdygyny görýärin, ýöne olara bolan duýgym ýok» diýip hasrat bilen aýdýar. Muňa keselli duýgusyzlyk (anaesthesia psychica dolorosa) diýip at berilýär. Depressiw ýagdaýdaky näsaglaryň ýakynlaryna bolan gatnaşygy üýtgese, onda bu olary tolgundyrýar. Bu ýagdaý şizofreniýa keselindäki emosional küteklikde bolmaýar. Depressiw ýagdaýlarda paranoid pikirler, köplenç, özüni günäkärleme paranoidi bolup bilýär. Olar özleriniň geçen durmuşyna ser salyp, öz hereketleriniň aldawdygyny we hemmelere düzedip bolmajak zyýan ýetirendigini tassyklaýar. Kähalatlarda özleriniň näsag däl-de, diňe bir ýönekeý ýarawsyz adamdygyny, jögüsireýändigini we ş.m. aýdýarlar. Lukman bilen salamlaşanlarynda ellerini uzatmaýarlar, sebäbi özlerini oňa mynasyp däl diýip hasaplaýarlar. Näsaglar kähalatlarda ýaşamagyň geregi ýok diýen netijä gelip, öz janyna kast etmekçi

bolýarlar. Nahar iýmekden ýüz dönderýärler. Şeýle näsaglary bada-bat hassahana ýerleşdirmek zerur. Näsagyň hossarlary olaryň ýagdaýyna nädogry baha berýärler we käwagt hassahana ýerleşdirilmezligini haýyş edýärler. Olara ýagdaýyň howpludygyny düşündirmek gerek. Ýagny, öý şertlerinde näsagyň öz janyna kast etmegi mümkin. Öz janyna kast etmek synanyşyklary hassahana şertlerinde-de bolup biler, şonuň üçin hem şeýle näsaglary berk gözegçilik astynda saklamak gerek.

Depressiýanyň beterleşen döwründe öz janyna kast etmek synanyşyklary seýrek ýüze çykýar. Sebäbi olaryň hereketleri haýallaşýar, netijede, özleriniň ýüregine düwenini ýerine ýetirmek kyn bolýar. Depressiw ýagdaýdan çykýan döwründe öz janyna kast etmek howpy artýar, sebäbi bu döwürde hereketleriň peselmegi azalýar, keýpiň gam-gussaly fony bolsa heniz saklanýar. Kähalatlarda depressiýanyň beterleşen döwründe näsaglaryň göçgünlilik ýagdaýlary duş gelýär. Şeýle ýagdaýlarda olar umytsyzlanyp, öz egin-eşiklerini ýyrtýar, saçlaryny ütýär, özlerine şikes ýetirýär. Şeýle aýratyn gorkuly ýagdaýa gam-gussanyň joşgunlylygy (raptus melancholikus) diýilýär. Onuň ýüze çykmak mümkinçilikleri barada hemişe ýatda saklamak gerek.

Mysal üçin, näsag 38 ýaşynda, işlemeýär. Neslinde psihiki kesel bilen kesellän ýüze çykarylmadyk, kadaly önüp-ösen, ýetginjeklik döwründen bäri keýpiniň üýtgäp durmagyndan ejir çekýär. Özüni 3 ýyldan bäri näsag hasaplaýar. Hiç bir sebäpsiz keýpsizlik hem-de öz ýagdaýynyň çykalgasyzdygy barada pikirler ýüze çykan. Lukmana ýüz tutmakdan boýun gaçyran, öýünden çykmandyr. Birnäçe gezek öz janyna kast etmäge synanyşan. Soňky iki ýylyň içinde horlanan.

Somatiki ýagdaýynda ýüreginiň çalt urmasy, görejiniň giňelmesi we içiniň gatamasy bolan.

Psihiki ýagdaýy: bolýan ýerinden, wagtdan we daşky gurşawdan dogry ugur alýar. Ýuwaş gürleýär, kellesi aşak sallanan, ýüz keşbi gynançly. Näsag özüniň hiç haçan sagalmajakdygy, ýagdaýynyň çykalgasyzdygy, hemmeleri bizar edendigi we hemmelere agyr ýük bolýandygy baradaky pikirlere gümra. Ol ýüze çykan ýagdaý-

dan diňe bir çykalgany, ýagny özüniň ölümini görýär. Tolgunmaga we aladalanmaga mejbur edýändigi, wagtyny alýandygy üçin aýal doganynyň öňünde özüni günäkär hasaplaýar. Gam-gussaly, hereketleri haýallaşan, soraglara bir sözde jogap berýär.

Maniakal-depressiw psihoz ýeňil görnüşde geçip, maniakal we depressiw fazalaryň aýdyň ýüze çykmaýan ýagdaýlarynda siklotimiýalar barada aýtmak bolar. Diýmek, siklotimiýa bu maniakal-depressiw psihozyň ýumşak görnüşi. Keseliň şeýle ýüze çykmasynda näsaglar psihonewrologiki dispanserde gatnawly bejergi alýar. Näsaglarda iki faza yzygiderlikde duş gelse, maniakal-depressiw psihoza *sirkulýar psihoz* hökmünde garalýar. Mysal üçin, kesel maniakal fazadan başlanýar, ol tamamlanandan soň depressiw faza gelýär. Diňe şondan soň açyk döwür ýüze çykýar. Sirkulýar psihozyň has agyr görnüşinde açyk aralyk bolmazdan, bir faza beýleki fazanyň yzyndan gelýär. Depressiw ýa-da maniakal ýagdaýlardan başga-da, *gatyşyk ýagdaýlar* diýlip atlandyrylýan görnüşi bolýar, onda şol bir wagtyň özünde hem depressiw hem-de maniakal alamatlar bellenilýär. Mysal üçin, näsag gam-gussaly, özüni günäkärleme pikirlerini aýdýar, oňa garamazdan, hereketi haýallaşmadyk, göçgünli. Şeýle näsaglar köplenç, öz janyna kast etmäge synanyşýar. Muňa *howsalaly melanholiýa* (ažitirlenen melanholiýa) diýip at berilýär.

*Bejergi.* Näsagda bolup geçýän depressiw fazada melipramin, tizersin; howsalaly depressiýada amitriptilin; maniakal fazada galoperidol bellenilýär.

*Gözegçilik.* Depressiw ýagdaýdaky näsaglar hemişe lukmançylyk işgärleriniň gözegçiligi astynda bolmalydyr. Sypaýçylykly we mylakatly ýüzlenilmegi olaryň gam-gussaly ýagdaýyny ýeňilleşdirýär we köplenç öz janyna kast etmek synanyşyklaryndan saklaýar. Näsaglaryň naharlanyşyna gözegçilik etmek hökmandyr. Nahar iýmekden ýüz dönderýän ýagdaýda näsagy nahar iýmäge yrmaly, düzgün-tertibi dogry ýerine ýetirmegiň sagalmaklaryna ýardam berýändigini olara düşündirmeli. Kähalatda näsaglary naharlandyrmaly bolýar. Diňe aşa zerur bolan halatynda emeli ýagdaýda iýmitlendirilýär.

**11-nji bap.**

## Psihogeniýalar

Psihogeniýalara psihiki şikeslenmeler esasynda ýüze çykýan keseller degişli. Psihogen kesel adalgasy bilen ilkibaşda diňe kakyn (isteriki) bozulmalaryny atlandyrypdyrlar. Soňra bu kesel toparyna reaktiw psihozlar we newrozlar girizilipdir. W. A. Gilýarowskiý bu keselleri bellemek üçin «araçäk ýagdaýlar» adalgasyny teklip edipdir. Ol görkezilen bozulmalaryň psihiki kesel bilen psihiki sagdynlygyň we somatiki kesel bilen psihiki keselleriň aralygyndaky araçäk ýagdaýy eýeleýändigini nygtapdyr. Psihiki şikeslenme duýdansyz, garaşylmadyk ýaramaz täsirleriň ýa-da uzak dowam eden ýaramaz täsirleriň netijesinde döräp bilýär. Güýçli we duýdansyz betbagtçylykly täsir (ýertitreme, sil alma, ýangynlar, transport hadysalary, ölüm baradaky garaşylmadyk erbet habar we ş.m.) köplenç, affektiw şok bilen utgaşýar.

Affektiw şok reaksiýalary giperkinetiki ýa-da gipokinetiki häsiýetde bolup bilýär. Bu ýagdaýlarda hereket göçgünliligi ýa-da hereketsizlik alamatlary – stupor ýüze çykýar, ýöne olaryň dowamlylygy betbagtçylykly faktorlaryň täsiriniň dowamlylygyna bagly bolýar. Şahsyýet üçin has ähmiýetli bolan ahlak ýitgilerinde şikeslenme ýagdaýlar aýrylandan soň hem psihogen stupor birnäçe wagtlap saklanyp biler. Howply ýagdaýlarda (ýangynda) jebir çekeniň psihikasy bir ýere jemlenip, ol maksada gönükdirilen, ýerlikli hereketleri ýerine ýetirýär, ýöne soňra şol alnan şikeslenmä patologiki we yz galdyran jogap gaýtarmanyň döremegi mümkin. Has aýdyň emosional we wegetatiw bozulmalar gorky, ýürek urgulary, dem gysma, gözýaş we ş.m. görnüşde ýüze çykýar. Reaktiw ýagdaýlaryň geçişi kähalatda dowamly häsiýete eýe bolýar. Psihogeniýanyň ýüze çykmagynda psihiki şikeslenme alanyň şahsyýet aýratynlyklarynyň ähmiýeti uludyr. Aýratyn-da howsalaly, ynamsyz şahsyýetlerde (psihasteniklerde) irizegen newroz ýeňil ýüze çykýar.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, psihogen keseller iki topara: reaktiw psihozlara we newrozlara bölünýär.

## 11.1. Reaktiw psihozlar

Reaktiw psihozlar näsagda öz ýagdaýyna bolan tankydy garaýşynyň ýokdugy, ýagdaýlara nädogry baha bermegi bilen häsiýetlendirilýär. Kliniki suratlandyrylyşynda psihopatologiki sindromlar: depressiýa, paranoid, gallýusinasiýalar, aň bozulmalary agdyklyk edýär. Reaktiw ýagdaýlar köplenç, nerw ulgamy gowşak adamlarda ýüze çykýar. Reaktiw psihozlaryň döremeginde merkezi nerw ulgamyny gowşadýan ýokanç keselleriň, zäherlenmeleriň we beýleki somatiki keselleriň geçirilmeginiň ähmiýeti uludyr. Reaktiw ýagdaýlar göwrelilik döwründe, dogrumdan soňky we inwolýusion döwürlerde döräp bilýär. Keseliň ýüze çykmagy psihiki şikeslenmäniň häsiýetine, onuň güýjüne we dowamlylygyna bagly. Psihiki şikeslenme netijesinde ýüze çykan keseliň kliniki suratlandyrylyşy dürli hili bolýar. Olar ýiti reaktiw psihozlara we dowamly geçýän reaktiw psihozlara bölünýär.

**Ýiti reaktiw psihozlar,** köplenç, ýertitremelerden, sil almalardan, uly ýangynlardan, terrorçylykdan, partlatmalardan duýdansyz ölüm-ýitim habarlaryndan, janyňa howp salýan ýagdaýlardan soň ýüze çykýar. Ýiti reaktiw psihozlar iki görnüşde bolýar: reaktiw göçgünlilik we reaktiw stupor.

*Reaktiw göçgünlilik.* Şu ýagdaýa düşen adamlar psihomotor göçgünlilik döremegi sebäpli, haýsy hem bolsa bir tarapa maksatsyz wägirip, gygyryp, okdurylyp gaçýarlar, olaryň sözlerinde ugur-utga bolmaýar.

*Reaktiw stupor* ýagdaýy garaşylman durka juda erbet habarlar, şol sanda ýakynlary barada ölüm-ýitim habarlar eşidilende döreýär. Şu ýagdaýa düşen adamyň hereketi kesilip, ol doňup galýar, gürlemekden kesilýär. Ýokarda agzalan ýagdaýlar gysga wagtlaýyn bolup, geçip gidýänligi bilen häsiýetlenýär.

**Dowamly geçýän reaktiw psihozlara** reaktiw depressiýa, reaktiw paranoidler we isteriki psihozlar degişlidir.

**Reaktiw depressiýa.** Adatça, psihiki şikeslenmeden 3–5 gün geçenden soň artyp başlaýar. Kähalatda agyr psihiki şikeslenmeden soň gysga wagtlaýyn stupor ýa-da hereket birahatlygy görnüşdäki affektiw-şok reaksiýalar ýüze çykyp bilýär. Näsag, betbagtlyk ba-

rada soraglara  hereketsiz bolup, jogap bermeýär, ýüzünde gorky alamatlary bolýar ýa-da maksatsyz iki ýana urunýar, maksada laýyk gelmeýän hereketleri edýär, daş-töweregindäkilere üns bermeýär. Şeýle ýagdaýlar birnäçe minut dowam edýär. Soňundan kliniki suratlandyrylyşynda depressiýa agdyklyk edýär. Näsaglaryň gürrüňleri keseli ýüze çykaran psihiki şikeslendiriji ýagdaýlar bilen baglanyşykly bolýar. Reaktiw depressiýanyň ýüze çykmagyna köplenç, ýakyn adamlarynyň ölümi sebäp bolýar. Näsagdaky hasrat gam-gussa duýgusyny artdyrýar. Näsaglar özlerini tolgundyryjy temalar barada höwesli gürrüňdeş bolýarlar, duýgudaşlyk edilmegini isleýärler. Adatça, olaryň ukusy bozulýar. Düýş görmeleriň mazmuny psihiki şikeslenmäniň ýagdaýy bilen bagly bolýar. Näsaglaryň gallýusinator gaýgy-hasratlarynda-da şol tema esasy orny eýeleýär. Mysal üçin, näsag adamsynyň ýogalandygy baradaky habary eşidipdir, bu habar onuň çagasyny emdirýän döwrüne gabat gelen. Näsagda bada-bat süýt inmesi kesilipdir. Onda öz janyna kast etmek baradaky pikir ýüze çykypdyr, ukusy bozulyp, gam-gussa duýgularyny, ýüreginiň töwereginde basylýan we gysylýan agyrylary başyndan geçiripdir. Habar alandan iki hepde geçenden soň, ol penjiräniň kakylýan sesini eşidipdir we adamsyny görüpdir. Näsag ylgap köçä çykypdyr, ýöne penjiräniň ýanynda hiç kim ýok eken. Ol jaýyň daşynda ylgamaga, adamsyny çagyrmaga başlapdyr. Şeýle görüş we eşidiş gallýusinasiýalary 2 aýyň dowamynda her gün diýen ýaly gaýtalanypdyr.

Kem-kemden näsagyň ýagdaýy gowulaşypdyr we biraz wagt geçenden soň, ol işläp başlapdyr. Reaktiw depressiýada hereketiň haýallaşmagy köplenç, gysga wagtlaýyn häsiýete eýe bolýar.

**Reaktiw paranoid.** Näsaglarda psihiki şikeslenmeler netijesinde dürli görnüşli paranoidler peýda bolýar. Köplenç, yzarlanma paranoidi duş gelýär. Näsaglar özleriniň yzarlanýandygyny, özlerine zyýan ýetirmek islenýändigini nygtaýarlar. Bu paranoid şizofreniýadaky yzarlanma paranoidinden mazmunynyň belli bir çäkden çykmaýandygy bilen tapawutlanýar. Näsagyň aýtmagyna görä, ony yzarlaýan adamlar onuň bilen öň dawa-jenjelde bolan

6. Sargyt № 2342

adamlar bolup çykýar. Näsaglaryň emosionallygy, köplenç, birneme ýokarlanan bolýar.

**Isteriki (kakyn) psihozlary** adatça, näsagyň jany üçin, azatlygy üçin howp döredýän psihiki şikeslenmeler esasynda ýüze çykýar. Kesel aňyň kakyn bozulmalary bilen häsiýetlenýär. Olara *puerilizm* degişli. Näsag özüni kiçijik çaga hasaplap, gurjak oýnamaga ýa-da taýajykda bökmäge başlaýar. Gürleýiş äheňinde, özlerini alyp baryşlarynda näsaglar kiçijik çagalaryň hereketlerini edýärler. Mysal üçin, 50 ýaşly näsag lukman aýlanýan wagtynda ondan özüni götermegini haýyş edipdir. *Psewdodemensiýalarda* (ýalan kemakyllyk) näsaglar has ýönekeý soraglara ýerliksiz jogaplary berýärler. Näçe ýönekeý sorag berseň, şonça-da ýerliksiz jogap alyp bolýar. Ýüz keşbi edil akmagyňka çalymdaş bolýar. Olar gözlerini petredip, maňlaýyny janygyp ýygyrýarlar. Ylymly-bilimli bolsalar-da, ýönekeýje goşmak-aýyrmagy çözüp bilmeýärler.

*Ganzeriň sindromy.* Bu sindromda näsaga bir sorag berilse, ol başga zat jogap berýär. Mysal üçin, näsag «Adyň näme?» diýen soraga «Haladyň owadan eken» diýip jogap berýär.

Puerilizmdäki, psewdodemensiýalardaky we Ganzeriň sindromyndaky ýüze çykmalar hepdeläp, aýlap dowam edip bilýär. Ýöne keseliň döremeginiň sebäbi aradan aýrylanda, näsagyň ýagdaýy tiz gowulaşyp, olar şu ýagdaýdan çykýarlar.

*Reaktiw ýagdaýlaryň bejergisi* keseliň ýüze çykmagyna getiren psihikany şikeslendirýän ýagdaýyň aradan aýrylmagyny talap edýär.

Kähalatlarda näsagy hassahana ýerleşdirmek zerurdyr. Eger näsagyň ýagdaýy özi üçin, töweregindäkiler üçin gorky döretmese we psihikasyny şikesleýän ýagdaýyň ýüze çykan ýeri ony şikeslemegi dowam etdirýän bolsa, onda oňa ýaşaýan ýerini üýtgetmek maslahat berilýär. Ähli ýagdaýlarda onuň ünsüni sowmak üçin haýsydyr bir işi teklip edýärler. Reaktiw ýagdaýlarda umumy berkidiji bejergiler ulanylýar. Psihoterapiýa hem üstünlikli peýdalanylýar. Derman serişdelerinden etaperazin, stelazin, galoperidol, depressiýalarda amitriptilin bellenilýär.

## 11.2. Newrozlar

Stresde (patogen) faktoryň täsiri astynda ýüze çykýan ýokary nerw işjeňliginiň bozulmasy newrozyň döremegine getirýär.

Köp ýagdaýlarda newrozlaryň sebäbi diňe bir patogen gyjyndyryjylaryň absolýut güýjüne bagly bolman, eýsem psihiki şikeslenme wagtynda keselläniň ýokary nerw işjeňliginiň funksional ýagdaýyna bagly bolýar. Şeýle hem nerw ulgamyny gowşadýan zyýan ýetiriji faktorlaryň (somatiki keseller, aşa ýadawlyk, ukyny doly alyp bilmezlik, endokrin bozulmalar, arakhorluk we ş.m.) täsiri uludyr. Newrozlaryň esasy kliniki görnüşlerine: newrasteniýa, kakynly newroz we irizegen ýagdaýly newroz degişlidir. Somatiki keselleriň, beýni damarlarynyň zeperlenmeleriniň we kelle-beýni şikesleriniň netijesinde we ş.m. sebäplere görä ýüze çykýan newrozlary ýatladýan kesellere newroza çalymdaş keseller diýilýär. Şeýle ýagdaýlarda bejergi esasy keseliň galyndylaryny ýeňip geçmäge gönükdirilen bolmalydyr.

**Depressiw newroz.**

Bu newrozyň bir görnüşi bolup, somato-wegetatiw bozulmalar bilen utgaşyp geçýär. Näsagyň keýpi gitdigiçe peselýär, ukusy bozulýar, gijelerine aňsat ýatyp bilmeýär, oýansa uklap bilmeýär, uklaýsa-da ir oýanýar, ýüreginiň çalt urmasy howsala bilen geçýär. Hemişe psihikany şikeslendirip durýan aladalary bolýar. Maşgalasynda rahatlyk tapmasalar, işe gidip köşeşýärler, işde rahatlyk bolmasa-da, öýe gelip rahatlanýarlar.

Depressiw newrozda näsaglaryň geljege umydy üzülmeýär, beterleşende, olar sähel zada aglap duragan bolýar. Psihikany şikeslendirýän ýagdaýlar barada gürrüň edilende bolsa, olar has-da beter aglaýarlar. Şeýle-de depressiw newrozly näsaglaryň hereketi haýallaşýar. Näsaglar özüne ýük bolýan meseleler barada ýat adamlara gürrüň berip, ýagdaýlaryny ýeňilleşdirýärler.

**Ipohondriki newroz.**

Newrozlaryň bu görnüşi köplenç halatda depressiýa bilen utgaşyp gelýär. Newrozyň şu görnüşinde ipohondriýa alamatlary newrozyň umumy alamatlaryndan saýlanyp öňe çykýar, ýagny näsaglar ke-

sel ýok ýerden o ýerimde, bu ýerimde kesel bar diýip, bir lukmandan beýleki bir lukmana gatnaýarlar.

### 11.2.1. Newrasteniýa

Newrasteniýany özbaşdak kesel hökmünde newrasteniki sindromdan tapawutlandyrmak zerur. Newrasteniki sindrom, köplenç kelle-beýniniň dürli organiki kesellerinde, mysal üçin, beterleşýän paraliç-ysmazda, kelle-beýni merezýelinde, kelle-beýni damarlarynyň aterosklerozynyň başlangyç döwürlerinde, şeýle hem agyr somatiki we ýokanç keselleri geçirenlerde we onuň galyndy ýagdaýlarynda duş gelýär. Ýaramaz emosional gaýgy-hasratlar bilen utgaşyp gelýän uzaga çekýän ýadawlykda (tolgunma, gorky, yzygiderli gaýgy-hasrat, howsalaly ýagdaýda bir zada garaşmak, ýerine ýetirýän işine höwesiniň bolmazlygy we ş.m.) newrasteniýa ýüze çykýar. Tolgunma we biynjalyklyk bilen bagly bolup, ünsüň bir zatdan başga bir zada geçip durmagyny talap edýän işler ýerine ýetirilende hem newrasteniýanyň ýüze çykmagyna şert döreýär. Şeýle-de bedeni gowşadýan ukynyň yzygiderli bozulmasynda, iýmitlenmegiň bozulmasynda, dowamly zäherlenmelerde (alkogolly içgileri çendenaşa köp ulanmak, çilim çekmek) hem newrasteniýa ýüze çykyp bilýär.

*Alamatlary we geçişi.* Nerw ulgamynyň aşa gyjyndyrylmasy we şol bir wagtyň özünde tiz döreýän iglemesi bilen aýdyňlaşýan, gaharjaňlykly gowşaklyk diýip atlandyrylýan ýagdaý newrasteniýanyň esasy alamaty bolup durýar. Bu alamat näsagyň psihiki işjeňliginiň akyl-paýhas, emosional we erk sferasynda ýüze çykýar. Näsaglar sähelçe duýduryşlara ýa-da başga daşky gyjyndyryjylara has joşgunly gykylykly, gahar-gazaplylyk, paýyş sögünçler bilen jogap berýär. Ýöne tiz köşeşýär, köplenç, aýdan sözlerine, özüni alyp barşyna ökünýär. Käwagtlar ýüregi gysyp aglaýar, özüne erk edip bilmeýändiginden, takaty ýetmeýändiginden zeýrenýär. Sustupesligiň, apatiýanyň agdyklyk edýän ýagdaýlary seýrek duş gelýär. Näsaglar daş-töweregindäkilere bolan gyzyklanmasyny ýitirýär, az inisiatiwaly bolýar, çalt ýadamaklygyň netijesinde işjeňlik ukyby has hem pesel-

ýär. Aýratyn-da, dartgynly ünsi talap edýän işleri ýerine ýetirmek kynlaşýar. Näsaglar köplenç, huşunyň peselmegine şikaýat edýärler. Huşuň obýektiw barlagynda onuň bozulmalary ýüze çykarylmaýar, ýöne işjeň ünsüň peselmeginiň alamatlary aýdyň görünýär. Uky bozulýar, ol ýüzleý bolup, köplenç, ýakymsyz düýş görmeler bilen utgaşýar. Uky gerekli dynjy doly bermeýär, şonuň üçin näsaglar ertirine özlerini gowşak, ukuçyl duýýar we kynlyk bilen turýar. Köplenç, kellesi daşyndan içine gysylan görnüşdäki duýgular bilen ýüze çykýan kelle agyra, ýürek sançmalaryna, ýürek tutgulara, gulak şyňňyldysyna, baş aýlanma, gözüniň öňündäki gara tegmillere şikaýat edýär. Näsaglarda köplenç, jynsy gatnaşyk höwesi peselýär.

*Tapawutlandyryş kesel kesgidi.* Newrasteniýanyň kesel kesgitlemesini somatogen gelip çykyşly asteniki ýagdaýlardan tapawutlandyrmak zerur. Somatogen gelip çykyşly asteniki ýagdaýlaryň anamnezinde ýakynda geçiren somatiki ýa-da ýokanç keselleriň (dümew, bronhopnewmoniýa, içgeçme we beýlekiler) bolandygyny, şeýle hem psihiki şikeslenme baradaky maglumatlaryň hem-de nerw ulgamynda dowamly dartgynlyk ýagdaýynyň ýokdugyny görkezmek möhüm. Beterleşýän paraliç-ysmazyň başlangyç döwründäki newrasteniki sindrom şu kesel üçin häsiýetli bolan şahsyýetiň etiki we ahlak aýratynlyklary, ýeňles hereketlere meýillilik, tankydy garaýşyň peselmegi bilen häsiýetlenýär. Serebral aterosklerozly näsaglarda newrasteniki ýüze çykmalardan başga-da, hamsykmaklyk, huşuň bozulmagy we şu kesele mahsus bolan somatiki ýüze çykmalary (arterial gan basyşynyň üýtgäp durmagy, özünden gitme ýagdaýlary) bolup geçýär. Şizofreniýanyň başlangyç döwründäki newrasteniki ýüze çykmalar köplenç, bu kesele häsiýetli bolan autizm, daş-töweregindäkiler bilen söhbetdeşligiň bozulmagy, pikirleriniň üýtgemeleri ýaly şizofreniýa keselli näsaglar üçin häsiýetli bolan alamatlar bilen utgaşýar.

*Bejergi.* Zähmetiň we dynç almagyň tertibini saklamak, goşmaça agram beriji işlerden boşatmak, mümkin boldugyndan ýakymsyz, emosional gaýgy-hasratlaryň sebäplerini aradan aýyrmak zerur. Ýokary depginli işiň keseliň esasy sebäbi bolup bilmeýändigini näsaga düşündirmeli. Umumy berkidiji bejergiler, wagtly-wagtynda iýmitlen-

mek, dowamly uky, bir-iki sagatlap açyk howada bolmak, witaminler zerur. Ukyny kadalaşdyrmak, togtama hadysalaryny berkitmek üçin trankwilizatorlar (elenium, diazepam, tazepam, fenezepam we beýlekiler), neýroleptikleriň az mukdary we rahatlandyryjy täsirli antidepressantlar bellenilýär. Fizioterapiýalar: ýyly, duzly, pürli dermanlyk ösümlikleriň ekstraktyndan wannalar, uklamazdan ozal näsaga aýaklaryny gyzgyn suwda saklamak bellenilýär. Kähalatlarda, aýratyn-da keseliň irki döwürlerinde näsaglary wagtlaýyn (3–4 hepde) işden ýa-da okuwdan boşatmak zerur. Keseliň başlangyç döwründe, aýratyn-da newrasteniýanyň agyr ýagdaýlarynda näsagy daşky psihiki şikeslenme täsirlerinden çetleşdirip, hassahana bejergä ibermeli. Hassahana bejergisinden soň dynç alyş öýlerine ýa-da şypahana şertlerindäki dynç alşa ugratmaly. Aýdyň gowşaklykda, apatiýalarda umumy berkidiji bejergiler bilen bir hatarda, stimulirleýji serişdeleri, elektrotok, pantokrin, hytaý limonnigi, B toparyndan bolan witaminler, fizioterapewtiki usullardan Şarkonyň duşy, serpilýän duş, ertirki maşklar, arassa howadaky gezelençler, sport oýunlary bellenilýär. Newrasteniýanyň dowamly geçişinde yzygiderli ýeňil zähmet bellenilýär.

### 11.2.2. Kakynly (isteriki) newroz

Bu kesel öz adyny «hystera» (ýatgy) diýen grek sözünden alypdyr. Gadymy Gresiýada bu keseli ýatgynyň bedende agyp-dönüp durmasyna bagly diýip hasaplapdyrlar. Diňe I.P.Pawlowyň işleriniň esasynda, kakyna (isteriýa) hakyky ylmy taýdan düşünmäge mümkinçilik döredi. Kakynyň klinikasy örän köp dürli. Onuň käbir ýüze çykmalary beýleki keselleriň alamatlaryny ýatladýar. Şonuň üçin kakyny «Beýik öýkünjeň» diýip atlandyrýarlar. Kakynyň esasy ýüze çykmasy: kakyn tutgaýy, wegetatiw we sensohereket bozulmalary. Kakyn tutgaýy haýsydyr bir daşky gyjyndyryjylar, aýratyn-da näsagyň psihikasyny zeperleýji ýa-da geçmişdäki ýakymsyz gaýgy-hasratlaryny ýatladýan ýagdaýlar bilen baglanyşykly bolýar. Kakyn tutgaýynda näsaglaryň hereketlerinde haýsydyr bir yzygiderliligi anyklamak mümkinçiligi bolmaýar. Bu näsagyň hereketleriniň onuň başdan ge-

çirmelerini şöhlelendirýändigi bilen baglanyşyklydyr. Onda näsagyň aňy doly ýoýulman, az-kem daralýar. Şonuň üçin belli bir derejede onuň daşky ýagdaýlara bolan jogaby saklanýar. Kakyn tutgaýynyň dowamlylygy birnäçe minutdan birnäçe sagada çenli çekýär. Eger-de näsagyň daşynda adamlar bar bolsa, tutgaý has dowamly bolup biler. Kakyn tutgaýlary adatça, gündizine ýüze çykýar. Bu näsaglar ýykylanda epileptiki tutgaýdaky ýaly agyr şikeslenmeleri almaýar, sebäbi olar syrygyp ýykylýar. Kakyn tutgaýynda göreçleriň ýagta bolan duýujylygy saklanýar, beýleki refleksleri hem ýüze çykýar. Bir näsagda kakyn tutgaýy onuň gözegçilik edýän çagasynyň, gözüniň öňünde, suwa gark bolandan soň başlanýar. Tutgaý wagtynda onuň aňy daralan. Ol ýerde çabalanyp, elleri bilen edil kimdir birini tutjak we saklajak bolýan ýaly hereketleri edýär. Tutgaý bir sagada golaý dowam eden. Soň tutgaýlar her gezek çagalara gözegçilik etmek barada gürrüňler edilende ýüze çykan. Kakyn tutgaýlary ýürek tutgularyny, özünden gitmeleri, haýsydyr bir somatiki keselleri ýatladyp bilýär.

Kakynly newrozda hereket we duýujylyk bozulmalary duş gelýär. Parezler we paraliç-ysmazlar (monoplegiýa, paraplegiýa, gemiplegiýa, giperkinezler) ýüze çykýar. Kakynly paraliç-ysmazda muskullaryň tonusy üýtgemeýär. Siňir refleksleri ýüze çykýar. Patologiki refleksler, atrofiýalar bolmaýar. Paraliç-ysmazyň klinikasynda merkezi we çetki nerw ulgamlarynyň organiki zeperlenme alamatlary bolmaýar. Astaziýa-abaziýa kakyn üçin häsiýetli bolan hereket bozulmalarynyň özboluşly alamaty bolup durýar, onuň mazmuny şundan ybarat: näsag düşeginde barlanan wagty aýaklaryndaky hereket we koordinator wezipeleriň saklanmagynda durup we ýöräp bilmeýär. Kakynda giperkinezler dürli görnüşdäki häsiýetlere eýe: elleriniň, aýaklarynyň, bütin bedeniniň sandyramasy. Anasteziýa görnüşdäki duýujylygyň bozulmasy üçin duýujylyk bozulma çäginiň duýujylyk geçirijiliginiň anatomiki ýaýramagyna gabat gelmeýändigi bilen häsiýetli bolýar. Mysal üçin, kakynly gemianesteziýada duýujylygyň bozulmak araçägi berk orta çyzygyň üsti bilen geçýär. «Tegmil» görnüşindäki anesteziýalar ýygy duş gelýär. Gürleýşiň isteriki bozulmasy: mutizm (lallyk), sakawlama, afoniýa (ses çykarmanyň peselmesi) ýa-da ker-

lallyk (surdomutizm) seýrek duş gelýär. Kakynda aşgazan-içege ýollarynyň bozulmasy: gaýtarmak, içegeleriň parezi, synçgylawuk duş gelýär. Kakyn körlügi (amawroz), gabak muskulynyň çekilmesi (blefarospazm) seýrek duşýar.

*Kakynyň patofiziologiki esaslary.* I. P. Pawlowyň barlaglaryna görä, kakyn kelle-beýni gabygynyň gowşaklygynda ýüze çykýar, ol hem gabyk astynyň aşa hereketlenmesine we birinji habar beriş ulgamynyň agdyklyk etmegine getirýär. Kakynyň köp alamatlary şunuň bilen düşündirilýär.

Kesel üçin häsiýetli bolan dürli bozulmalar gabyk öýjüklerindäki ýeňillik bilen döreýän durnukly togtama esasynda ýüze çykýar. Şonuň netijesinde kakynly paraliç-ysmazlar, kerlik, körlük ýüze çykýar. Kakyn keselli näsagda çaganyň häsiýeti bilen umumy alamatly häsiýetler bolýar. Çagalarda heniz kelle-beýni gabygy ýeterlik derejede ösmedik we olaryň özlerini alyp barşynda gabyk asty bölegi uly ähmiýete eýedir. Kakynda gabygyň gowşaklygy zerarly gabyk asty bölek onuň täsirinden ýeňillik bilen boşaýar. Şonuň üçin ýokarlanan emosionallyk döreýär. Emosiýalar göz öňüne getirmeleriň geçişine aýratyn täsirini ýetirýär. Karar kabul edilende, haýsydyr bir gutarnykly pikire gelnende kakynly näsag akyl-paýhasa däl-de, duýgularyna tabyn bolýar.

*Bejergi.* Bejergi geçirilende psihoterapiýa, dürli fizioterapewtiki we umumy berkidiji derman serişdeleri ulanylýar. Kakyn keselli näsaglar lukmançylyk işgärleriniň mylaýym we ünsli gatnaşyklaryna mätäç. Şonuň bilen bir hatarda, käbir ýagdaýlarda näsaglara ýerlikli talapkärlik, käbir näsaglara mahsus bolan demonstratiw özlerini alyp baryşlaryna bolan asuda garaýyş hökmany. Näsaglara diazepam, neuleptil ýaly derman serişdeleri bellenilýär.

### 11.2.3. Irizegen ýagdaýly newroz

Newrozyň bu görnüşi newrozlar üçin umumy häsiýetli bolan newrotiki alamatly, ýagny gaharjaňlyk, tiz ýadamaklyk, uky bozulmasyndan başga-da dürli görnüşdäki irizegen ýagdaýlar bilen hä-

siýetlendirilýär. Irizegen ýagdaýlar özleriniň mazmuny boýunça örän köpdürli: sanamak (penjire-gapylary, ulag belgilerini we ş.m.), şübhelenmek (gapyny gulplandygyna ýa gulplamandygyna, gazy öçürendigine ýa öçürmändigine, çyrany söndürendigine ýa söndürmändigine) göz öňüne getirmek we ş.m. Köplenç, irizegen gorkular (fobiýalar, pikirler, hereketler we ş.m.) duş gelýär. Irizegen ýagdaýly newrozly näsaglar öz gaýgy-hasratly ýagdaýlarynyň nädogrudygyna düşünýärler. Şeýle hem şu kesel ýagdaýlaryny ýeňip, üstün çykmak üçin göreşýärler. Ýöne oňa garamazdan, bu ýagdaýdan özbaşdak dynyp bilmeýärler. Irizegen ýagdaýlar köplenç, howsala, gorky duýgulary we tahikardiýa, aşa derlegenlik, wazomotor reaksiýalaryň durnuksyzlygy we ş.m. wegetatiw bozulmalar bilen utgaşýar. Irizegen ýagdaýly newrozlar bilen kesellänleriň aglabasy özlerini birahatlandyrýan irizegen gorkular (ýa öz ýaşaýşy üçin gorky ýa-da ahlak-etiki özüni alyp barşynda ýalňyşlyk goýbermek gorkusy) sebäpli lukmana kömek sorap, ýüz tutýarlar. Köplenç, näsaglarda ipohondriki mazmunly irizegen ýagdaýlar, beden keselleri baradaky pikirler (nozofobiýalar – howply täze döremeler, merezýel keseli bilen kesellemek gorkusy, infarktdan, insultdan ölmek gorkusy we ş.m.) peýda bolýar. Näsaglaryň käbiri ters irizegenlik ýagdaýyna şikaýat edýär (laýyk gelmeýän ýerlerde gygyrmak gorkusy, paýyş sözleri aýtmak gorkusy, urmak, ýüzüne tüýkürmek, hormatlanýan adamy iteklemek, gerekli resminamalary ýyrtmak gorkusy we ş.m.). Ipohondriki mazmundaky irizegen gorkular (infarktdan ölmek gorkusy) köplenç, öz janyna kast etmek gorkusy (suisidofobiýa) we özüniň ýakynlaryna, gowy görýän adamlaryna bolan gazaply hereketleri amala aşyrmak gorkusy (gomisidofobiýa) bilen utgaşýar.

Ýiti fobiki ýagdaý, köplenç, irizegen şübhelenmeler bilen utgaşýar. Irizegen gorkularyň döremeginde newrozyň agyrlaşma döwürlerini şöhlelendirýän üç tapgyr tapawutlandyrylýar.

- Fobiki ýagdaýlar gorag hereketleri bilen utgaşýar (kesel ýokuşmakdan gorkuda bolan näsag hemişe ýuwunýar, kesel ýokuşma çeşmesi bilen galtaşykda bolup bilmegi ähtimal bolan zatlary zyňýar ýa ýakýar ýa-da gyzgyn ütük bilen ütükleýär we ş.m.).

- Irizegen newroz ýagdaýyň amatly geçiş we dowamly geçişe ýykgynlygy, kesele bolan şahsyýet reaksiýalaryň goşulmagy bilen, agyr ýagdaýlarda bolsa patoharakterologiki bozulmalaryň döremegi bilen häsiýetlenýär.
- Kesel ýygy-ýygydan gaýtalanyp, uzaga çekende näsagyň işe ukyplylygy wagtlaýyn ýitirilýär.

*Bejergi.* Başlangyç ýiti döwürde, gorkular aýratyn häsiýete eýe bolanda, uky bozulmasynda, howsalaly ýagdaýlarda trankwilizatorlar, antidepressantlar bilen utgaşdyrylyp (diazepam, elenium, teralen, sonopaks, amitriptilin, anofranil, fewarin we ş.m.) bellenilýär. Dermanlar az mukdardan orta mukdara çenli newrotiki ýüze çykmanyň agyrlygyna we arterial gan basyşynyň ýagdaýyna baglylykda bellenilýär. Gijeki uky doly alnar ýaly mukdary saýlap almaly, sebäbi uky bozulmasy we irizegen gorkular adatça, öz arasynda ýakyn baglanyşykly. Umumy berkidiji bejergi geçirilýär, iýmitlenmegi kadalaşdyrmaly, zähmeti we dynç alşy gezekleşdirmeli, mümkin boldugyça, näsagy psihikany şikeslendiriji ýagdaýlardan çetleşdirmek gerek. Psihoterapewtiki çäreler rahatlandyrmaga we düşündirmäge gönükdirilmeli. Iýmitlenmek we uky tertibini gyşarnyksyz berjaý etmek arkaly keselden gutulyp bolýandygyna näsagda ynam döretmeli. Kähalatlarda näsagy işden boşatmak gerek. Irizegen gorkular bejergi täsiri astynda tiz wagtda aýrylsa, şeýle ýagdaýlarda goldaýjy bejergini 6–12 aýlap dowam etdirmek zerur. Kesel gowşaman, uzaga çekende näsagy hemaýata mätäçligi anyklaýyş toparyna (HMAT) ibermeli. Soňundan psihonewrologiýa hassahanasynyň şypahana şertlerindäki bölüminde bejergi geçirmeli.

### 11.2.4. Sakawlama

Özüniň başlangyjyny çagalyk döwründen alyp, has agyr we dowamly geçýän newrozlaryň biri *logonewroz* diýip atlandyrylýar. Newrotiki logonewroz amatly hem-de amatsyz geçişli bolup bilýär. Eger birinji ýagdaýda gürleýşiň geçip gidýän bozulmalary barada gürrüň gidýän bolsa (aýratyn häsiýete eýe bolan), ikinji ýagdaýda gürleýiş näsazlygyndan başga-da, keseliň giňişleýin surat-

landyrylyşyny düzýän köpsanly newrotiki bozulmalar bolýar. Şu ýagdaýlarda logofobiýalara (gürleýiş gorkusy) we gürleýşindäki ýetmezçilige şahsyýetiň garaýşy esasy orun tutýar. Şeýle-de bokurdakda ses çykaryş agzalarynyň zeperlenmesinde sakawlama duş gelýär.

*Tapawutlandyryş kesel kesgidi* nerw ulgamynyň irki zeperlenmesi sebäpli dörän newroza çalymdaş sakawlama bilen geçirilýär.

*Bejergi* toplumlaýyn, lukmançylyk-pedagogiki usul bilen geçirilýär. Psihoterapiýa, antidepressant derman serişdeleri bellenilýär. Çagalar hassahanalarynyň logoped bölümlerinde, çagalar saglyk öýlerinde we şypahanalarda sakawlamanyň irki döwründe başlanan bejergi oňyn netije berýär.

### 11.2.5. Ýatrogeniýalar

Ýatrogeniýalar diýip, lukmançylyk işgärleriniň näsaga bolan gatnaşygynda özüni nädogry alyp barmagynyň netijesinde ýüze çykýan ýarawsyzlyk ýagdaýyna aýdylýar. Näsag bilen söhbetdeşlik wagtynda onuň saglygy barada örän seresaplylyk bilen gürlemeli. Näsagyň nädogry netije çykarmazlygy üçin ýörite adalgalar ulanylmaly däl. Lukmançylyk işgärleriniň näsagyň ýanynda edýän nädogry gürrüňleri, näsagyň saglygy babatda ahmyr etmek ýaly hereketleri, mimikalary onda ýok keseliň döremegine, barlarynyň bolsa beterleşmegine getirýär. Mysal üçin, şypahananyň lukmanynyň seresapsyzlyk bilen aýdan sözünden soň, onuň ýanyna gelen näsagyň keseli beterleşipdir. Öň onda ýüregiň keseli ýüze çykarylypdyr. Şonuň üçin hem näsag şypahanada wagtynyň köpüsini seýilgähde geçirýän eken. Söhbetdeşlik wagtynda lukman oňa ýüreginiň keseli sebäpli, bir oturgyçdan beýleki oturgyja çenli ýöräp biljekdigini aýdypdyr. Şol günüň özünde näsag onlarça ädim ýöränden soň, ýüreginiň töwereginde agyry duýupdyr we oturmaga mejbur bolupdyr, soň bolsa düýbünden ýöräp bilmändir. Onuň ýagdaýy diňe psihiatriki hassahanada bejergi geçirilenden soň gowulaşypdyr.

Näsaglaryň öz kesselleriniň kesgitlemesi, onuň netijesi barada lukmançylyk işgärleriniň aýdýan sözlerine örän ünsli gulak asýan-

dyklaryny we eşidenlerinden, özleriçe netije çykarýandyklaryny orta lukmançylyk işgärleri ýatdan çykarmaly däldir. Sebäbi seresapsyzlyk bilen aýdylan sözler näsagyň psihikasyny şikeslendirip, saglygyna uly zyýan ýetirip biler.

**12-nji bap.**

## Psihopatiýalar

Psihopatiýalar hem edil newrozlar ýaly psihiatriýanyň kiçi bölegine degişli. Bu emosional-erk sferasyndaky bozulmalary bolan şahsyýetiň häsiýetiniň anomal ösüşi. Psihozlardan tapawutlylykda psihopatiýalar dowamly, durnukly patologiki ýagdaý bolup, ol ömrüniň bütin dowamynda saklanýar. Başgaça aýdylanda, psihopatiýa – bu häsiýetiň patologiýasydyr. Häsiýetindäki aýratynlyklar zerarly şeýle adamlar köpçülikde oňşuksyz bolýar, köpçülige garyşyp-gatyşyp bilmeýär. Olarda mydama dawa-jenjeller ýüze çykýar, köplenç, ýeterlik derejede sebäp ýok ýerden gahar-gazaba münýärler. Psihopatlar gahar-gazaply bolýar. Köplenç, ondan daş-töweregindäkiler ejir çekýärler, häsiýetiniň şeýle aýratynlyklary sebäpli käbir psihopatlaryň özleri-de ejir çekýärler. P.B.Gannuşkin olara şeýle häsiýetnama beripdir: «Olaryň ne özi oňly ýaşaýar, ne-de ili oňly ýaşadýar».

Psihopatiýalar baradaky ylymda häzirki wagta çenli köp düşnüksizlikler saklanýar. Bu psihopatiýalaryň gelip çykyşyna, olaryň emele gelşiniň kanunalaýyklygyna we patofiziologiki esaslaryna degişli. Psihopatiýanyň ösüşinde biologiki we sosial faktorlaryň gatnaşygy baradaky mesele jedelli bolup galýar. Psihopatiýalaryň toparlara bölünmesi uly kynçylyklary döredýär.

XX asyryň başynda nemes psihiatry E.Kreçmer bedeniň gurluşyndaky somatiki aýratynlyklar bilen baglylykda ähli adamlaryň häsiýetlerini aýratyn topara bölmeklige synanyşypdyr. Onuň pikiriçe, adamlar üç topara bölünýär: *astenikler, piknikler we atletler*. Ol astenikler – şizoid, piknikler – sikloid, atletler bolsa – epileptoid häsiýete eýedir diýip belleýär.

P. B. Gannuşkiniň 1933-nji ýylda çap edilen monografiýasy psihopatiýalar baradaky ylmyň ösmegine bahasyna ýetip bolmajak goşant goşdy. Ol psihopatiýanyň döremeginde daşky gurşawyň täsirine, aýratyn-da sosial faktorlara uly ähmiýet beripdir. P. B. Gannuşkiniň bellemegine görä, psihopatiýalaryň ol ýa beýleki häsiýetleriň mahsus bolan agdyklyk etmegi bilen, psihopatiýalaryň klinikasyndan başga-da, onuň ösüşiniň döwürlerini (kompensasiýa, dekompensasiýa fazalaryny) göz öňünde tutmak gerek.

Psihopatiýalaryň dürli döwürlerinde häsiýetiň kesellilik aýratynlyklarynyň aýdyňlyk derejesi dürli hili bolup bilýär. Şonuň bilen baglylykda dürli lukmançylyk çäreleri zerur. Mysal üçin, dekompensasiýada psihopatyň ýagdaýy psihiki kesele golaý bolýar we ýörite bejergini talap edýär. Psihopatlar kanun bozmalary amala aşyranlarynda, seýrek halatda aýratyn ýagdaýlarda öz eden jenaýatçylykly hereketleri boýunça jogap bermek ukyby ýok diýip erksiz hasaplanýar. Kompensasiýa ýagdaýyndaky psihopatiki şahsyýetler diňe häsiýetiniň özboluşlylygy bilen tapawutlanýarlar. Olar adatça, doly işe ukyply bolup, köplenç jemgyýetiň peýdaly agzasy bolup bilýär. Soňra psihopatiýalara dinamiki golaýlaşmak E. K. Krasnuşkiniň, O. B. Kerbikowyň işlerinde ösdürilipdir. Görkezilişi ýaly, psihopatiýalaryň umumy kabul edilen toparlanyşy ýok. Psihopatiýalary şertli ýagdaýda şu aşakdakylara bölmek bolýar.

**Göçgünli psihopatlar** (ekstrawertirlenenler) ujypsyzja sebäplerde ýüze çykýan ýokary gaharjaňlygy bilen tapawutlanyp, olar köplenç gahar-gazaply bolýarlar. Olaryň hereketleri emosional sferasynyň ýagdaýlary bilen anyklanylýar. Bu topardan bolan psihopatlaryň asuda döwürde özlerini alyp baryşlaryna tankydy garaýşy bolýar we özüniň goýberen kemçilikleriniň üstüni ýapmaklyga çalyşýar. Bu topara degişli psihopatlarda içki togtamanyň gowşak ösendigi ýüze çykarylýar. Aşa ýokarlanan göçgünlilikden başga-da, kähalatlarda bu topardaky psihopatiki şahsyýetlerde häsiýetiň *epileptoid* diýlip atlandyrylýan görnüşi: süýgeşiklik, pedantizm, peýdaly zatlarda dümtünegenlik duş gelýär. Ondan başga-da olaryň köpüsinde keýpiň bozulmasy we kakyn alamatlary bolýar. Olaryň ählisi göçgünli psi-

hopatiki şahsyýetleriň aýratyn dawa-jenjeliniň ýüze çykmasyna itergi berýär. Olaryň daşky gurşawa uýgunlaşmasy bozulýar.

*Kakynly (isteriki) psihopatlaryň* esasy aýratynlygy olardaky ýokary emosionallyk bolup durýar. Näsaglaryň özlerini alyp baryşlary olaryň emosional sferalaryna ýakyn baglylykda bolýar. Emosional göz öňüne getirmeleriň geçişine uly täsirini ýetirýär.

Kakynly şahsyýetlere daşky täsirlere güýçli reaksiýa bermeklik häsiýetlidir. Şeýle adamlaryň daş-töweregindäkilere, şeýle hem öz şahsyýetine baha bermeleriniň durnuksyzlygy emosiýalarynyň tiz çalyşmagy, «emosional logika» bilen (her hili bolup çykmakdan kakyn tutgaýyna çenli baryp ýetýär) şertlendirilýär. Olaryň pikir oýlanmalary köplenç, ynanjaňlyk, sada häsiýetliligi bilen tapawutlanýar. Olara ýokary ynanjaňlyk, kesekileriň täsirine düşmeklik häsiýetli. Olaryň häsiýet aýratynlyklaryna hyýalbentlik, patologiki ýalançylyga ýykgynlyk mahsus. Olar ýalan sözlänlerinde kähalatlarda şeýle bir gyzyklanýarlar welin, hatda özleri-de aýdýan zatlarynyň dogrudygyna ynanyp başlaýarlar. Şeýle adamlar dürli-dürli usullar arkaly üns merkezinde bolmaga çalyşýarlar. Bir näsag zähmet rugsadyndan soň işe gelip, özüniň uly betbagtçylygy başdan geçirmeli bolandygyny, ýagny galtamanlaryň gije ähli ýakyn garyndaşlaryny öldürendiklerini aýdypdyr. Elbetde, bu hakykata gabat gelmeýär.

Kakynly psihopatlarda açyk reňklere ýokary söýgi häsiýetli. Olaryň köpüsi köpçüligiň ünsüni özüne çekiji bezegler bilen bezenmäge ähmiýet berýär. Kakynly şahsyýetleriň köpçülikde özlerine aýratyn üns berilmegini ýerliksiz talap etmegi, öz-özlerini tassyklamaklyga bolan meýilleri, köplenç, daş-töweregindäki adamlar bilen dawa-jenjel etmeklerine getirýär.

*Emosional durnuksyz psihopatlar* emosional sferasyndaky üýtgemeler bilen tapawutlanýar. Olaryň käbirlerinde keýpiň ýokarlanmagy, beýlekilerinde keýpiň çuň gam-gussa çenli peselmesi, üçünji birlerinde gowy bilen erbet keýpiň ýygy-ýygydan çalşyp durmasy ýüze çykýar. Üstesine-de, ähli ýagdaýlarda keýp daşky ýagdaýlar bilen az derejede baglanyşykly.

Psihopatiýa çalymdaş ýagdaýlar ýokanç kesellerden, zäherlenmelerden, agyr somatiki kesellerden, kelle-beýni şikeslenmelerinden soň ýüze çykyp bilýär.

Şondan soň emosional-erk sferasynda dürli üýtgeşmeler peýda bolýar. Näsagyň özüni alyp barşy psihopatyň özüni alyp barşyny ýatladýar. Psihopatiýanyň esasynda daşky gurşawa baglylykda aýdyň ýüze çykmagy ýa-da göze ilmän galyp bilýän nerw ulgamynyň dogabitdi aýratynlyklary ýatyr. Psihopatiki alamatlar nädogry terbiýe sebäpli ýüze çykýar. Görkezilen ýagdaýlar diňe bir nazary ähmiýetli bolman, eýsem amaly çäreleriň geçirilişini hem anyklaýar. P. B. Gannuşkiniň sosial-durmuş şertlerini gowulandyrmak bilen psihopatiýanyň sanyny kemeldip boljakdygy barada öňünden aýdanlary doly subut boldy.

*Paranoid görnüşi*. Bular müňkür bolýar. Islendik gürrüňden özboluşly many çykaryp, özüne zyýan ediljek ýaly duýguda bolýar. Paranoýal görnüşinde ýokary guramalara arz edegen bolýar. Käbir psihopatlarda jynsy bozulmalaryň ol ýa-da beýleki görnüşleri ýüze çykýar. Olaryň birnäçeleri jynsy azgynlyga baş urýarlar.

**Togtama psihopatlar** (interwertirlenenler – känbir ile goşulmaýanlar) toparyna häsiýetinde howsalaly müňkürlik alamatlary agdyklyk edýän adamlar girýär. Olara özlerine bolan şahsy kemislik duýgulary häsiýetli. Olar mydama özleriniň hereketleriniň we eden işleriniň dogrudygyna şübhelenýärler. Öz üstünden gülünýän ýaly duýýarlar. Olar utanjaň, çekinjeň bolup, sähel zada ýüzleri gyzarýar, ýüzüniň gyzarýandygy üçin öňküden-de beter utanýarlar.

*Togtama psihopatiki şahsyýetler* daş-töweregindäki adamlar bilen açyk dawa-jenjellere seýrek goşulýar. Oňa garamazdan, häsiýetiniň keselli aýratynlyklary netijesinde şeýle adamlar, adatça, özleriniň ukybyny we mümkinçiliklerini doly peýdalanmaýar, durmuşyň kyn meselelerini çözmek üçin zerur bolan güýji sarp etmekden gaça durýar.

*Asteniki* şahsyýetlerde psihiki gowşaklygyň ýüze çykmagy, ýokarlanan iglemeklik agdyklyk edýär. Olar üçin iş ukyplylygynyň peselmesi, passiwlik, daşky täsirlere keselli duýgurlyk, irizegen gor-

kular häsiýetli. Olaryň köpüsi ýeke bolmagy gowy görýär we köpçülikden gaça durýar. Aýratyn-da şeýle adamlar ýygnaklarda, beýanlarda, söhbetdeşliklerde çykyş etmeli bolanda özlerini has ynamsyz we tagaşyksyz duýýarlar. Aýratyn akyl işjeňligi talap edilýän wagty olar gorkup, sakawlap, ýüzleri gyzarýar. Göz öňünde tutan maksatlaryna ýetmekden ýeňillik bilen ýüz dönderýärler. Patofiziologiki barlaglaryň netijeleri asteniki psihopatlarda esasy nerw hadysalarynda gowşaklygyň bardygyny we passiw togtamanyň ýeňil döreýändigini görkezýär.

*Psihopatiýanyň psihoasteniki görnüşi,* adatça, ikinji signal ulgamynyň birinjiden agdyklyk etmeginde, ýagny pikirleniş tipli adamlarda döreýär. Ynamsyzlyk, ýaýdanjaňlyk, özüne kembaha garamak we irizegen ýagdaýlar onuň esasy kliniki ýüze çykmalary bolup durýar. Şeýle psihopatlar mydama şübhelilik dünýäsinde ýaşaýarlar. Olaryň şübheliligi durmuş meseleleriniň kynçylyklarynyň artmagy bilen has güýçlenýär. Her bir ýönekeý sorag uzak wagtlyk pikirlenmä sezewar edýär. Käwagtlar şeýle adamlar ejirli şübheliliklerden dynmak üçin gelen kararyny bada-bat ýerine ýetirýär. Bu görnüşdäki psihopatlar özlerine ynanmaýarlar, özleriniň ýokary mümkinçiliklerine we ukyplaryna pes baha berýärler. Her bir durmuş kynçylyklary olarda özleriniň şol işi başaryp bilmejekdigi, eýgermejekdigi, ýadyndan çykaryp biljekdigi baradaky dowla düşme gorkusyny döredýär. Ýerine ýetiren işleriniň dogrudygyna şübhelenmek bilen, olaryň netijelerini birnäçe gezek barlaýarlar. Bir prowizor özüniň taýýarlan derman serişdelerini yzygiderli birnäçe gezek barlapdyr we ony näsaga goýberenden soň hem şübhelenmegini dowam etdiripdir. Prowizoryň işi onuň üçin şeýle ezýet berijilikli bolansoň, ol bu işi taşlap, ýer gazyjy bolup işe ýerleşipdir. Ýöne şol ýerde-de şübhelenmek üçin sebäp tapylypdyr. Haýsydyr bir turbany ýeriň aşagyna gazyp gömenden soň, ol şol turba şikes ýetirilmedigine şübhelenip başlan we gaýtadan gazyp barlapdyr. Ol şu hereketlerini birnäçe gezek gaýtalapdyr. Dürli nerw ulgamyny gowşadýan kesellerden soň psihoasteniki alamatlar artýar. Köplenç, öz saglygyna garaýşynda howsalaly ynamsyzlyk meýilleri döreýär. Şeýle psihopatlaryň ünsleri mydama öz duýgulary-

na gönükdirilýär, olar lukmanlara ýüz tutýarlar, olaryň aýdan sözlerinden haýsydyr bir gizlin manyny bilmäge synanyşyp, onuň her bir sözüni ünsli diňleýärler. Kynçylykly, gorkuly ýagdaýlarda psihoasteniki şahsyýetler howsalaly ynamsyzlyk häsiýetlerinden we irizegen ýagdaýlaryndan wagtlaýyn dynyp bilýärler.

*Şizoid görnüşindäkilere* doňýüreklik, garasöýmezlik mahsusdyr.

*Bejergi.* Ilkinji nobatda, öňüni alyş çärelerini geçirmeli. Çagada psihopatiýa çalymdaş özüni alyp baryş häsiýetleri ýüze çykarylan dessine onuň durmuşyny, okuwyny ýa-da zähmet işjeňligini dogry guramak zerur. Çagany oňa gerekli bolan sosial endikleri öwredýän sagdyn köpçülige goşmagyň ähmiýeti uludyr. Dekompensasiýada näsaglary psihonewrologiki dispanserlere ýerleşdirmeli. Psihopatlara zähmet tertibini gyşarnyksyz berjaý etmek maslahat berilýär. Gahar-gazaby, biynjalyklygy, howsala, gorky duýgularyny peseldýän neuleptil, karbamazepin ýaly köşeşdiriji, rahatlandyryjy serişdeler bellenilýär. Öýde bolsa onuň bilen kejeleşmän, ugruna kowmaly.

## 13-nji bap.

## Somatiki we ýokanç kesellerdäki psihiki bozulmalar

### 12.1. Somatiki kesellerde duşýan psihiki bozulmalar

Käbir *somatiki keseller*, aýratyn-da ýiti ýokanç keseller agyr ýa-da ýeňil ýüze çykýan psihiki bozulmalar bilen utgaşýar. Nerw-psihiki bozulmalar, köplenç, arakhorlukda, derman serişdeleri, önümçilik awulary bilen zäherlenmelerde we beýlekilerde duş gelýär. Somatogen tebigatly psihiki bozulmalar köp halatda esasy keseliň häsiýetine we agyrlygyna bagly. Olar emosional alamatly asteniki sindrom görnüşindäki newroza çalymdaş bozulmalar ýaly (depressiýa, howsala, gorky, gaharjaňlyk, eýforiýa), şeýle hem aňyň dürli derejelerdäki bozulmalary (seňseleme, amensiýa, deliriý, sopor, koma), aňyň alagaraňkylykdaky ýaly ýagdaýy bilen epilepsiýa çalymdaş göçgünlilik görnüşde ýüze çykýar. Somatiki kesellerdäki psihiki bozulmalaryň birnäçe görnüşleri bar.

7. Sargyt № 2342

*Ýürek keselli* näsagda keýpiň peselmegi, howsala duýgulary, biynjalyklyk, gorky ýüze çykyp bilýändigi bellidir. Ýürek-damar ýetmezçiliklerinde gallýusinator ýüze çykmalar, kähalatlarda bolsa aň bozulmalary bolýar. Fiziki ýagdaýynyň gowulaşmagy bilen adatça, ähli psihiki bozulmalar aýrylýar. Şeýle kesellilere kömek ýerinde, psihiatryň maslahaty esasynda geçirilýär.

*Bogunlaryň we ýüregiň rewmatiki keselleri* hem käwagt nerw-psihiki keseller bilen utgaşýar. Adatça, şeýle näsaglar örän gaharjaň, çydamsyz, aglak, ukusyzlykdan ejir çekýär. Kähalatlarda olarda, aýratyn-da uka gitjek bolanda, kabul ediş aldanmalary ýüze çykýar. Kabul ediş bozulmalary netijesinde gözüne zat görnüp, göçgünli ýagdaýa düşýärler.

Näsaglarda *howply täze döremeler* ýüze çykanda, kähalatda amentiw ýagdaý we deliriý peýda bolýar. Bu köplenç, keseliň uzaklaşan döwründäki agyr zäherlenmeler we iglemeler esasynda ýüze çykýar. Adatça, şeýle psihiki ýagdaýlar gysga wagtlaýyn bolup, esasan hem agşamlaryna ýüze çykýar.

Dowamly iglilige getirýän *aşgazan-içege ýollarynyň kesellerinde* gowşaklyk, aşa ýadamaklyk, ukuçyllyk, gaharjaňlyk ýüze çykýar. Gurçuk inwaziýaly çagalarda epilepsiýa çalymdaş tutgaýlar, aňyň bozulmalarynyň käbir görnüşleri ýüze çykyp bilýär.

Depressiw ýagdaýlar, köplenç, dowamly somatiki kesellerde duş gelýär. Aýratyn-da, käwagt-käwagt öz janyna kast etmek hereketleri bolan ýiti depressiw ýagdaýlar dykgatly ünsi talap edýär. Husussan-da, orta lukmançylyk işgärleri somatiki näsaglaryň özlerini alyp baryşlarynda öz janyna kast etmek hereketli ýiti depressiýanyň ýüze çykyp biljekdigini bilmelidir.

Zäherlenmeler bilen geçýän somatiki kesellerin birnäçesinde (süýjüli diabet, uremiýa) seňseleme görnüşli aň bozulmasy ýüze çykyp bilýär. Näsaglarda ähli gyjyndyryjylar üçin olaryň aňyna baryp ýetmeýän kabul etmegiň çäginiň aşa ýokarlanmagy ýüze çykýar. Seňselemäniň ýeňil görnüşinde näsaglar örän ýokary we orta sesleri edil gowşak derejedäki ýaly kabul edýär, gowşaklary düýbünden duýmaýar. Daş-töweregini olar edil ümürde ýaly kabul edýär, olara

ýeterlik derejede düşünmeýär. Pikirler, göz öňüne getirmeler, ýatlamalar huşuna kynlyk bilen gelip gidýär, baglanyşyklaryň döremegi haýallaşan görnüşde bolýar. Aşa ukuçyllyk ýüze çykýar. Seňseleme döwründe bolan ýatlamalar, adatça, näsagyň ýadynda galmaýar. Seňselemäniň ýeňil görnüşi onuň agyr görnüşine, ýagny sopora, koma geçip, käte ölüme eltýär.

## 12.2. Ýokanç kesellerde duşýan psihiki bozulmalar

Ýiti ýokanç kesellerde (örgünli garahassalyk we garyn garahassalygy, malýariýa, krupoz pnewmoniýa we beýlekiler) kähalatlarda psihiki bozulmalar döräp bilýär. Köplenç, şeýle ýagdaýlarda ýokanç kesellerde duşýan *deliriý* döreýär. Bu ýagdaýyň esasy alamaty: näsagyň bolýan ýerinden we wagtdan dogry ugur alyp bilmezligi, emma şahsyýetinden ugur almak ukybynyň saklanmagy görnüşdäki aňyň bozulmasy bolýar. Näsag özüniň adyny, familiýasyny, kärini dogry aýdýar. Olara görüş gallýusinasiýalary, daşky gurşawdaky zatlary illýuzor kabul etmek we bölekleýin paranoidli pikirleri aýtmak, hereket göçgünliligi häsiýetli bolýar. Şeýle näsaglaryň özüni alyp barşyna ünsli gözegçilik edilende, onuň haýsy-da bolsa gorkuly häsiýetdäki sahnany görýändigini çak edip bolýar. Şunda olar üstüne hüjüm edýän ýyrtyjy haýwanlary, elhençlikleri görýär, näsaga ähli zatlar ýumrulýan, ölýän ýaly duýulýar, hamala onuň bilen hasaplaşmakçy bolýarlar, ony kesýärler, urýarlar. Ýüzünde gorky we eýmenç alamatlary bolýar. Näsag gizlenmäge, üstüne hüjüm edýänlerden goranmaga çalyşýar, gapa, penjirä ylgaýar. Munda paranoid pikirler durnuksyzlygy bilen tapawutlanýar. Ýokarda görkezilen ýagdaýlar, adatça, adamyň endamynyň ýokary gyzgynlygynda ýüze çykýar we onuň aşaklamagy bilen aýrylýar. Ýöne temperaturanyň ýokarlanmagyndan öň ýa-da peselmeginden soň ýüze çykyp bilýär. Deliriý, adatça, birnäçe günden soň doly sagalmak bilen tamamlanýar. Kähalatlarda deliriýden soň birnäçe günden aýrylyp gidýän galyndyly ýagdaýlar duş gelýär. Bu galyndyly ýagdaýlar rezidual paranoid diýlip atlandyrylýan bölekleýin paranoid, umumy gowşaklyk

görnüşinde bolýar. Deliriý ýagdaýyndan çykanlaryndan soň, näsaglar adatça, şol döwürde başyndan geçiren gaýgy-hasratlaryny bölekleýin gürrüň berýär, kesel ýagdaýyna tankydy garaýşy saklanýar.

Ýiti ýokanç keselli näsaglarda aňyň düýpli bulaşmagynda illýuziýalar, gallýusinasiýalar we bölekleýin paranoid pikirler bilen utgaşýan *amentiw ýagdaý* ýüze çykýar. Näsagyň diňe bir daş-töwereginden ugur almasy bozulman, eýsem ol öz adyny, familiýasyny-da aýdyp bilmeýär. Köplenç, gatyşyk amentiw-delirioz ýagdaýy duş gelýär. Amensiýa üçin zatlary kabul etmegiň bütewiliginiň bozulmasy häsiýetli. Näsaglar diňe daş-töweregindäki käbir ýagdaýlary kabul edýärler, ýöne olarda doly täsir galdyrma döremeýär. Gowşak hereket göçgünliligi bildirýär. Näsaglar gygyrýar, kähalatda bolýan otagyndan gaçmaklyga synanyşýar, dürli tertipsiz hereketleri edýär. Amentiw ýagdaý tamamlanandan soň, adatça, başyndan geçiren gaýgy-hasratlary barada hiç zat olaryň ýadynda galmaýar. Şu alamat hem deliriýe garanyňda, amensiýada aňyň has düýpli bozulýandygynyň subutnamasy bolup durýar. Amentiw ýagdaý birnäçe hepdä çekip bilýär.

Ýokanç keseller we beýleki somatiki keseller agyr geçende, aň üýtgemezden, dowamly psihozlar döräp bilýär. Kliniki taýdan bu psihozlar hereket birahatlygy, seýrek hereket haýallaşmasy utgaşýan gam-gussa, howsala duýguly depressiw ýagdaýlary esasynda ýüze çykýar. Şeýle depressiýalara aglaganlyk, gam-gussanyň artmagy, gaharjaňlyk, gowşaklyk we ýagdaýynyň beterleşmesi häsiýetli. Gijelerine bu näsaglarda köplenç, gysga wagtlaýyn delirioz bozulmalar, aň bulaşmalary ýüze çykýar. *Depressiýa* ýazgarma, zäherlenme, yzarlanma paranoidi bilen utgaşyp bilýär. Näsaglar daş-töweregindäki ähli zatlaryň özboluşly üýtgeýändikleri barada aýdýarlar, olar daş-töweregindäki ýagdaýlardan baş çykaryp bilmeýär. Nätanyş adamlarda garyndaşlaryny, köne tanyşlaryny görýär. Dowamly psihozlar, şeýle hem gorky duýgusy, yzarlanma paranoidli giň gerimli eşidiş gallýusinasiýalary we werbal illýuziýalary bolan *gallýusinator paranoid ýagdaýlary* bilen ýüze çykyp bilýär.

Ýokanç kesellerdäki we beýleki somatiki kesellerdäki ýiti psihozlardan soň *psihiki gowşaklyk* ýagdaýy duş gelýär. Näsaglarda aşa

ýadaganlyk peýda bolýar, hatda olara uly bolmadyk fiziki we psihiki dartgynlyk örän kynlyk bilen eýgerdýär, söhbetdeşlikden tiz ýadaýar. Keýpi aşa durnuksyz, umumy gowşaklyk bilen çalyşýan gaharjaňlyk döreýär. Näsaglary ses we ýagty yşyk gyjyndyrýar hem-de ýadadýar. Fiziki çydamlylyk peselýär. Kem-kemden bu ýagdaýlar aýrylýar.

Dowamly psihozlardan soň näsaglarda ýokary iglemeklik, kelle agyry, gaharjaňlyk, pikirlenmesiniň gowşamasy görnüşinde ýüze çykýan psihikanyň durnukly üýtgemeleri saklanyp bilýär. Käbir ýagdaýlarda ysgynsyzlyk, inisiatiwasyzlyk, gyzyklanmasynyň daralmasy, daş-töweregindäkilere biperwaýlyk artyp bilýär. Näsaglarda huşuň durnukly bozulmasy, tankydy garaýşynyň peselmegi ýüze çykýar. Somatiki keselleriň näsagyň psihiki ýagdaýyny üýtgedip bilýändigini ýatdan çykarmaly däl. Näsagyň köpçülikde, maşgalada tutýan orny üýtgeýär. Dowamly we umytsyz keselliler daşky gurşawa özleriçe täzeçe baha berýärler. Näsagyň özüne garaşyk etmekdäki ähli ownuk zatlara ünsli garaýşy artdyrylan görnüşde bolýar. Ol hem köplenç, goranma reaksiýalarynyň alamaty bolup hyzmat edýär.

*Bejergi* esasy somatiki keselleriň garşysyna gönükdirilen bolmaly. Şol bir wagtda näsaglara umumy berkidiji we dezintoksikasion bejergiler bellenilmeli.

Delirioz, amentiw we gallýusinator paranoidli bozulmalarda neýroleptikler bellenilýär. Depressiw bozulmalaryň bejergisi antidepressantlar bilen geçirilýär. Eger depressiýa paranoid bozulmalary bilen utgaşsa, antidepressantlar neýroleptikler bilen bilelikde bellenilýär.

Ýürek-damar ulgamynyň işjeňligine we dem alyş ýagdaýyna dykgat bilen gözegçilik edip, gerekli ýagdaýda ýürek serişdelerini bellemeli. Şeýle näsaglar bejerilende, olara dykgatly garaşyk we güýçlendirilen gözegçilik zerurdyr, göçgünlilik wagtynda gallýusinator we paranoid gaýgy-hasratlaryň täsiri astynda näsaglar özlerine agyr fiziki zeperlenmeler ýetirip ýa-da penjireden özlerini oklap bilýär. Şeýle näsag üçin orta lukmançylyk işgäriniň hökmany gije-gündizleýin gözegçiligi zerurdyr.

### 12.2.1. Beýni merezýeli

Beýni merezýeliniň solgun treponema netijesinde döreýändigi anyklanylandyr. Şunda köplenç, beýni damarlary hem-de örtügi zeperlenýär. Beýnide gumma çişleri beterleşip biler. Beýni merezýeli keseliň üçünji tapgyryna degişli bolup, kesel alamatlary zeperlenmeden birnäçe ýyl geçenden soň ýüze çykýar.

Näsagyň ýörite bejergini almadyk ýa-da bejerginiň ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda beýni merezýeli 3–4 ýyldan ösüp başlaýar. Keseliň kliniki keşbi kelle-beýniniň zeperlenmesiniň dürli ýerde bolup bilmesi we häsiýeti bilen şertlendirilýär. *Kesel newrasteniki sindrom* bilen başlaýar. Näsaglarda kelle agyry peýda bolýar, ukusy bozulýar, tiz ýadaganlyk, gaharjaňlyk ýüze çykýar. Kähalatda olar bedeniniň dürli ýerlerinde agyry duýýarlar. Şu duýgularyň esasynda nerw ulgamynyň diffuz ýokanç-zäherlenme zeperlenmesi ýatandyr. Näsaglarda göreçleriň gyradeň däldigi, refleksler, meningial görnüşindäki ojakly newrologiki alamatlar peýda bolýar. Oňurga ýiliginiň suwuklygy barlanylanda, Wassermanyň reaksiýasy oňaýly kesgitlenýär. Ýörite bejergi geçirilen ýagdaýynda, adatça, newrologiki alamatlar ýitýär we näsaglaryň ýagdaýy ep-esli gowulaşýar.

Kähalatlarda deliriý döreýär. Näsagyň gözüne zat görnüp, ol göçgünlilik bilen utgaşyp gelýär.

*Merezýelli paranoid* yzygiderli ösýändigi bilen häsiýetlenýär. Näsaglarda yzarlanma, täsir etme paranoidi döreýär. Paranoid köplenç, eşidiş gallýusinasiýalary bilen utgaşyp gelýär. Gallýusinasiýalaryň mazmuny adatça, ýaramaz häsiýetli bolýar. Näsagyň gallýusinasiýalara bolan gatnaşygy köplenç, iki manyda bolýar. Bir tarapdan, näsag gallýusinasiýalaryň keseliň netijesinde döreýändigine düşünýär, beýleki tarapdan bolsa, olary özüniň duşmanlarynyň hereketleri bilen baglanyşdyrýar. Newrologiki barlag göreçleriň ýagtylyga bolan haýallaşmasyny, göreçleriň gyradeň däldigini, ýüz nerwiniň zeperlenendigini görkezýär. Keseliň geçişi remissiýaly bolup, uzaga çekýär. Ýörite bejergiler hem hemişe garaşylýan netijäni bermeýär.

Dogabitdi merezýel, köplenç, bu keselden ejir çekýän adamlaryň çagalarynda peýda bolýar. Düwünçek göwredekä zeperlenende, beý-

niniň ösüşi haýallaýar. Nerw ulgamynyň zeperlenme alamatlary çaga doglandan soň ilkinji ýyllarda ýüze çykýar. Dogabitdi merezýel eýerpisint burun, dişleriň nädogry ösmesi, mikrodontoz (kiçijek dişler), süňkleriň nädogry ösmesi (kelle süňküniň galňamasy we onuň görnüşiniň üýtgemesi) ýaly alamatlar bilen häsiýetlenýär. Köplenç näsaglarda demensiýanyň (kemakyllygyň) dürli derejeleri ýüze çykarylýar.

W. A. Gilýarowskiý dogabitdi merezýele kemakyllygyň, nerw ulgamynyň aýry-aýry bölekleriniň ojakly zeperlenmesiniň alamatlarynyň häsiýetlidigini belläpdir.

Beýni merezýeli keselliler tapgyrlaýyn bejerilýär: penisillin, bisillin, nowarsenol, miramisin, wismutyň dermanlary sanjym edilýär, ýod çalynýar. Bejerginiň bellenilen tapgyrlarynyň hemmesi doly we dogry ýerine ýetirilmeli. Şeýle-de umumy gurplandyryjy bejergi bellenilýär. Dogabitdi merezýeli bejermek üçin hem ýokarda görkezilen dermanlar ulanylýar. Esasan hem biýohinol ýygy bellenilýär.

### 12.2.2. Beterleşýän paraliç-ysmaz

Beterleşýän paraliç-ysmaz kelle-beýni merezýel zeperlenmesiniň soňky döwürlerinde duşýar. Eger-de beýni merezýelinde ilki bilen damarlar we örtük zeperlenýän bolsa, beterleşýän paraliç-ysmazda, esasan, beýniniň maddasy (parenhima) zeperlenýär. Bu kesel köplenç, beýni merezýelinden 10–15 ýyl soň başlanýar, ýöne kähalatda onuň ilkinji alamatlary ondan öňräk hem peýda bolýar.

Has soňrak, ýagny zeperlenmeden 20 ýyldan soň hem başlanyp bilýär. Beterleşýän paraliç-ysmaz bilen adatça, 35–50 ýaş aralygyndaky adamlar keselleýärler. Aýallara garanyňda, erkek adamlar bu kesel bilen köp keselleýär. Beterleşýän paraliç-ysmaz merezýel bilen kesellänleriň az sanlysynda ýüze çykýar. Nerw ulgamyny gowşadýan arakkeşlik, beýni şikeslenmeleri, ýokanç keseller bilen kesellemek ýaly zyýanly täsirler keseliň ösmegine ýardam berýär. Beterleşýän paraliç-ysmaz, köplenç ýagdaýda, merezýel keseli bilen kesellänleriň doly bejergi almadyklarynda ýa-da asla bejergi almadyklarynda duş gelýär. Merezýel keseliniň garşysyna uly işleriň geçirilýändigi sebäpli, häzirki wagtda bu kesel örän seýrek duşýar.

Keseliň klinikasy akylyň ýuwaş-ýuwaşdan peselmesi bilen häsiýetlenýär. Beterleşýän paraliç-ysmazyň geçişi üç döwre bölünýär: 1) newrasteniki, 2) demensiýa döwri (has aýdyň kliniki ýüze çykmalar), 3) marazm. Döwürlere bölmek şertlidir we degişli alamatlaryň agdyklyk etmegi bilen kesgitlenýär.

**Newrasteniki döwür.** Bu beterleşýän paraliç-ysmazyň başlangyç döwri. Bu döwürde näsaglaryň keselini anyklap, bejergä başlamaly. Näsaglaryň ukusy bozulýar, ýokary gaharjaňlyk, tapsyzlyk, gödeklik peýda bolýar, işe bolan gyzyklanmasy ýitýär. Bu döwürde hereket işjeňligi peselýär, häsiýeti boýunça işjeň adamlarda gowşaklyk, tapsyzlyk peýda bolýar. Näsaglar ýerine ýetirýän işleri kyn bolmadyk ýagdaýynda öz hünärini dowam etdirip bilýär. Keseliň beterlemegi bilen näsaga durmuşda duş gelýän meseleleri çözmek kynlaşýar. Näsagyň şahsyýeti kem-kemden üýtgeýär we çäklendirilen kemakyllyk peýda bolýar.

**Demensiýa döwri.** Keseliň bu döwründe näsaglar ýakyndan tanamaýan adamlaryna gymmat bahaly sowgatlary etmek, ellerine düşen ähli puluna gerekmejek zatlary satyn almak, göz-görtele ogurlyk etmek ýaly heňe gelmeýän hereketleri edýärler. Mysal üçin, bir näsag elindäki pulunyň hemmesine birnäçe guty sabyn satyn alypdyr we ony öňünden çykana paýlapdyr.

Kesel kem-kemden beterleşip, näsagyň huşy we düşbüligi peselýär, ýokary bilimli adam çylşyrymly bolmadyk arifmetiki meseläni hem çözüp bilmeýär. Näsaglaryň öz ýagdaýyna bolan tankydy garaýşy ýitýär. Olar öz ýaşaýan öýlerini tapyp bilmeýär, ýakyn hossarlaryny we tanyşlaryny tanamaýar. Organiki kemakyllygyň esasynda paranoid, depressiýa, göçgünlilik ýaly goşmaça alamatlar peýda bolup biler. Ol ýa beýleki alamatlarynyň agdyklyk etmegine baglylykda beterleşýän paraliç-ysmazyň dürli görnüşlerini bölüp görkezýärler.

Beterleşýän paraliç-ysmazyň *ekspansiw görnüşiniň* kliniki keşbinde özüňi beýik we baý adam duýmak paranoidi esasy orun tutýar. Paranoidiň aýratynlygy onuň heňe gelmeýän, bolmajak zatdygyndan ybaratdyr. Näsagyň özüni alyp barşy onuň aýdýanlary bilen gabat gelmeýär. Mysal üçin, bir näsag özünde bir wagon altynyň bardygyny

aýdýar, ýöne şol bir wagtda-da ol naharhanadan iýmit galyndylaryny çöpleýär. Näsaglarda eýforiýa bolup, olar özlerini hemişe aladasyz, göwnühoş duýýarlar. Näsaglar, köplenç, özlerine ýörite eşik tikinýärler, özleriniň beýlekilerden tapawutlanýandyklaryny, gaýratlydyklaryny nygtamak bilen döşlerinden demirjikler, kagyz bölejiklerini asýarlar. Bir näsag özüni beýik serkerde, hünäri boýunça inžener, beýleki bir näsag bolsa, özüniň gahryman enedigini tassyklapdyr.

*Depressiw görnüşinde* näsaglar sussupes, keýpsiz ýagdaýda bolup, bolmajak zatlary gürleýärler. Olar içki agzalarynyň çüýrändigini, özleriniň eýýäm ölendiklerini nygtaýarlar. Özleriniň hiç bir zada ýaramaýan, gutaran adamdygyny tassyklap, maşgala agzalarynyň heläk bolmagyna sebäp bolandygyny, özleri sebäpli ähli zadyň heläkçilige uçrandygyny nygtaýarlar. Keseliň bu görnüşi seýrek duş gelýär.

*Ažitirlenen görnüşiň* kliniki keşbinde göçgünlilik agdyklyk edýär. Näsaglary düşeginde saklamak başartmaýar. Olar böküp turýarlar, nirädir bir ýere ylgaýarlar, kähalatda özüni beýik şahsyýet duýmak ýaly käbir jümleleri aýdýarlar. Näsaglar adatça, iýmitden ýüz dönderýärler ýa-da doly çeýnemän ýuwudýarlar. Bu keseliň geçişi kähalatda ýaramaz netijeli bolup bilýär.

Beterleşýän paraliç-ysmazyň ähli görnüşlerinde hem bejergi geçirilmese şahsyýeti marazma getirip biljek psihiki we fiziki degradasiýasy peýda bolýar.

**Marazm döwri.** Näsaglar iň bir ýönekeýje endikleri-de ýitirýär, olar hemişe düşeginden galman ýatýar, üst-başlaryna seretmeýän hapysa öwrülýär, köplenç olarda ýarym ysmazlar ýa-da paraliç-ysmazlar ýüze çykýar. Trofiki bozulmalar netijesinde näsaglarda ýagyr ýaralar, kontrakturalar döräp, süňkleri ýeňillik bilen döwülýär. Kemakyllyk aňrybaş derejesine ýetýär, olar öz atlaryny aýdyp bilmeýär, ellerine ilen zatlary agzyna salýar. Adatça, insult ýa-da pnewmoniýa keselleri sebäpli ýogalýar.

*Newrologiki alamatlar*. Beterleşýän paraliç-ysmazyň ilkinji alamatlaryna sözleýşiň bozulmasy degişlidir. Söhbetdeşlik wagtynda näsagda aýtmasy kyn bolan, çylşyrymly bolan sözleriň, tiz aýdylýan sözleriň aýdylmasynyň kynlaşýandygyny duýmak bolýar. Barlag

edilende göreçleriniň daralandygyny we deň däldigini (anizokoriýa) görmek bolýar, olaryň ýagtylyga bolan reaksiýasy ýitýär, konwergensiýa we akkomodasiýa bolan reaksiýasy saklanýar. Alamatlaryň şeýle utgaşmasyna Argaýl Robertsonyň alamaty diýip at berilýär. Ýokarda görkezilen alamatlaryň keseli öz wagtynda anyklamakda ähmiýeti uludyr. Beterleşýän paraliç-ysmazda deriniň duýgurlygy peselýär, näsaglar özlerinde sypjyryklaryň nädip peýda bolandygyny bilmeýärler, ýazýan hatlary birsydyrgyn bolmaýar, gyşyk, beýikli-pesli ýazýarlar.

Serologiki reaksiýalar. Adatça, Wassermanyň we Langeniň reaksiýalary oňurga ýiligi we gany barlag edilende položitel bolup çykýar. Oňurga ýiliginde belogyň we şekilli elementleriň düzümi köpelýär.

*Gözegçilik.* Bu kesel bilen keselläp, göçgünlilige hem-de fiziki taýdan tapsyzlyga düşen näsaglara gözegçilik etmek has hem kyn bolýar. Peşewi saklananda, seresaplylyk bilen, kateter arkaly almaly. Beterleşýän paraliç-ysmazly näsaglarda ýokanç keseller ýeňillik bilen döreýär. Düşekden galman ýatan näsaglaryň arkasynda ýaralaryň peýda bolmazlygyna üns bermeli: näsagyň derisini yzygiderli kamfora spirti bilen tämizläp we düşeginiň arassa bolmagyna gözegçilik edip durmaly.

Näsag düşekde ýatan wagtynda ony seresaplylyk bilen beýlesine agdarmaly, şeýle edilmese, onuň süňkleriniň, esasan-da gapyrgasynyň döwülmegi mümkin. Gyzzyrma (malýariýa) keselini ýokuşdyryp bejergi geçirilende näsagyň bedeniniň temperaturasyna we ýürek-damar ulgamynyň işine pugta üns bermeli, ýokanç keseller bilen agyr kesellänlere bellenilýän ähli çäreleri geçirmeli.

Näsaglar iýmitlendirilende, olarda ýuwutmaklygyň bozulýandygyny göz öňünde tutmaly we iýmitiň dem alyş ýollaryna düşmeginiň öňüni almaly.

# III BÖLÜM. PSIHOAKTIW SERIŞDELER ULANYLANDA HEM-DE SENAGAT ÖNÜMLERINDEN ZÄHERLENMEDE DÖREÝÄN PSIHIKI BOZULMALAR

**14-nji bap.**

## Arakhorlyk

### 14.1. Serhoşlyk

Alkogol içilende merkezi nerw ulgamynyň işleýşine tizden-tiz täsir edýär. Tejribe barlaglarynyň görkezişine görä, alkogolyň az mukdary bedene goýberilende psihiki işjeňlik bozulýar. I. P. Pawlowyň okuwçylarynyň barlaglarynda alkogolyň hem togtama, hem-de gyjynma hadysalaryny pese gaçyrýandygy subut edilipdir. Köp derejede içki togtama zyýan ýetýär, ol hem kelle-beýnisinde gyjynma hadysalaryň agdyklyk etmegine getirýär. Şu ýerden hem serhoşdaky ýüze çykýan ýeňil psihiki bozulmalar düşnükli bolýar.

**Adaty serhoşlyk** – spirtli içgiler ulanylanda, başda merkezi nerw ulgamyna oýandyryjy täsirini ýetirýär, soňra ony tapdan düşürýär. Damarlary başda giňeldýär, soňra daraldýar.

Spirtli içgiler bir sapar ulanylanda adamy serhoşlyk ýagdaýa eltýär, beýnijige täsirini ýetirip, bedeniň deňagramlylygynyň bozulmagyna getirýär. Onuň barmaklary titreýär, saňňyldaýar, çaýkanýar, ýerde ýatan islendik zady alyp bilmän ýykylýar. Hat ýazanda birsydyrgyn ýazyp bilmeýär, harp ýalňyşlygyny goýberip, bulam-bujar edýär.

Rombergiň durkunda yranýar. Döşüne çyzylanda ýaýraň gyzyl dermografizm alamaty ýüze çykýar. Damar urşy, dem alşy çaltlaşýar, soň kadaly ýagdaýa gelýär. Arterial gan basyşy başda ýokarlanýar, soňra peselip kadalaşýar. Içgili adamyň ýüzi gyzarýar, göreçleri giňelýär. Onuň ýagtylyga bolan reaksiýasy peselýär, soňra kadaly ýagdaýa gelýär.

Göçgünli ýagdaýda serhoşlaryň pikirlenişi çaltlaşýar, sözleýşi bozulyp, bazzyk-buzzuk gürleýär. Aglabalar nätanyş bilen tanşagan bolýar, boş gürlegen, öwünegen, sögüşegen, urşagan bolýar. Serhoş wagty olaryň keýpi kök bolup, ýerliksiz ýylgyryp, ýerliksiz gülýärler.

Ýönekeý serhoşlygyň 3 derejesi bolýar: ýeňil, aram, agyr. Ýokarda görkezilen alamatlar ýüzleý bolup, spirtli içgiler ganyň düzüminde 0,3‰-den 1,5‰-e çenli bolsa, onda ýeňil derejesi hasaplanýar. Eger-de ýokarda görkezilen alamatlar mazaly bildirip, spirtli içgiler ganyň düzüminde 1,5‰-den 2,5‰-e çenli bolsa, onda aram derejesi hasaplanýar. Eger-de ýokarda görkezilen alamatlar aýdyň bolup, spirtli içgiler ganyň düzüminde 2,5‰-den 3,5‰-e çenli bolsa, onda agyr derejesi diýip hasaplamak bolar.

Alkogol ýörite enjamda (alkotest) ýa-da barlaghanada barlanylýar. Görkezijiler 3,5‰–4‰-den ýokary bolsa serhoşyň haly teň bolup, agyr ýagdaýda öýünde ýa-da reanimasiýada ýatýar. Ýönekeý serhoşlykdaky adamlar serhoşlyk ýagdaýda jenaýat işini etseler, eden işlerine kazyýetiň öňünde anyk jogap berip bilýärler (özüne erk edip bilýän).

**Patologiki serhoşlyk** – bu ýagdaý spirtli içgiler az mukdarda (30–70 ml) ulanylanda, özi-de beýnide organiki özgermeleri bar adamlarda juda seýrek ýüze çykýar. Az mukdarda spirtli içgiler ulanylanda beýnijige oňly täsirini ýetirmeýändigi sebäpli, olarda bedeniň deňagramlylygynyň bozulmagy bolmaýar. Aňyň, kabul edişiň ýoýulmagy netijesinde näsaglarda gallýusinasiýalar, illýuziýalar, şeýle-de paranoid ýagdaýy ýüze çykýar. Şeýlelikde, näsaglar bir zat bolaýjak ýaly, bir zat ediläýjek ýaly bolup howsala düşýärler, görýän zatlaryna tarap okdurylyp barýarlar-da, kähalatlarda jenaýat işini edýärler. Olar eden işine kazyýetiň öňünde jogap berip bilmeýärler (özüne erk edip bilmeýän). Şonuň üçin olar mejbury bejergä iberilýär.

**Dyngysyz serhoşlyk (zapoý).** Yzygiderli, birnäçe günden birnäçe hepdeläp spirtli içgileriň ulanylmagyna dyngysyz serhoşlyk diýilýär. Munuň 2 görnüşi bolýar:

*Hakyky görnüşinde* oňly iýmän-içmän birnäçe günläp içmegini dowam edýär. Onuň içki agzalary zäherlenmeden zaýalanýar, bedeni

içgini göterip bilmän ögeýär, gaýtarýar, gan basyşy peselip, dem alşy, ýüreginiň kadaly işleýşi bozulýar. Şeýlelikde, haly teň bolup, içmesini goýmaga mejbur bolýar. Umumy ýagdaýy gowulaşandan soň, ýene-de içgä baş goşýar.

*Hakyky däl görnüşinde* ýokarda bellenilişi ýaly, yzyny üzmän birnäçe gün spirtli içgini içýärler. Bu görnüşde ýagdaýy ýaramazlaşsa-da içgini goýman, haýsy hem bolsa bir sebäpden, ölüm-ýitim bolanda, polisiýa ýygnalanda we ş.m. ýagdaýlarda içgini taşlamaga mejbur bolýar. Ýöne şu agzalan sebäpler geçende, ýene içip başlaýar.

**Sebäpli içgililigiň ýüze çykmagy (problemaly serhoşlyk).** Sebäpli içgililik diýip, haýsy hem bolsa bir sebäp dörände özüni köşeşdirmek üçin içgä baş goşmaklyga aýdylýar. Munda ýeňil küýseg döräp, aýda 2–4 gezek içmeseler bir zady kem ýaly bolup durýar. Ýöne küýsegiň ýeňildigi sebäpli özlerine erk etseler, içmän hem bilýärler. Şu döwür bejergi üçin iň amatly wagt bolýar. Eger şu döwürde onuň ünsüni spirtli içgiden sowmak başartsa, onda onuň belli-külli arakhorlykdan halas edildigi bolýar. Şu toparlary narkologlar 6 aýlyk hasaba alýarlar. Eger-de içmesini doly goýsalar, onda olar hasapdan çykarylýar. Goýmadyk ýagdaýynda, olar tä içgini üznükli goýýançalar hasapda durýar.

## 14.2. Arakhorlyk (alkogolizm)

Bu kesel ýagdaýy bolup, alkogoly yzygiderli içmek netijesinde döreýär. Alkogola bolan üstün çykyp bolmajak höwes hem-de psihiki we içki agzalaryň bozulmasynyň ýüze çykmagy bilen häsiýetlenýär. Köplenç, uky bozulýar, ol ýeterlik derejede çuň bolman, düýş görmeler bilen utgaşýar. Aşa gaharjaňlyk, çydamsyzlyk, gyzmalyk ýaly häsiýetler ýüze çykýar. Arakhorlykdan ejir çekýän näsaglarda keýpiň üýtgemegi: keýpiň keýpli ýagdaýdan aşa gaharjaň ýagdaýa çenli bolmagy duş gelýär. Kähalatda ejizlik döreýär. Daş-töwerege bolan gyzyklanmasy çäklenýär, ýakynlary bilen gatnaşykda özüni gödek we haýasyz alyp barýar. Üst-başyna, daş keşbine seretmeýän hapysa öwrülýär. Arakhor özüniň şu ýagdaýa

düşmegine daş-töweregindäkileri günäkärlemäge çalyşýar. Daş-töweregindäkilere hetden aşa şübhelilik, ynamsyz garaýyş ýüze çykýar. Işjeňligi peselýär. Köplenç, gödek, ýerliksiz degişmelere ýykgyn edegen bolýar. Elleriniň barmaklarynyň özboluşly titremesi netijesinde takyk ownuk hereketler bilen baglanyşykly işleri, mysal üçin, sagat ussasy işini bes etmäge mejbur bolýar. Ellerinde we aýaklarynda agyry döräp, soňra ol gowşaklyga geçýär. Arakhorlarda köplenç, aşgazan-içege ýollary (dowamly gastrit, kolit, bagyr sirrozy) we ýürek-damar ulgamy zeperlenýär. Mysal üçin, statistiki maglumatlar arakhorlykda bagyr sirrozyndan ýogalmaklygyň, alkogoly çenden aşa köp içmeýänlerden tas on esse ýokarydygyny görkezýär. Witaminleriň özleşdirilmegi bozulýar, ol hem gipowitaminozyň döremegine getirýär. Arakhorlykdan ejir çekýän näsaglaryň bedeniniň gorag ukyplylygy peselýär, olar köplenç, ýokanç keseller bilen keselleýär.

Arakhoryň daşky görnüşi onuň fiziki ýagdaýynyň erbetleşendigine şaýatlyk edýär, ol öz ýaşyndan uly görünýär. Çiş ýüzi gögümtil öwüsýär, ýüzi ýygyrt-ýygyrt bolýar. Alkogol içgileri ulanmaýanlara garanyňda, alkogoly çendenaşa köp içýänleriň arasynda ölüm üç esse ýokarydyr.

Alkogolizm 3 tapgyrda geçýär:

I tapgyr spirtli içgiler köp mukdarda we ýygy yzygiderlilikde içilende 3–5 ýylyň dowamynda ýüze çykýar. Bu tapgyra newrotiki tapgyr diýilýär. Aýallarda, içgä has ir baş goşanlarda, şeýle-de ata-enesi arakkeş bolanlarda, somatiki kesellilerde arakkeşlik has ir, ýagny 1–2 ýylyň dowamynda ýüze çykýar. Şu tapgyryň alamatlary:

- Newrotiki ýagdaý döreýär.
- Ozal keseli bar bolsa, ol gozgaýar.
- Gysga wagtlaýyn özüni ýitirme bolýar, ýagny nirä gidenini, näme edenini bilmeýär.
- Iller göräýmesin diýip, içgini gizlin içýär.
- Öz ýagdaýyna gözegçiligi saklaýar, ýagny köp içse, bir zadyň üstünden barjagyny bilýär.
- Içgini işinden soň içýär, ýagny işe serhoş ýagdaýda barmaýar.
- Gazanjyny öýüne getirýär.

- Jynsy gatnaşygy kadaly ýagdaýda saklanýandygy sebäpli, maşgalasynda känbir dawa-jenjel turmaýar.
- Ýuwaş-ýuwaşlyk bilen içginiň mukdaryny köpeldýär.
- Psihiki islegi otnositel güýjeýär.
- Ýokary hilli spirtli içgileri içegen bolýar.
- Akyl-huşy ýerinde bolýar.
- Özüne we töweregine bolan tankydy garaýşy saklanýar.

8–10 ýyldan II tapgyr başlanýar. Bu tapgyra kliniki tapgyr diýilýär. Şu tapgyryň alamatlary:

- Mukdary (tolerantlylyk) köpelip, ýetjek derejesine ýetýär.
- Güýçli zäherlenme netijesinde içki agzalar zeperlenip gastrit, kolit, gepatit, ýürek myşsasynyň distrofiýasy, angionewropatiýa ýüze çykýar.
- Uzak wagtlaýyn özüni ýitirme bolýar, nirä gidenini, näme edenini bilmeýär.
- Utanç-haýasyny ýitirip, içmesiz ýerlerde-de içýär.
- Öz ýagdaýyna we töweregine bolan tankydy garaýşyny ýitirip, näçe tapsa içýär.
- Ýatkeşligi, ünsi peselip, akyly kemelip ugraýar.
- Iş ýerine içgili barýar. Işinde içgili bolany sebäpli ýalňyşlyk goýberýär, işinden kowulýar. Köp içýändigi sebäpli bir ýerde uzak işläp bilmeýär.
- Gazanjyny spirtli içgä sowýar.
- Jynsy gatnaşygynyň peselmesi sebäpli maşgalasynda agzalalyk döreýär, aýaly nägilelik bildirip gopgun turuzýar.
- Psihiki islegi artyp, obsessiw häsiýete öwrülýär, ýagny ýüregi howlaýar, janyna jaý tapmaýar, ukusy ýoýulýar, gorky döreýär.
- Köp mukdarda içeni üçin serişde tapman, içginiň pes hiline geçýär.
- Fiziki isleg döräp, kompulsiw derejä ýetýär, ýagny içmese endam-janynda we içki agzalarynda agyrylar döreýär.
- Şeýlelikde, azarlama alamatlar toplumy döreýär.
- Içgä pul tapmasa, öýüni tozdurýar.
- Psihiki işjeňliginiň hemme ulgamlary peselýär, sandan çykýar. Şeýlelikde, arakhoryň şahsy ýoýulmasy döreýär. Wagtyň geç-

megi bilen 18–20 ýyldan alkogolizmiň III tapgyry başlanýar. Onuň alamatlary:

- Arak içmesiniň mukdary juda peselýär, ujypsyz içse-de, eýýäm serhoş ýagdaýa düşýär.
- Azarlama alamatlary II tapgyrdan şu tapgyra üýtgän görnüşde geçýär.
- Bedeniň içki agzalarynyň zeperlenmesinden başga-da, beýnide ensefalopatiýa döreýär.
- Alkogol kemakyllygy döreýär.
- Şu tapgyra ýetenden soň, olarda içki agzalaryň işjeňliginiň gödek bozulmasy netijesinde agyr kesellere sezewar bolup, heläk bolýar.

Köplenç ikinji döwürde köp içmekligi goýjak bolanda, bedende zäherlenme aşa köpelip, alkogol psihozlary döreýär. *Deliriý ýagdaýda* olaryň aňy bulaşyp, gözlerine zat görnüp, göçgünli ýagdaýda titräp, saňňyldap, gorky zerarly gözleri hanasyndan çykara gelýär, gözi ýitelýär, bedeniniň gyzgyny galyp, elde-aýakda saklatmaýar. Bu ýagdaý bejerilende, 3–5 günüň dowamynda aýrylyp geçip gidýär.

*Gallýusinoz görnüşdäkilerde* aňy bulaşman, gulaklaryna ses gelýär. Eşidýän sesleri ýakymsyz bolýar, gorky döräp, howsala düşýär. Bu psihoz ýiti ýa-da uzaga çeken görnüşinde bolup biler.

*Depressiýa görnüşinde* näsaglarda çuňňur tukatlyk, hereketiň we pikirlenmäniň haýallamasy peýda bolýar, olarda erbet pikirler döräp, öz janyna kast etmäge meýilli bolýar.

*Paranoid görnüşindäkilerde* şübhe döräp, özlerine bir zat ediläýjek, bir zat bolaýjak ýaly bolup, dartgynly ýagdaýda gezýärler. Olarda köplenç, aýaly biwepalyk edýän ýaly müňkür pikirler döreýär. Bulardan başga-da, seýrek ýagdaýda *Korsakowyň psihozy we Gaýa-Wernigiň psihozy* duş gelýär.

*Bejergi.* Arakhorlykda bejergi başlanda, näsag alkogol içgileriň ähli görnüşlerini doly bes etmeli.

Bejerginiň I tapgyrynda derman serişdeleri, fizioterapiýa usullary we beýlekiler bellenende azarlama (abstinensiýa) alamatlary aýrylýar. Depressiýada antidepressantlar: amitriptilin; gallýusinasiýalarda,

paranoidlerde: triftazin, galoperidol; psihiki we hereket göçgünliliginde: neuleptil, karbamazepin ýaly derman serişdeleri ulanylýar. Näsagyň ukusyny kadalaşdyrmaly, şol maksat bilen hlorprotiksen, doksilamin ýaly uky serişdeleri, uklamazdan öň ýyly wannalar, kähalatda ýürek serişdeleri bellenilýär. Olar bilen bir wagtda bedenden zäherli maddalaryň çykmagyna ýardam berýän çäreler geçirilýär: damar içine natriý tiosulfaty ýa-da unitiol, magniý sulfaty, glýukoza, witaminler sanjym arkaly goýberilýär. Gaharjaňlygyny peseltmek üçin karbamazepin, agyry-ynjyny aýyrmak üçin baralgin, ketoralak, diklofenak ulanylýar.

Bejerginiň II tapgyryna alkogola bolan höwesi peseltmäge gönükdirilen çäreler degişli. Bu maksat bilen şertli gusma refleksi döretmek üçin apomorfin, tiaprid, metadoksin we beýleki serişdeler bellenilýär.

Bejerginiň III tapgyrynda alkogol içgilerine bolan höwesi peseltmek üçin teturam ulanylýar. Derman serişdeleri bilen geçirilýän bejergiler bilen bir hatarda arakhorlykdan ejir çekýän näsaglaryň bejergileri üçin psihoterapiýa we gipnoz giňden ulanylýar. Näsagyň sagalmagyna, diňe onuň tutanýerli islegi bolanda, bejergide üstünlik gazanyp boljakdygyna ony ynandyrmaly. Näsaglar bilen yzygiderli gürrüň geçirilip, alkogoly çendenaşa köp içmegiň zyýany düşündirilmeli, bejergileriň gowy netijeleri barada mysallar getirilmeli. Gipnozyň kömegi bilen, näsagda alkogola bolan ýigrenji, şeýle hem keýpini, işdäsini gowulandyrmaga ýardam berýän ruhubelentligi oýarmaly. Bejergini narkolog lukman geçirmeli.

**15-nji bap.**

## Neşekeşlik

Tirýek we ondan alynýan maddalar yzygiderli ulanylanda adamyň bedeni oňa öwrenişip, onuň mukdaryny artdyrmaly bolýar. Şeýlelikde, ýuwaş-ýuwaşdan tirýege we ondan alynýan maddalara bolan baknalyk döreýär.

Neşekeşlige eltýän ýoluň ilkinjisi – ony äsgermezlik etmekdir. Neşekeşlik belasyndan dynmak üçin saglygy goraýyş edaralaryna ýüz

8. Sargyt № 2342

tutan adamlaryň köpüsi, bu işe baş goşmagyna mejbur eden ilkinji sebäpler barada gürrüň berenlerinde, olaryň söhbeti köplenç, şeýle sözler bilen başlanýar: «Bir gezek çekeniň bilen hiç zat bolar öýtmedim», «Bir toýda oturylyşykda, ilki içipdiris, soň çekipdiris...». Şeýlelikde, adamlar özüniň bu erbet gylyga baş urandygyny, neşekeşligiň ilkinji döwrüni eýýäm başdan geçirendigini duýman galýarlar.

Neşekeşligiň ikinji ýoly – düşünjesi pes adamlaryň tirýegi «müň derdiň dermany» hasaplamagydyr. Käbir adam çala başy agyrsa dessine derman, melhem hökmünde tirýege ýapyşýar. Ýarawsyzlyk ýeke gezek bolup aýrylanok. Ol häli-şindi gaýtalanyp durýar. Netijede, tirýegi «derman» hasaplan kişi onuň toruna düşýär.

Mälim bolşy ýaly, hassahanada agyr operasiýanyň ýeňil geçmegi, näsagyň agyry-ynjy duýmazlygy üçin, olara ýörite sanjym urulýar. Käbir näsaglar soňra hem agyry-ynjyma çydap bilemok diýip, jögülik edip, şol sanjymy ýene gaýtalamagyny lukmandan özelenip haýyş edýär. Lukman hem oňa dözmän, ýene sanjym edýär. Şeýlelikde, düzüminde belli bir çäkdäki tirýegi bolan şol sanjyma näsag öwrenişýär. Ol oňa ýene-ýene gerek bolýar. Netijede, näsag neşekeşlige uçranyny, lukman hem oňa dözmezçilik edip, täze dert tapyp berendigini duýman galýar.

Elbetde, her niçik-de bolsa, neşe maddalaryna bir gezek agyz uranlar şol bada neşekeş bolup gidýär diýip, kesgitli aýdyp bolmaz.

Neşekeşligiň üçünji ýoly – neşekeşlige uçraýanlar, köplenç halatda durumsyz, özüne erk edip bilmeýän, sussupes, sada, ynanjaň, gowşak ýaşlardyr.

Neşekeşligiň dördünji ýoly – käbir adamlaryň şahsy durmuşynda, işinde şowsuzlyga düşmegi netijesinde, neşäniň täsiri bilen gam-gussadan dynmak, rahatlanmak üçin neşekeşlige baş goşmagydyr.

Käbirleriniň bolsa, tirýege ýüz urmagyna düýbünden başga zat sebäp bolýar. Ýagny, käte «Tirýek aýal-erkek gatnaşygyna oňaýly täsir edýär, erkeklik ukybyny artdyrýar» diýen ýaly gürrüňlere gulak gabardýarlar. Onsoň bu sözüň magadyna ýetmek üçin tirýekden üç-dört ýola sorup görýärler. Birbada aýdylanlar dogry ýaly hem bolýar. Şunlukda, tirýek çekmäge başlaýarlar. Soňra az wagtlyk keýp-sa-

pa üçin süpük neşekeşe öwrülýärler. Soňra olarda seksuallyk üzül-kesil peselýär, hatda ýitýär.

Käbir ýaşlar ene-atasynyň günäsi bilen, ýagny olaryň çagalaryna oňly gözegçilik etmän, lälik saklamagy, näçe pul-harajat diýse, ölçermän bermegi netijesinde neşekeşlik belasyna uçraýarlar.

Neşe derman däldir, ol agyry-ynjyny diňe wagtlaýyn aýyrýar, köşeşdirýär. Neşe beýniniň duýgy merkeziniň agyry duýýan bölümlerini wagtlaýynça gowşadýar. Degişli beýni merkezleriniň kütelişmegi, birbada duýgularyň peselmegi bilen alada-ünji, gam-gussa aýrylana dönýär.

Neşekeş kesellände lukmanyň işini juda kynlaşdyrýar. Sebäbi tiryek köp kesellerin aýry-aýry alamatlarynyň geçişini ýoýýar. Keseliň nähili dertdigini wagtynda we dogry kesgitlemäge päsgel berýär. Meselem, tiryek köriçegäniň sanjysyny peseldýär, onuň agyrysyny doly duýmakdan mahrum edýär. Şeýle ýagdaýda neşekeşiň özünde agyry-ynjyny duýmazdan, köriçegesiniň içinde ýarylmagy gaty mümkindir. Neşekeşiň başga-da dürli keseller babatynda şunuň ýaly ýagdaýa düşmegi bolup biljek hadysadyr.

Tiryek we ondan alynýan önümlere baş goşulanda kähalatlarda ujypsyzja günden, käte bolsa, birnäçe hepdeden oňa bakna bolunýar, ýagny juda güýçli bolmadyk psihiki baglylyk döreýär. Neşe serişdesini ulanmagy köpeldiberse, birnäçe hepdeden, aýdan psihiki baglylyk has hem ýetjek derejesine ýetip, obsessiw häsiýete öwrülýär. Şeýle ýagdaýa neşekeşligiň I tapgyry diýilýär. Mundan aňryk neşäniň mukdaryny köpeldip, häli-şindi ulanyp başlasa, onda neşekeşde fiziki baglylyk döräp, soň ol kompulsiw häsiýete öwrülýär. Şeýle ýagdaýa neşekeşligiň II tapgyry diýilýär.

Wagtyň geçmegi bilen neşekeşiň içki agzalary neşe zerarly keselläp, sandan çykýar. Şol sebäpli hem neşekeş neşe serişdesiniň möçberini azaltmaly bolýar. Şeýle ýagdaýa neşekeşiň III tapgyry diýilýär.

Neşekeşlikden ejir çekýänlerde neşe serişdesiniň ulanylmagy wagtlaýyn bes edilende ýürek howlama, ýürek gysma, kararsyzlyk, janyňa jaý tapmazlyk, ýatyp bilmezlik, gorky ýaly *psihiki baglylyk*, şeýle-de muskullary üzülip barýan ýaly, süňkleri çat açyp barýan ýaly

duýgular, ýürek agyrylary, ýüregiň çalt urmasy, gan basyşynyň ýokarlanmasy, iç geçme ýaly *fiziki baglylyk* döreýär. Şu baglylyklaryň ikisiniň hem neşekeşde peýda bolmagy onda azarlamanyň dörändigini aňladýar. Bu azarlama iki hepde çydam edilse, kem-kem gowulaşyp, ondan halas bolunýar. Ýöne psihiki küýseg welin, birnäçe aýdan, hatda ýyldan özüni bildirip durýar. Emma mertlik bilen özüňe erk edip bilseň, bu küýsegden el çekmek başardýar we neşekeşligiň öňi alynýar. Neşekeşlik belasynyň adamlaryň saglygyny zeperleýändigi, maşgalasyny tozdurýandygy hemmelere bellidir.

Tirýek we ondan alynýan maddalar uzak wagtyň dowamynda ulanylanda köpsanly somatiki we psihiki bozulmalar bilen ýüze çykýan zäherlenme döreýär. Adatça, olaryň işdäsi kesilip, daş keşpleri igli görnüşe geçýär. Deri örtügi gurak, mürşük bolup, ýüregi çalt urýar, ukusy ýaramazlaşýar, barmaklarynyň titremesi ýüze çykýar. Psihiki taýdan erk-ygtyýary peselýär. Näsaglar ýalançy, emosional taýdan durnuksyz bolýarlar, akyl iş ukyplylygy we ýady peselýär. Bejergi geçirmek üçin hassahana ýerleşdirilende, näsaglar käwagt öz ýanlary bilen neşäni alyp gelýärler we birnäçe wagtlap lukmançylyk işgärlerinden gizlinlikde ony ulanýarlar. Azarlamasyny peseltmek üçin hossarlaryna we ýakynlaryna, tirýek we ondan alynýan maddalary almak umydy bilen, öz hatlarynda, telefon arkaly haýyş ýa-da haýbat bilen ýüzlenýärler.

Şeýle näsaglaryň deri örtüklerinde ýara yzlaryny, köne iriňleşmeleriň yzlaryny görmek bolýar. Sebäbi näsaglar aseptikanyň düzgünleri ret edip, köplenç öz-özlerine sanjym edýärler.

*Bejergi.* Tirýek we ondan alynýan maddalardan ejir çekýän näsaglar bejergini narkologiki hassahanada güýçlendirilen we yzygiderli gözegçilik astynda geçirmeli. Näsagyň yzyndan gelýän ähli zatlaryny ünsli gözden geçirmek zerur. Sebäbi olarda neşe bolmagy mümkin. Adatça, fiziki taýdan berk näsaglara neşe berilmesi bada-bat bes edilýär. Kähalatda bejerginiň ilkinji güni näsaglara kemelýän mukdarda neşe goýberilýär. Azarlama ýagdaýyny aýyrmak üçin bejergi ukusy peýdalanylýar. Pes we orta mukdarda insulin glýukoza bilen utgaşdyrylyp sanjylanda gowy netije berýär. Şeýle-de uklatmak üçin tizer-

sin, hlorprotiksen, azaleptol, baralgin ýaly dermanlar, köşeşdirmek üçin karbamazepin, neuleptil ýaly dermanlar ulanylýar. Witamin ýetmezçiliginiň öwezini dolmak üçin bolsa uly mukdarda witaminler, zäherlenmäni aýyrmak üçin jetepar, essensial, geptral ýaly derman erginleri goýberilýär.

Bütin dünýäde bolşy ýaly, Türkmenistanda hem her ýylyň 26-njy iýunynda «Neşekeşlige garşy göreş» güni bellenip geçilýär. Ol gün ýurdumyza kontrabanda ýoly bilen düşýän tirýek we beýleki neşe serişdeleri jemagatyň, daşary döwletleriň synçy wekilleriniň gatnaşmagynda ýörite peçlerde ýakylýar. Il-halk bu nägehandan daşda bolmaly.

**16-njy bap.**

## Beňkeşlik

Beňiň düzümi birnäçe kannabinoidlerden ybaratdyr. Esasy zäherleýji işjeň kannabinoidleriň biri tetragidrokannabinoldyr.

Beň adamyň nerw ulgamyna güýçli täsir edýän awudyr. Şeýle-de bolsa, ýaşlaryň käbiri onuň täsirini özünde duýmak üçin beň çekmäge ýüz urýar. Ol uzak çekilende bolsa, oňa tabynlyk döreýär. Beň çekilende, onuň zäherlenmesinden aňyň işleýşi ýoýulýar. Töwerekdäki zatlaryň kabul ediliş funksiýasy bozulyp, gözüne dürli zatlar görünýär. Gözüne görünýän zatlar uly ýa-da kiçi, başga görnüşde görünýändigi sebäpli, beňkeşde gorky döräp, ol howsala düşýär, göçgünli ýagdaýda bolýar. Muňa deliriý diýilýär. Beňiň täsiri peselenden soň tapdan düşüp, gan basyşy peselip, ýüzi ak-tam bolup, ahyry hem usurganyp ýatyp galýar. Ukudan oýanandan soň, kellesi güňläp, keýpsiz, lapykeç halda, ysgynsyz ýagdaýda bolýar. Beň aýlap-ýyllap yzygiderli ulanylanda, beňkeşleriň käbiri şizofreniýa meňzeş ýagdaýa düşýär. Ýagny, ýylgyryp ýatan samsyklaç bolýar.

Beň taşlananda azarlama döreýär. Ol azarlamada känbir agyry-ynjy bolmaýar. Diňe psihiki küýseg bolýar. Şol sebäpli hem ondan dynmak ýeňildir. Ýöne şol ýürek küýsegi welin, soň-soňlar hem bimaza edip biler. Beňi goýmak üçin sagdyn pikirleniş, sagdyn erk gerekdir.

**17-nji bap.**

## Çilimkeşlik

Toksikomaniýanyň ähli görnüşleriniň arasynda çilimkeşlik has giň ýaýrandyr. Bu ýaramaz endik häzirki döwürde köp milletleriň ýaşaýyş durmuşyna kök uran we ähli ýurtlara, kontinentlere ýaýran häzirki zaman jemgyýetiniň ýaramaz endigi bolup durýar. Dürli ýurtlarda geçirilen köpsanly barlaglar ilatyň ähli sosial gatlaklaryndaky dürli ýaşdaky erkekleriň we aýallaryň arasynda çilimkeşligiň giňden ýaýrandygyny, gynansak-da ýaşlaryň arasynda köp ýaýrandygyny görkezdi. Geçirilen barlaglaryň netijeleri çilim çekmeýänleriň umumy ýetişiginiň çilim çekýän okuwçylaryň ýetişiginden ýokarydygyny görkezdi. Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasynyň maglumatyna görä, çilimkeşlik köp ýurtlaryň aýal-gyzlarynyň arasynda ýaýrandyr. Ol hem ilatyň artmagyna ýaramaz täsirini ýetirýär. Çilim çekilende nikotin, sinil kislotasy, ugar gazy we kömürturşy gazy, myşýak, kükürtli wodorod, ammiak, efir ýagy, benzpiren, has aýylganç poloniý ýaly radiaktiw elementler, zyýanly himiki maddalaryň ençemesi bedene düşüp, adam saglygyna ýaramaz täsirini ýetirýärler.

Çilim çekilende tüssäniň 50 göterimi howa gidýär, 25 göterimi ýanýar, 5 göterimi çilimiň düýbünde galýar, 20 göterimi bolsa dem alyş ulgamy bilen adam bedenine düşýär.

N. P. Krawkow çilim çekmegi endik etmedik adamda birnäçe santigram (bir damja golaý) nikotiniň zäherlenmä we ölüme getirip biljekdigini aýdýar. Oňa garamazdan, çilim çekmek netijesinde çilimkeşleriň bedeni kem-kemden nikotine öwrenişýär, çilimkeşlerde ýiti zäherlenme ýüze çykmaýar. Her bir ýaňy başlan çilimkeş nikotinden gowşak ýüze çykýan zäherlenmäni başdan geçirýär. Çilim çekmäge ilkinji synanyşykda ögemek, käwagt gaýtarma, baş aýlanma, gulagynyň şaňlamasy, ýürek işjeňliginiň bozulmasy (tahikardiýa), sowuk der basmagy, deri örtükleriniň agarmagy, kelle agyry ýüze çykýar.

Ý. P. Stoýko nikotinden ýiti zäherlenme ýagdaýyny şeýle suratlandyrýar: «On iki sagadyň dowamynda erkek adam 14 sigar we 40 çilim çekipdir. Onda güýjüniň gaçmagy, göçgünlilik, sandyrama,

bedeniniň gyzgynynyň peselmegi, sowuk şepbeşik derlemegi, ýürek urşunyň näsazlygy, kelle agyry, sykylyk sesli dem almak, titremeler, muskullaryň ýarym ysmazy ýaly ýagdaýlar ýüze çykypdyr. Bu onuň heläk bolmagyna getiripdir.»

Çilim yzygiderli çekilende, köp wagtyň geçmegi bilen, bedene düşýän nikotin we beýleki zäherli maddalar dowamly zäherlenmä getirip, ol hem dem alyş agzalaryna, ýürek-damar ulgamynyň, aşgazan-içege ýollarynyň köpsanly keselleriniň döremegine getirýär. Geçirilen barlaglaryň netijesi iki jynsa-da degişli bolan uly ýaşdakylaryň arasynda çilim çekýänleriň ölüm derejesiniň çekmeýänleriňkä görä, takmynan, 22 göterim köpdügini, şeýle-de çekilýän çilimiň sanynyň köpelmegi bilen ölüm howpunyň artýandygyny görkezdi.

Adamyň öýkeniniň dem alyş turbalarynda maýsa ýaly ygşyldap duran silindrik-epiteliýa bar. Ol özüniň ygşyldamasy bilen dem alyş ulgamyna düşen hapalary öýkenden daşyna çykarýar. Çilim çekilende onuň zäheri şol epiteliýalary gyjyndyryp, wagtyň geçmegi bilen zaýalaýar. Bu bolsa onuň kesele garşy goraglylygy artdyrýan immunoglobulinleri çykarmasyny peseldýär. Şeýlelikde, dowamly bronhit keseli döreýär. Şol çişli bronhidiň üstüne çilimiň gara gäzi ýelmeşýär. Onuň üstesine-de, şol ýere tüsse bilen baran radioaktiw poloniý öz şöhlesini ýetirip, dokumany ýoýup, howply çiş döredip bilýär. Ýüz adam öýkeniň howply täze döremesinden kesellese, şonuň 80-si çilimkeş bolup çykýar.

Bütindünýä Saglygy Goraýyş guramasynyň (BSGG) maglumatyna görä, çilim çekmek giňden ýaýran ýurtlarda howply täze döremeden ýogalmaklygyň artmagy dowam edýär. Çilimkeşde ýürek-damar keselleriniň döremek howpy artýar. Çekilýän çilimleriň sanyna göni proporsionallykda miokardyň infarktynyň döremek howpunyň ýokarlanýandygy anyklanyldy. Çilim çekilende bedene düşýän uglerod okisi ýüregiň işemiýa keseliniň döremeginiň sebäpleriniň biri bolup durýar. Onda kislorodyň dokumalara gelmegi azalýar. Şeýlelikde, ýokarda agzalan keseller çilim çekmeýänlere garanyňda, çilimkeşlerde 6 esse köp duşýar. Çilim çekýänlerde aşgazanyň we on iki barmak

içegäniň baş keseli çilim çekmeýänlere garanyňda dört esse ýygy duş gelýär. Çilim çekmek turşulyk, aşgarlyk deňagramlylygyny bozýar. Aýallaryň göwrelilik döwründe çilim çekmekligi düwünçegiň ösmegine aşa ýaramaz täsirini ýetirýär. Beýik Britaniýada we Kanadada geçirilen barlagyň netijesinde göwrelilik döwründe çilim çekýän eneleriň çagalarynyň boýunyň haýal ösýändigi, ýöne onuň kemis çaga däldigi anyklanyldy. Şeýle çagalar çilim çekmeýän aýallardan doglan çagalardan ösüşde yza galýarlar we ýygy-ýygydan keselleýärler.

Çilim çekmeklik diňe bir çilim çekýäniň öz saglygyna zyýan bermän, eýsem onuň töweregindäki çilim çekmeýän adamlaryň bedenine hem ýaramaz täsirini ýetirýär. Çilim çekýänler ýapyk, ýaramaz wentilýasiýaly jaýlarda beýleki adamlary temmäkiniň tüssesiniň howply mukdarynyň täsirine sezewar edýär. Çilim çekmeýän adamyň temmäki tüssesinden dem almagy edil işjeň çilim çekýänleriňki ýalydyr. Ýürek damar ulgamynyň ýetmezçilikleri bolan çilim çekmeýän adamlaryň ýanynda yzygiderli çilim çekmek olarda ýürek kesselleriniň gozgamagyna sebäp bolup biler. Aýratyn-da, çagalaryň ýanynda çilim çekmek olaryň saglygy üçin has howply. Çilim çekýän ene-atalaryň yzygiderli temmäki tüssesiniň täsirine düşýän çagalarynyň ene-atasy çilim çekmeýän çagalara görä, öýken kesellerine köp duçar bolýandygyny köpsanly barlaglar görkezdi. Şeýlelikde, temmäki tüssesi adam bedenine täsir edip, dürli agzalaryň we ulgamlaryň işine ýaramaz täsirini ýetirýär we wagtyndan öň ýogalmak howpuny artdyrýar. Şonuň üçin hem Saglygy goraýyş edaralary çilimkeşlige garşy göreşe, çilim çekmegi taşlamaga islegi bolan adamlaryň bejergisini guramaga has köp üns berýär. Çilim çekmegiň köp keselleriň geçişini we olaryň bejergisini kynlaşdyrýandygyny göz öňünde tutup, islendik lukmançylyk hünärli işgär, lukmanlar çilim çekmekligi bes etmeklige ýardam berýän bejergi usullaryny ele almagy başarmaly. Bu bejergi islendik saglyk öýlerinde, sagaldyş edaralarynda hökmany geçirilmeli. Çilim çekmegi taşlamaga isleg bildirýänleriň bejergisinde derman serişdelerini bellemek we beýleki usullar (psihoterapiýa, refleksoterapiýa) has oňaýly netije berýär. Çilimkeşligiň bejergisinde psihoterapiýa görnükli orun tutýar. Onuň esasy maksady temmäki ulanmak bilen bagly endikli

patologiki stereotipi ýok etmek bolup durýar. Çilimkeşleriň bejergisi iki tapgyrdan durýar. *Birinji tapgyr* – nikotine baglylygy – azarlamany aýyrmak. *Ikinji tapgyr* – alnan netijeleri berkitmek we goldaýjy bejergini geçirmek. Bejergä başlamazdan ozal näsagy kliniki taýdan gowy barlagdan geçirmeli. Şondan soň bejergi geçirýän lukman onuň saglygyna temmäkiniň nähili zyýan ýetirendigini düşündirýär we bejergiden öňki bar bolan patologiki alamatlaryň azalmagy we ýitip gitmegi üçin onuň ünsüni bir ýere jemleýär. Şeýle usul amatly psihoterapewtiki netije berýär.

Bejergini azarlama ýagdaýlaryny aýyrmakdan başlaýarlar. Çilim çekmegi bes edenden soň, azarlama dürli psihosomatiki alamatlary esasynda ýüze çykýar. Olaryň aýdyňlygy näsagyň umumy ýagdaýyndan, utgaşykly keselleriň bardygyndan, çilim çekmeginiň dowamlylygyna, ýokary nerw işjeňliginiň tipologiki aýratynlygyna bagly. Şu azarlamada has aýdyň bozulmalar, esasan, emosional-erk sferasynda bolup, olar temmäkä bolan güýçli isleg, psihiki we fiziki işjeňliginiň peselmegi, daş-töwerege bolan parhsyzlyk, keýpsizlik, gaharjaňlyk, ynjyklyk, uky bozulmalary görnüşinde ýüze çykýar. Uky ýüzleý, howsalaly bolýar. Köplenç, çilim çekmeklik däpleri bilen baglanyşykly bolan düýş görmeler çilimi taşlaýanlary bimaza edýär. Kähalatlarda hereket birahatlygy ýüze çykyp bilýär, onda maksatsyz hereketler edilýär, takatsyzlyk peýda bolýar. Olardan başga-da, çilimi taşlaýanlarda baş aýlanma, kelle agyry, gulaklarynyň seslenmesi, ýürek, aşgazan çägindäki agyrylar, içgeçme ýagdaýlary, üsgülewügiň güýçlenmegi ýüze çykýar.

Ýokarda agzalan azarlamanyň biynjalyk ediji alamatlary tiryekkeşiňkä garanyňda gaty ýüzleýdir. Şonuň üçin çilimkeşleriň birnäçeleri lukmançylyk kömegini almazdan hem, çilimi özbaşdak taşlap bilýärler.

Azarlama ýagdaýlary dürli derman serişdeleri, toplumlaýyn psihoterapewtiki täsir etme bilen bilelikde refleksoterapiýalar bilen aýrylýar. Bejerginiň birinji tapgyrynda temmäkä ýigrenji döretmek üçin sitizin, lobelin, tabeks, nikotinonet, nikorette ýaly birnäçe derman serişdeleri ulanylýar. Nikorette agyz boşlugynda goýlandan soň,

ol agyz boşlugyndan ýuwaş-ýuwaşdan sorulyp bütin bedene, şeýle-de merkezi nerw ulgamyna ýaýraýar we nikotin reseptorlaryna baryp, olaryň ornuny eýeleýär. Şeýlelikde, çilime bolan isleg peselýär. Ýokarda görkezilen derman serişdelerini ulanmaklyk çilime bolan islegi aýyrýar we çilime baglylygyň ýüze çykmak depginini gowşadýar. Şeýle-de çilime bolan patologiki höwesi azaltmak üçin sonopaks, etaperazin, hlorprotiksen ýaly psihotrop dermanlar bellenilýär. Azarlama döwrüniň yz ýanyndaky günlerdäki tapsyzlyk alamatlary witaminleri, fizioterapewtiki usullary bellemek ýoly bilen ýeňilleşdirilýär. Baglylyk ýagdaýyny aýyrmak bilen bir wagtda adwersion bejergi geçirilýär. Adwersion bejerginiň mazmuny näsagda temmäkiniň ysyna we tagamyna bolan otrisatel şertli refleksi döretmäge gönükdirilendir. Bejerginiň ikinji tapgyrynda temmäkiniň ysyna bolan döredilen otrisatel refleksi wagtal-wagtal berkitmäge, psihoterapiýa geçirmäge has köp üns berilýär.

Soňky döwürde hormatly Prezidentimiziň tagallasy esasynda, Türkmenistanda çilim çekmegiň jemgyýetçilik ýerlerinde gadagan edilmegi bilen, çilimkeşlik üzül-kesil azaldy. Türkmenistanda her ýylyň 31-nji maýynda çilimkeşlige garşy göreşiň Bütindünýä güni bellenip geçilýär. Onuň saglyga ýetirýän täsirleri barada beýanlar okalýar, gürrüň geçirilýär. 2013-nji ýylyň 18-nji dekabrynda bolsa Türkmenistanyň Prezidentiniň «Raýatlaryň saglygynyň temmäki tüssesiniň täsirinden we temmäki önümlerini ulanmagyň netijelerinden goralmagy hakynda» Kanuny kabul edildi.

Şu kanun raýatlaryň saglygynyň temmäki tüssesiniň täsirinden we temmäki önümlerini ulanmagyň netijelerinden goralmagy babatda döwlet syýasatynyň ýörelgesini kesgitleýär.

## 18-nji bap.

## Naskeşlik

Nas ýaşyl reňkli özboluşly zäherleýji maddadyr. Onuň düzümi temmäki ýapragyndan, pagta ýagyndan, ojaryň külünden, ýanan hekden ybaratdyr.

Käbir adam nasyň neşesi çilimkeşlikden ýokary diýip hasaplaýar. Eýsem, nasyň neşesi nämeden ybarat. Şeýle keýp berýän neşe nasda barmyka? Bu sowala nasda-da, çilimde-de şeýle neşe ýok diýip, çürt-kesik jogap berip bolmaz. Sebäbi nasyň özboluşly neşe pisint häsiýeti bardyr.

Şeýle-de naskeşiň nasyň zäherine, onuň nerw damarlaryny gyjyndyryjy tagamyna halys endik edýändigini bellemek gerek. Şol belli bir wagtyna gaýtalanyp, bedene azda-kände täsir edip bilýän zat yzygiderli, uzak wagtyň dowamynda ulanylyp gelinse, ol şol adam üçin şahsy kanuny endige – pişä öwrülýär.

Adamlaryň käbiri bolsa, çilimi goýjak bolup, nasa endik edýär. Şeýlelikde, birinden dynjak bolup, ikisine-de baş goşýarlar.

Nas atan adam birbada özüniň az-kem başynyň aýlanyp başlaýandygyny duýýar. Ol başga zatlardan pikirini, ünsüni sowup, birneme köşeşen, galkynan ýaly bolýar. Nasyň şujagaz aldawyna düşenler ondan has uly keýp hantama bolup, nasy yzygiderli atyp başlaýarlar we ahyrsoňunda barypýatan naskeşe öwrülýärler.

Nas atylanda, onuň düzümindäki maddalar adamyň diliniň aşagyny, agyz boşlugynyň düýbündäki mäzleri gyjyndyrýar, şol mäzleriň işini tijendirip, olaryň bölüp çykarýan suwuklyklaryny artdyrýar. Dil we eňek astyndaky mäzleriň nahar iýlende ony öllemekde hem-de iýmit siňdiriş kadasyna getirmekde we özleşdirmekde möhüm ähmiýeti bardyr. Naskeşde şol mäzleriň işleýşine uly zeper ýetirilýär.

Netijede, aşgazanyň iýmit siňdirişi düýpli kynlaşýar we aşgazan, bagyr, içege keselleriniň döremegine getirýär. Naskeşiň agyz boşlugynda, köplenç dodakda leýkoplakiýa – howply täze döremäniň bir görnüşi we beýleki dürli keseller ýüze çykýar.

Nas atylanda, onuň belli bir mukdarynyň aşgazana düşýändigi mälimdir. Şonda ol aşgazany gyjyndyryp, aşgazan turşulygynyň köp mukdarda bölünip çykmagyna getirýär. Netijede, ol aşgazanda gastrit, ýara emele gelmegine sebäp bolup bilýär. Mundan başga-da, nasyň düzümindäki zäherleýji maddalar diliň aşagyndan, agyz boşlugyndan sorulyp gana düşýär. Şol zäherleýji maddalar nerw damarlaryny, olaryň işleýşini güýçlendirýär hem-de oýarýar. Şonuň netijesinde

adamyň gan basyşy ýokarlanýar. Ýürek urşy, dem alşy çaltlanýar. Soňra ýuwaş-ýuwaşdan ýürek-damar keselleriniň döremegine oňaýly şert döreýär.

Nas hem uzak wagtlaýyn atylanda, adamy özüne tabyn edýär. Ony goýjak bolsaň, çilimkeşlikdäki ýaly azarlama alamatlary döreýär. Ýöne ol ýeňiljek azarlama bolandygy üçin, isleseň, naskeşlikden dynmak kyn däldir.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe sagdyn durmuş ýörelgesini esasy ugur edinip, ilatymyzyň saglygyny gorap saklamak üçin hormatly Prezidentimiz 2008-nji ýylyň 28-nji maýynda «Temmäki önümi bolan nasy Türkmenistanda öndürmegi, ýerlemegi, ulanmagy gadagan etmek barada» ýörite Perman kabul etdi.

## 19-njy bap.

## Käbir senagat önümlerinden zäherlenmede döreýän psihiki bozulmalar

Häzirki wagtda senagat önümleri bilen zäherlenmeler seýrek duşýar. Ýöne oňa garamazdan, öňüni alyş çärelerini geçirmek hem-de zäherlenmäniň irki görnüşlerini ýüze çykarmak üçin esasy zäherleýji maddalary bilmek zerur. Şeýle maddalara gurşun, uglerodyň okisi, simap, marganes, tetraetilgurşun, benzin we beýlekiler degişlidir. Görkezilen maddalar bilen zäherlenmäniň ilkinji alamatlary azda-kände birmeňzeşdir: tapsyzlyk, gowşaklyk, kelle agyry, baş aýlanma, aşgazan-içege ulgamynyň bozulmasy (ýaramaz işdä, içgeçme ýa iç gatama), ýaramaz uky, gaharjaňlyk.

Ondan soň zäherlenmäniň ol ýa-da beýleki görnüşine häsiýetli bolan alamatlar peýda bolýar. Mysal üçin, gurşun bilen dowamly zäherlenmede ýokarda görkezilen başky alamatlardan daşgary huşuň peselmesi, apatiýa ýüze çykýar. Kähalatlarda epileptiki görnüşli tutgaýlar, polinewritler, dişiň etlerinde «gurşun gaýmagy» ýaly alamatlar döreýär.

Tetraetilgurşun bilen zäherlenilende kelle agyry, ýaramaz uky, umumy gowşaklyk peýda bolýar. Soňra oňa barmaklaryň titreme-

si, gürleýşiň bozulmasy (dizartriýa) goşulýar. Käbir ýagdaýlarda aň bulaşmaly (seňseleme, deliriý), gallýusinator başdan geçirmeli (buýruk beriji eşidiş gallýusinasiýalary) ýiti psihotiki ýagdaýlar beterleşýär. Şulara taktil gallýusinasiýalary häsiýetli bolýar: agzyň içinde ýa-da gyzylödekde gyl bar ýaly duýgular häsiýetlidir. Tetraetilgurşun bilen zäherlenmäniň agyr görnüşleri heläkçilik bilen gutarýar. Zäherlenmeleriň bejergisinde 40%-li glýukozanyň erginini (15–20 ml) hem-de 25%-li magniý sulfatynyň erginini (5 ml) natriý hloridiniň izotoniki erginine goşup, damara sanjym etmeli, ýyly wannalary almaly. Günde 2–3 wagtyna 0,1 g. fenobarbital bellenilýär.

Uglerodyň okisi bilen zäherlenmede kelle agyry, deriniň agarmasy, gaýtarma, agyr ýagdaýlarynda – aňyň ýitirilmesi ýaly alamatlar mahsus. Kähalatlarda göçgünli biynjalyklyk bilen ýüze çykýan deliriý döreýär. Uglerod okisi bilen agyr zäherlenmede amnestiki sindromy hem döräp biler.

Uglerod okisi bilen ýiti zäherlenmede ejir çekeni arassa howa çykarmaly. Kislorod bilen dem bermeli, kofeini sanjym etmeli. Kähalatlarda gan goýberilip, soňundan natriý hloridiniň izotoniki ergini sanjym edilýär.

# IV BÖLÜM. PSIHOTERAPIÝA, PSIHOGIGIÝENA WE PSIHOPROFILAKTIKA

**Psihoterapiýa** näsag adama bejergi täsirini ýetirmegiň bir görnüşidir. Bejerginiň bu görnüşi näsagyň şahsyýetine maksada gönükdirilen söz arkaly psihiki täsir ýetirmegiň kömegi bilen terapewtiki netijä ýetmekligi göz öňünde tutýar. Şeýle bejergi diňe bir maksada gönükdirilen söz bilen ýüzlenmegi özünde jemlemän, eýsem näsag bilen gatnaşykda bolýan lukmançylyk işgärleriniň özlerini alyp baryşlaryny, şeýle hem tutuş psihologiki atmosferany, näsagyň ýüz tutan bejergi edarasyny häsiýetlendirýän lukmançylyk etiki düzgünlerini öz içine alýar. Psihoterapiýanyň esasy ýörelgeleri lukmançylyk deontologiýasynyň kadalary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Lukmançylyk hyzmatlarynyň ýokary medeniýeti diňe bir bejergi edarasynyň ýokary inçe hünärmenlik we edaranyň maddy-gigiýeniki derejesi bilen çäklenmeýär. Ähli lukmançylyk işgärleri (lukman, orta we kiçi lukmançylyk işgäri, kabulhana we beýlekiler) tarapyndan näsaga ýeterlik üns we asuda açykgöwünli gatnaşyk bolmasa, onuň psihikasynyň zeperlenmesine getirýär. Näsagyň psihikasyny goramak üçin yzygiderli we irginsiz alada her bir lukmançylyk işgäriniň gönümel borjudyr.

Dürli psihoterapewtiki usullar arkaly psihiki şikeslenmäniň netijelerini aradan aýyrmak, şeýle hem geljekde bolup biläýjek psihiki şikeslenmäniň öňüni almak (näsaglarda daşky otrisatel täsirlere bolan garaýşyň dogry guralan ulgamyny döretmek arkaly) psihoterapiýanyň gönüden-göni borjy bolup durýar.

Somatiki, şeýle hem nerw-psihiki bozulmaly näsaglar bejerilende psihoterapewtiki işleri geçirmekde orta lukmançylyk işgärleriniň ähmiýeti uludyr. Näsaglar olara dürli soraglar bilen ýüz tutýarlar. Orta lukmançylyk işgärleri, aýratyn-da ýatymlaýyn şertlerdäki has-

sahanalarda lukman belliklerini ýerine ýetirýän esasy işgär bolup durýar. Näsaglar özleriniň ýagdaýlary, barlaghana barlaglarynyň netijeleri, bellenen derman serişdeleri baradaky maglumatlary almak üçin orta lukmançylyk işgärleriniň boş wagty degişli soraglar bilen olara ýüz tutýarlar. Käbir näsaglar barlagyň ýa-da sanjymyň geçirilmegine garaşýan pursady howsala düşüp başlaýar. Şeýle ýagdaýlarda näsaglar, köplenç, öz soraglaryny dogry düzüp bilmeýär. Şol pursat orta lukmançylyk işgäriniň öz işi bilen başagaý bolmagy-da mümkin. Ýöne muňa garamazdan, orta lukmançylyk işgäri olaryň soraglaryna jogap bermeli we şol jogaplar olaryň ýokary hünärmenlik ussatlygyny bildirmeli. Şeýle hem berilýän jogaplarda deontologiýanyň talaplary berjaý edilmelidir. Näsagyň ýaşy barada-da ýatdan çykarmaly däl. Gartaşan ýaşdaky näsaglar adatça, ýüregedüşgünç, gorkak, ynjyk bolýar. Özleriniň soraglaryny we haýyşlaryny ýygy-ýygydan gaýtalaýarlar, köplenç, lukmançylyk işgärlerinden gaty görýärler. Orta lukmançylyk işgärleri näsagyň bu psihologiki aýratynlyklaryna düşünmelidir. Garrylyk psihozly agyr somatiki kesellilerde ýa-da katatoniki stupor ýagdaýdaky näsaglarda psihopatologiki bozulmalaryň aýdyňlygyna garamazdan, psihiki işjeňligi doly derejede bozulmaýar. Daşky görnüşinden hapysa, tapdan gaçan bolsalar-da, olar lukmançylyk işgärlerinden gowy sözlere, oňat gatnaşyklara garaşýar. Eger «kemakyl» ýa-da «däli» ýaly kemsidiji sözleri eşitseler, olarda umytsyzlyk döreýär. Kemakyllygyň çuňlaşan döwründe gürrüňlere düşünmezden, olar intonasiýa boýunça kabul edýärler. Gürrüňiň intonasiýasy mähirli bolanda köşeşýärler. Ipohondriki ýüze çykmalary bolan depressiw näsaglarda psihoterapewtiki çäreler näsaglaryň ýagdaýyny düýpli gowulaşdyrýar we olara edilýän gözegçiligi ýeňilleşdirýär. Ýeňil newrotiki ýagdaýlardan başlap, agyr psihopatiýalara çenli bejergilerde psihoterapiýa aýratyn ähmiýete eýedir. Newrozly näsaglar psihoterapiýa öz wagtynda ýerlikli ulanylanda köplenç, kesellerinden tiz saplanýarlar. Psihoterapiýa ýekelikde, şeýle hem toparlaýyn geçirilýär. Aralyk ýagdaýdaky näsaglarda ynam döretmek ýeňil geçýär, ýöne olaryň şol täsire girmegi birmeňzeş däl. Isteriýa häsiýetli adamlar, şeýle hem dowamly arakhorlykdan ejir çekýänler we kelle-beýnisine şikes ýetenler ýeňillik bilen gipnotiki täsire düşýär.

**Psihogigiýena** diýip, psihiki saglygy saklamaga we berkitmäge gönükdirilen çäreler baradaky ylma aýdylýar. Psihogigiýena zähmet we durmuş gigiýenasy bilen berk baglanyşyklydyr. Psihogigiýena çärelerini amala aşyrmakda ilat arasynda wagyz-nesihat işlerini geçirmek lukmanyň esasy borjudyr. Ylmy populýar kitaplaryň köp mukdarda çapdan çykarylmagy ilatyň medeni derejesini artdyrmaga, gigiýeniki bilimleri özleşdirmäge, şeýle-de lukmançylyk kömegini bermek üçin ir ýüz tutmaga ýardam edýär. Dogry guralan zähmet we dynç alyş, şeýle-de sport bilen meşgullanmaklyk diňe bir umumy keselleriň öňüni alman, eýsem nerw psihiki keselleriň öňüni almaklyga hem ýardam edýär.

**Psihoprofilaktika** psihogigiýena bilen berk baglanyşyklydyr.

Ähli psihiki kesellileriň dispanserizasiýalaşdyrylmagy, olaryň ýagdaýyna yzygiderli gözegçilik edilmegi, keseliň beterleşmegini öz wagtynda ýüze çykarmaga we degişli bejergi çärelerini geçirmäge mümkinçilik berýär. Ilata we önümçilige hassahanadan daşarky kömegiň berilmegi, önümçilikde ol ýa beýleki senagat awulary bilen galtaşykda bolýan işçilere we gullukçylara öňüni alyş barlaglarynyň geçirilmegi nerw-psihiki keselleriň irki, başlangyç görnüşleriniň ýüze çykarylmagyny üpjün edýär.

# V BÖLÜM. PSIHIKI NÄSAGLARA GÖZEGÇILIK WE IDEG ETMEK

Psihonewrologiki edaralaryň lukmançylyk işgärleriniň ýerine ýetirýän işleri beýleki hassahanalaryňkydan tapawutlydyr we birnäçe aýratynlyklara eýedir. Bu aýratynlyklar köp psihiki näsaglaryň özleriniň kesellidigine düşünmeýändiklerinden, käbir näsaglaryň özüni düýbünden näsag hasaplamaýandygyndan ybaratdyr. Mundan başga-da, aň bozulmalary bolan näsaglarda birden ýüze çykýan hereket göçgünliligi bolmagy mümkin. Şonuň üçin hem psihiatriki hassahananyň lukmançylyk işgärlerinden şu aşakdakylar aýratyn talap edilýär: yzygiderli hüşgärlik, sabyrlylyk we özüňi ele almaklyk, näsaglara bolan mylaýym gatnaşyk we berk indiwidual çemeleşme. Hassahananyň we bölümiň ähli işgärleriniň özara ylalaşykly işlemekleri möhümdir. Näsaglara ideg we gözegçilik etmekde ähli jikme-jiklikleri bilmek orta lukmançylyk işgärleri üçin zerurdyr. Orta lukmançylyk işgäri diňe bir bölümdäki ähli näsaglaryň adyny, familiýasyny we atasynyň adyny bilmek bilen çäklenmän, eýsem olaryň her biriniň bolýan otaglaryny, häzirki wagtdaky psihiki ýagdaýlaryny, bölümdäki näsaglaryň umumy sanyny we bölümde ýoklaryň näme sebäpli ýokdugyny bilmäge borçludyr. Ýörite gözegçilige we idege mätäçlik çekýän näsaglara aýratyn üns berilmelidir. Bu barada orta lukmançylyk işgäri, lukman bölüme aýlanyp görende, orta lukmançylyk işgärleriniň gündeliklerindäki ýazgylardan we irdenki ýygnaklaryndan bilýär. Şeýle hem lukman tarapyndan bellenilen ähli bejergileri takyk bilip, olary görkezilen wagtynda anyk ýerine ýetirmeli. Näsaglara ýüzlenilende hemişe mylakatly bolmaly. Hemme näsaglara deň derejede gözegçilik etmeli. Birahat näsaglar saklanýan bölümde işleýän aýal-gyzlar iş wagtynda monjuk, gulaksyrga, gülýaka we ş.m. şaý-sepleri dakynmaly däldir. Sebäbi olar göçgünli näsaglar saklanan-

9. Sargyt № 2342

da päsgel berýär. Haçanda näsaglarda hereket ýa-da sözleýiş göçgünliligi başlansa ýa-da onuň ýagdaýy birden üýtgese, onda orta lukmançylyk işgäri gyssagly ýagdaýda bejergi geçirmeli ýa-da nobatçy lukmana habar bermeli. Orta lukmançylyk işgärine özbaşdak derman serişdesini ýa-da çäreleri bellemeklige, näsaglary bir otagdan beýlekä geçirmeklige, hatda şol bir otagyň içinde ýerini üýtgetmeklige rugsat berilmeýär. Näsagyň ýanynda, hatda ol daş-töweregindäki bolup geçýän hadysalara ähmiýet bermeýän hem bolsa, gapdaldan gürrüňleri etmeklige rugsat berilmeýär. Şeýle häsiýetdäki gürrüňler näsaglara dürli derejede täsirini ýetirýär, aglabasynyň biynjalyklygyny, howsalasyny, paranoidli näsaglaryň ýagdaýyny beterleşdirip bilýär. Netijede, şeýle näsaglar orta lukmançylyk işgärlerine şübhelilik bilen garap, olaryň elinden derman serişdelerini içmegi bes edýärler. Näsaglaryň ýanynda hiç bir näsagyň saglyk ýagdaýy, keseli, keselden saplanyp bilmek ýagdaýy barada gürrüň etmeli däldir. Näsaglaryň üstünden gülmek, kakdyryp gürlemek, oýunlyga salyp gürlemek düýbünden gadagan edilýär.

Köplenç, paranoidli näsaglar özleriniň hassahanada bolmaklarynyň sebäbi barada heňe gelmeýän dürli gürrüňleri, ýagny özleriniň hassahana bejerilmek üçin däl-de, özlerinden dynmak, öldürilmek üçin ýerleşdirilendiklerini aýdýarlar. Şeýle ýagdaýlarda näsagy ünsli hem-de sabyrly diňlemeli. Näsagy her edip-hesip edip, pikirinden dänderjek bolmaly däl, ýöne ylalaşmaly hem däl. Köplenç, bu ýagdaýlarda näsaga onuň edýän pikiriniň nädogrudygyny, howsala düşmesiniň ýerliksizdigini hem-de näsag bolandygy üçin oňa bejerginiň gerekdigini aýtmaly. Näsag adatça, bu pikir bilen ylalaşmaýar we şol wagt özüniň haçan hassahanadan çykaryljakdygyny soraýar. Bu sorag bilen bejeriji lukmana ýüz tutmaklygy näsaga maslahat bermeli. Psihiki näsaglar bejerilende, olaryň haçan hassahanadan çykaryljakdygy barada anyk bir möhleti görkezip bolmaýar, sebäbi bejergi döwründe ol ýa beýleki bejergi işlerini geçirmek üçin goşmaça wagtyň gerek bolmagy ýa-da näsagyň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy ähtimal. Hassahanadan çykarmagyň möhleti hakynda, soň hiç hili dawa-jenjeliň bolmazlygy üçin, çen bilen aýdyp bolar. Hassahanadan çykarylma-

zyndan diňe birnäçe gün ozal onuň anyk möhleti barada aýdyp bolar. Kähalatlarda şepagat uýasy näsagy köşeşdirmek üçin hossarlary bilen duşuşdyrmagy, telefon arkaly gürleşdirmegi wada berýär, ýöne ony ýerine ýetirmeýär, ýagny näsagy aldaýar. Bu düýbünden ýol berilmesiz ýagdaýdyr, sebäbi şeýle edilende, näsagda tutuş lukmançylyk işgärlerine bolan ynamsyzlyk döreýär. Eger-de ol ýa beýleki bir soraga jogap bermek mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýynda, onda näsagyň ünsüni sowmak üçin gürrüňi başga tarapa sowmaly. Näsagy aldaw ýoly bilen dispansere ýerleşdirmeli däl. Şeýle edilmegi onuň bilen gatnaşyk saklamagy kynlaşdyrýar, näsagda ynamsyzlyk peýda bolup, ol özi hakynda hiç zat gürrüň bermeýär, kähalatlarda bolsa, onda gaharjaňlygyň döremegine getirýär.

Näsaglardan gorkmaly däl, ýöne artykmaç batyrgaýlyk hem görkezmeli däl. Sebäbi onuň ýaramaz netijelere getirmegi mümkin.

Näsaglarda duýdansyz ýagdaýda, garaşylman durka lukmançylyk işgärleriniň ýa-da beýleki näsaglaryň garşysyna gönükdirilen göçgünli topulma hereketleriniň peýda bolmagy mümkin. Umuman alanymyzda, näsaglaryň lukmançylyk işgärleriniň garşysyna gaharly topulma ýaly hereketleri seýrek bolýar. Hiç bir ýagdaýda hem näsaglaryň kesel bilen baglylykda ýüze çykýan gaharly göçgünlilik hereketlerine lukmançylyk işgäri gaharlanmaly, öýkelemeli däl. Köplenç, näsag sagalandan soň öz eden işine ötünç soraýar.

Näsaglaryň arasynda dawa-jenjel ýa-da uruş ýüze çyksa, şepagat uýasy olary aýrylyşdyrmak üçin gyssagly çäreleri görmeli (munuň üçin kiçi lukmançylyk işgärlerini hem-de parahat näsaglary kömege çagyrmaly) we haýal etmän, lukmana habar bermeli. Şeýle ýagdaý ýüze çykanda näsaglaryň ýanynda bir näsagy aklamak ýa beýlekini ýazgarmak bolmaýar.

Näsaglar köplenç, lukmançylyk işgärlerine dürli haýyşlar bilen ýüz tutýarlar. Olaryň köpüsi ýerine ýetirilip boljak haýyşlar. Ýöne olary ýerine ýetirmezden öň, onuň getirip biljek netijesi barada oýlanmaly. Mysal üçin, fiziki täsirli paranoidi bolan şizofreniýaly bir näsag bejeriş tapgyry geçirilenden soň, özüni ep-esli oňat duýupdyr, ýöne ondaky paranoid pikirler doly ýitmändir we näsag ony gizläpdir

(dissimulirlemek). Agşamara näsag şepagat uýasyndan rezin deşmek üçin temençe bermegini sorapdyr. Şepagat uýasy temençäni beripdir. Şondan soň, çagyrylan lukman onuň ýüzüniň zeperlenendigini görüpdir. Bu näsag «Gije uklap ýatyrka agzyny açyp awy sepmezlikleri üçin» öz agzyny temençe bilen «baglamaga» synanyşypdyr.

Näsaglar köplenç, dürli edaralara, guramalara dürli görnüşli hatlary, arza-şikaýatlary ýazýarlar. Olar öz hatlarynda özleriniň çekýän «jebirleri, ezýetleri» barada beýan edip, barlag toparynyň barlagyndan geçirilmegini talap edýärler. Şonuň üçin hem hatlar iberilmezinden öň şepagat uýasy ýa-da lukman tarapyndan doly okalmalydyr. Mazmuny boýunça kesel häsiýetli bolan ýa-da heňe gelmeýän, bolmajak zatlar barada ýazylan hatlar iberilmeýär. Bu hatlary şepagat uýasy lukmana bermeli. Hassahananyň bölümlerine gelýän hatlary hem näsaga bermezden öň ilki okamaly. Sebäbi bu hatlarda näsagy gynandyryp, onuň ýagdaýyny ýaramazlaşdyryp biljek habarlaryň bolmagy ähtimal. Näsaglaryň hossarlarynyň ýa-da tanyşlarynyň bilip ýa-da bilmezlikden näsagyň saglygyna zyýan ýetirjek zatlary geçirmezlikleri üçin näsaga geçirilýän goşlar, iýmitler hem berk barlanylmaly. Mysal üçin, dermanlar (esasan hem neşe serişdeleri), spirtli içgiler, iňňeler, ruçka, pyçak, dürtgüç, otluçöp we ş.m.

Şepagat uýasy kiçi lukmançylyk işgärleriniň ýerine ýetirmeli işlerini jikme-jik bilmeli we olaryň işlerine gözegçilik etmeli. Kiçi lukmançylyk işgärine ýerine adam goýmazdan, öz ýerini boş goýmazlygyny ýatlatmaly. Iş ýerine gelen kiçi lukmançylyk işgäriniň täze çalşygyna şepagat uýasy berk gözegçilige, aýratyn-da idege mätäç näsaglar barada gerekli görkezmeleri bermeli. Aýratyn ideg edilmeli näsaglara köplenç, depressiýaly näsaglar, gallýusinasiýaly, paranoidli, aýratyn-da fiziki täsirli paranoidi we yzarlanma paranoidi bolan näsaglar, ýygy tutgaýly epilepsiýaly ýa-da aňy alagaraňkylykdaky ýaly bozulmaly wagtal-wagtal tutgaýy bolan näsaglar, nahardan ýüz dönderýän fiziki taýdan tapsyz näsaglar we beýlekiler degişlidir. Berk gözegçiligiň alnyp barylmagy şeýle ýagdaýly näsaglarda bolup biljek heläkçilikleriň (öz janyna kast etmek, öz endamyna ýara salmak, gaçmak, daş-töweregindäkilere topulmak) öňüni almaga ýardam ber-

ýär. Bu näsaglar sähelçe salymlyk hem gözden sypdyrylmaly däldir. Eger öz janyna kast etmek meýli bolan näsag başyny ýorgana bürenip ýatsa, onuň ýanyna barmaly we ýüzüni açmaly. Sebäbi şeýle näsaglaryň ýorganynyň aşagynda öz janlaryna kast edýän wagtlary bolýar. Bedeniniň temperaturasy ölçelende, näsagyň termometr bilen öz janyna kast etmezligi üçin, örän ünsli bolmaly. Eger näsag hajathana tarap ýörese hem ony gözden salmaly däl. Gözegçilik gije-gündiz alnyp barylmaly we gowşadylmaly däl. Şeýle näsaglar ýerleşdirilýän otag gijesine ýeterlik ýagtylandyrylmaly.

Näsaga derman berlende hem, onuň dermany doly içendigine anyk göz ýetirilýänçä onuň ýanyndan aýrylmaly däl (agzynyň içini barlamaly). Sebäbi ol ýa beýleki sebäplere görä, bejerilmek islemeýän näsaglar (paranoid pikirliler, gorkulylar, negatiwliler) dermany alyp ýa içmän zyňýar, ýa-da özüni zäherlemek üçin olary toplaýar. Eger şeýle şübhelenme ýüze çyksa, näsagyň goşlaryny we düşegini barlamaly. Şeýle edip barlamaklygy köp näsaglarda hem geçirip durmaly. Näsagyň göwnüne degmezlik üçin, onuň goşlary ýa gezelenç edilýän döwürde, ýa-da onuň hammamda wagty barlanylmaly. Gyssagly barlagyň geçirilmegi ýüze çykanda, näsaga hammama girmek teklip edilýär ýa-da ol lukmanyň otagyna söhbetdeşlige çagyrylýar.

Kähalatlarda öz janyna kast etmek meýli bolan näsaglar gezelenç edýän wagtynda aýna bölejiklerini, metal bölejiklerini, çüýleri ýanlary bilen alyp gaýdýar, şonuň üçin hem kiçi lukmançylyk işgärleri näsaglaryň özlerini alyp baryşlaryna ünsli gözegçilik etmeli. Gezelenç edilýän ýerleri doly arassalap durmaly. Näsaglaryň ýanynda otluçöp bolmaly däl.

Näsaglarda uzyn galamlar, çakgylar, saça berkidilýän temençeler bolmaly däl.

Näsagyň saçyny kiçi lukmançylyk işgäriniň garamagynda dellekçi deňlemeli. Näsagyň dellegiň elinden päkisini alyp, öz bedenine zyýan ýetirmezligi, ýara salmazlygy üçin dellekçi howpsuz päkini ulanmaly. Naharlanylýan wagty näsaglara pyçak we ş.m. berilmeýär. Nahary diňe çemçe bilen iýmeli, iýdirmeli. Pyçaklar we beýleki kesiji

ýiti zatlar saklanylýan naharhana hemişe gulp bilen gulplanylmaly. Näsaglara nahar taýýarlanylýan ýere girmeklige rugsat berilmeýär.

Bölümlerde, adatça, yzygiderli idegiň edilmegine mätäçlik çekýän näsaglar bolýar. Näsaglaryň şu toparyna katatoniki we depressiw stuporly, kelle-beýniniň organiki bozulmalary bolan paraliç-ysmazly ýa-da çuňňur kemakyllygy bolan halys tapdan düşen we ş.m. näsaglar degişlidir. Olar köplenç, özbaşdak naharlanmagy başarmaýar, olary elde naharlamaly we suw içirmeli bolýar. Fiziki taýdan tapsyz näsaglara, şeýle-de ýuwutmasy kynlaşan näsaglara suwuk naharlary, kiçijik bölejiklere bölünen iýmitleri howlukmazdan, az-azdan bermeli. Şeýle edilmese, näsagyň düwünmegi mümkin. Näsagyň düşeginiň we eşikleriniň arassa bolmagyna gözegçilik etmeli. Munuň üçin wagtal-wagtal näsaglara peşew gabyny (sudno) bermeli. Içegelerini arassalamak üçin wagtal-wagtal arassalaýjy içýuwgy etmeli. Turmaklyga rugsat berilýän näsaglary hajathana alyp gitmeli. Peşew edip bilmezlik ýagdaýynda (bu köplenç katatoniýada bolýar) ony kateteriň kömegi bilen aýyrmaly. Uzak wagtlap düşekde ýatan näsaglarda ýaralaryň döremezligi üçin olaryň bedenini, derisini yzygiderli barlap durmaly (hepdede 1–2 gezek). Esasan-da türre we otyrýer töwereklerine, ýagyrnysyna üns bermeli. Ýaralaryň ilkinji alamatlary ýüze çykan – deriniň gyzaryp başlan badyna näsagy ortasy deşikli rezinde ýatyrmaly, derisini kamfora spirti bilen süpürip durmaly. Eger näsag iýmeýän, içmeýän we ony zond bilen iýmitlendirmeli bolsa, agyz boşlugyny wagtal-wagtal arassalap durmaly. Saçlarynyň arassalygyna hem berk gözegçilik etmeli (gowusy, olary gysgajyk edip deňlemeli).

Naharlanmakdan ýüz öwürýän näsaglar aýratyn üns berilmegini talap edýär. Katatoniki stupor, negatiwizm, zäherlenme, öz-özüni günäkärleme paranoidleri, näsaga naharlanmagy gadagan edýän buýruk beriji gallýusinasiýalar we ş.m. näsaglaryň naharlanmakdan ýüz öwürmeklerine sebäp bolýar. Bu ýagdaýlaryň her birinde näsagyň nahardan ýüz öwürmeginiň sebäbini anyklamaly. Kähalatlarda ýalbar-ýakardan soň näsag nahar iýip başlaýar. Käbir näsaglar bolsa işgärleriň diňe belli birine ýa-da hossarlarynyň birine özlerine nahar iýdirmegi ynanýar. Negatiwizm hadysalary bolan näsaglar nahary

ýanlarynda goýup aýrylsaň, diňe şonda iýýärler. Käbir ýagdaýlarda, aýratyn-da tapdan düşen hor näsaglara 4–16 täsir birligi (TB) insulini ajöze goýbermek peýdalydyr, sebäbi şondan soň açlyk duýgusy peýda bolýar. Kähalatlarda birnäçe kynçylyklardan soň näsagy naharlamak mümkin bolýar.

Eger-de näsagy naharlandyrmak üçin ähli geçirilen çäreler netije bermese, onda näsag zond arkaly naharlandyrylýar. Zond arkaly naharlandyrmak üçin aşakdakylary taýýarlamaly: 1) rezin zond (deşigiň diametri 0,5 sm töweregi, bir ujy tegelek, iki sany gapdal deşikli, beýleki tarapy açyk); 2) zonduň açyk ujy geýdirilýän guýguç; 3) girizmekden öň zonda çalmak üçin wazelin ýa-da gliserin; 4) iýmitlendiriji garyndy, onuň düzümine 500 g süýt, 2 ýumurtga, 50 g şeker, 20–30 g mesge, 5–10 g duz we witaminler girýär (iýmitlendiriji garyndy ýyly bolmaly); 5) 2 bulgur gaýnan suw ýa-da çaý; 6) arassa rezin ballony; 7) otluçöp; 8) agzy açyp saklaýan gural. Hemme zatlar taýýar edilenden soň näsag düşekde arkan ýatyrylýar. Adatça, näsag garşylyk görkezýär, şonuň üçin hem ony 2–3 sany kiçi lukmançylyk işgäri saklamaly bolýar. Zonda wazelin ýa-da gliserin çalyp, ol burna sokulýar. Zond burundan bokurdaga, bokurdakdan gyzylödege, soňra bolsa aşgazana barýar. Şonuň üçin zonduň uzynlygy 50 sm töweregi bolmaly. Zond gyzylödege baranda näsagda gaýtarma hereketleri bolýar, ondan başga-da näsagyň özüniň zondy aýyrmaga synanyşyk etmegi mümkin. Şonuň üçin hem şol wagtda näsagda dem alşyň gysga wagtlyk peselmesi bolup biler, näsag gyzarýar, bedenini gataldýar. Şeýle ýagdaýlarda näsagyň agzyny ýapmaly we oňa burnundan dem almalydygyny we ýuwdunmalydygyny aýtmaly. Eger näsagyň dem almasy kynlaşsa, ýüzi gögerse, göçgünliligi güýçlense, zondy haýal etmän aýyrmaly.

Iýmitlendiriji garyndyny goýbermezden öň zonduň aşgazana barandygyna gutarnykly göz ýetirmeli. Muny aşakdakylar arkaly bilip bolýar: 1) näsag gowy dem alýar; 2) ýanyp duran otluçöp zonduň deşiginiň ujuna eltilip saklanylanda ýalyn iki-ýana galgamaýar; 3) ballonyň kömegi bilen guýguja goýberilýän howa aşgazanda lykyrdap ses döredýär.

Iýmitlendirmek şeýle ýerine ýetirilýär. Ilki bilen guýgujy zonduň ujuna geýdirmeli. Soňra guýguja ýarym bulgur töweregi mylaýym gaýnan suw ýa-da çaý guýmaly. Şondan soň garyndyny goýberip başlamaly. Onuň aşgazana tiz düşmezligi üçin guýgujy gaty ýokarda saklamaly däl. Soňra guýguja 1–2 bulgur gaýnan suw ýa-da çaý guýmaly. Zondy derrew aýyrmaly, ýöne çalt hereket etmeli däl. Iýmitlendirip bolnandan soň näsagy şol ýagdaýda birnäçe minut ýatyrmaly. Sebäbi onuň gaýtarmagy mümkin. Gaýtarmagyň öňüni almak üçin atropiniň erginini deri astyna goýbermeli (iýmitlendirmeden 10–15 minut öň). Şeýle ýol bilen iýmitlendirmek kähalatlarda birnäçe aýa çekýär. Şonuň üçin wagtal-wagtal zonduň geçýän ýerlerini barlap durmaly.

Zondy burundan girizmek mümkin bolmadyk ýagdaýlarda (burunda gyşarmanyň bolmagy, polipler) ony agyzdan girizmeli. Ýöne näsag zondy dişi bilen gysmaz ýaly öňünden agzy açyp saklaýan guraly näsagyň agzyna salmaly.

Zond arkaly iýmitlendirmegi lukman ýa-da onuň gözegçiligi astynda şepagat uýasy ýerine ýetirýär.

Göçgünli näsaglara aýratyn üns berilmeli. Göçgünlilik şizofreniýada (katatoniki we gebefreniki göçgünlilik), maniakal-depressiw psihozda (maniakal faza), dürli gelip çykyşly deliriýli we amentiw ýagdaýlarda ýüze çykyp biler. Göçgünli hereketlere garşy göreşde ilki bilen derman serişdeleri ulanylmaly. Göçgünlilikde 2,5 %-li aminazin erginini bir gije-gündiziň dowamynda 200–400 mg damara goýbermek oňat netije berýär. Şu maksat bilen neuleptil, triftazin, galoperidol, tizersin, karbamazepin we beýleki neýroleptiki serişdeler hem ulanylýar.

Käbir ýagdaýlarda magniý sulfatyň 25 %-li ergini gan basyşy pes bolmadyk ýagdaýynda 5–10 ml-den goýberilýär. Adatça, göçgünlilikde näsaglaryň derman içmeýändikleri sebäpli, olara damar içine derman goýbermeli ýa-da göni içegede içýuwgy etmeli, suppozitoriý ulanmaly.

Kähalatlarda göçgünli näsagy, haýsydyr bir derman serişdesi berilýänçä, düşeginde ýatyryp saklamaly bolýar. Şepagat uýasy diňe bir näsagy saklamagyň düzgünlerini bilmeli däl-de, eýsem olary kiçi luk-

mançylyk işgärlerine görkezmegi hem başarmaly. Näsagyň göçgünliligine baglylykda ony 1–2, kähalatda bolsa 3–5 sany kiçi lukmançylyk işgäri düşeginde saklamaly bolýar.

Güýçli göçgünlilikde näsagy düşeginde ýatyryp, onuň aýaklaryny, ellerini ýumşak mata bilen daňmaly. Eger näsag göçgünlilik ýagdaýynda kellesini urjak ýa-da töweregindäkileri dişlejek bolsa, üçünji bir adam onuň kellesini saklamaly. Munuň üçin kiçi lukmançylyk işgäri maňlaýyna desmal (polotensa) goýup, onuň kellesini ýassyga basmaly. Näsagy uzak wagt saklamaly bolsa, matany onuň maňlaýyndan geçirip krowada daňmaly. Näsag saklanylýan wagty oňa agyry-ynjy ýetirmezlik üçin, ony prostyn ýa-da odeýal bilen saklamaly. Näsaga agyry ýetirmezlik ýa-da gapyrgalarynyň döwülmezligi üçin onuň garnyna we döşüne basmaly däl.

Eger güýçli göçgünliligi bolan näsag haýsydyr bir zat bilen howp salyp, öz ýakynyna golaýlaşdyrmasa, odeýaly açyp ýokarrakda saklap, onuň ýanyna kem-kemden golaýlaşmaly we çaltlyk bilen onuň üstüni büremeli. Şondan soň ony düşege geçirip, ýokarda görkezilişi ýaly edip daňmaly.

Göçgünli näsag bir bölümden beýleki bölüme geçirilende, ony dogry saklamaly. Göçgünliligiň häsiýetine we näsagyň güýjüne görä, ony saklamagyň birnäçe usullary ulanylýar. Eger näsagy kiçi lukmançylyk işgäri alyp barýan bolsa, onuň elini arkasynda atanak görnüşde goýup, ýany bilen ýöräp gitmeli. Näsag elden sypmak, kellesini bir zada urmak üçin garşylyk görkezip biler. Muňa ýol bermezlik üçin näsagyň atanak goýlan ellerini ýokary galdyrmaly. Şeýle edilende, näsagyň eginleri we kellesi gowşaýar. Güýçli göçgünlilikde näsagy iki sany kiçi lukmançylyk işgäri alyp gitmeli. Olaryň hersi näsagyň bir tarapyndan baryp, onuň barmaklarynyň ýanyndan elinden tutup we tirsek damarlaryndan ýokarrakda egninden saklap gitmeli. Näsagyň elleri arka tarapyna öwrülen bolmaly.

Epilepsiýaly näsaga gözegçilik edilende, olaryň köplenç daş-töweregindäkiler bilen uzak wagtlaýyn dawa-jenjele giryändiklerini ýatdan çykarmaly däl. Munuň göçgünli topulmalara getirmegi mümkin. Şepagat uýasy näsagy wagtynda köşeşdirmegi, onuň ünsüni sowma-

gy başarmaly. Muňa garamazdan, näsagyň gaharjaňlygy köşeşmese, dartgynlylygyna galsa, bu hakda lukmana habar bermeli. Birnäçe sagada ýa-da birnäçe güne çekip bilýän disforiýa (keýpiň bozulmasy) ýagdaýynda gaharjaňlygyny beterleşdirmezlik, ýüregine düşmezlik üçin onuň ýanyna az barmaly. Oňa doly rahatlygy, asudalygy üpjün etmeli.

Bölümiň rahatlygyny bozup durýan psihopatlara ideg etmek köp kynçylyklary döredýär. Şu näsaglar daş-töweregindäkiler bilen dawa-jenjele köp girýär. Şeýle ýagdaýda olar bilen berk gürleşip, olary düzgün-tertibi berjaý etmeklige çagyrmaly.

Gündelikleri ýöretmek şepagat uýalarynyň gönüden-göni borçlary bolup durýar. Olarda şepagat uýasy günüň dowamynda näsaglaryň ýagdaýlarynda görenleriniň hemmesini ýazmaly. Eger gündelikler dogry ýazylan bolsa lukmanlar üçin olaryň ähmiýeti uludyr. Sebäbi lukmana garanyňda, şepagat uýasy näsag bilen köp gatnaşykda bolýar we olaryň ýagdaýyndaky üýtgeşmeler barada köp zatlary görýär. Bu gündelikleriň indiki çalşykdaky şepagat uýalaryny we kiçi lukmançylyk işgärlerini näsagyň ýagdaýy bilen tanyşdyrmakda hem ähmiýeti uludyr. Hassahananyň bölümleriniň işgärleriniň dogry gözegçiligi we bejergini geçirmegi, işi takyk we ylalaşykly gurnamagy netijesinde psihiki bozulmalardan ejir çekýän näsaglara kömek bermekde oňat netijeleri alyp bolar.

## Psihiatriýada ulanylýan adalgalar we sözlükler

**Absans (bolmazlyk)** – epilepsiýaly näsaglardaky gysga wagtlaýyn aň bozulmasy.

**Abstinensiýa** – neşekeşler, arakhorlar ulanýan serişdelerini goýanlarynda döreýän azarlama alamaty (somatiki, nerw we psihiki bozulmalar).

**Aggrawasiýa** – hakykatda bar bolan keselli üýtgemeleri bilkastlaýyn artdyrmaklyk, özünde bar bolan kesel alamatlaryny ulaldyp aýtmak.

**Agrafiýa** – ýazyp bilmek ukybynyň ýitirilmegi.

**Agressiw** – gahar-gazaply.

**Agripniýa** – ukynyň bozulmasy, ukusyzlyk.

**Adekwat** – dörän ýagdaýa gabat gelýän, mysal üçin, şatlykly habary alanda adamyň ýüz-gözüniň şatlanmasy.

**Ažitirlenen** – howsalaly göçgünlilik.

**Akalkuliýa** – sanamak mümkinçiliginiň ýitirilmegi.

**Akoazmlar** – ses, şatyrdy, sykylyk we beýleki sesler görnüşindäki eşidiş gallýusinasiýalary.

**Akrosianoz** – ýüzüň, el-aýaklaryň gögermesi.

**Aleksiýa** – okamak ukybynyň ýitirilmegi.

**Alsgeýmeriň keseli** – garrylyk demensiýasy, psihotiki ýagdaýlaryň utgaşmagy.

**Amawroz** – körlük, görejiň ýagtylyga bolan reaksiýasynyň saklanmasy bilen doly körlük.

**Amentiw sindromy** – aň bozulmalarynyň ýiti bulaşyklygy, ugur almaklygyň doly ýitirilmegi, bölekleýin gallýusinasiýalar, ýatan ýerinde samrama, gürleýşiň arabaglanyşyksyzlygy we hereket biynjalyklygy (adatça, düşegiň çäginde) bilen häsiýetlenýär.

**Amimiýa** – köplenç, ýüzi nikap şekilli görnüş berýän; mimiki hereketleriniň bolmazlygy.

**Amneziýa** – durmuşyň belli bir döwürlerindäki wakalaryň huşdan ýitirilmegi.

| | |
|---|---|
| **Amnestiki afaziýa** | – näsag predmetleriň nirede ulanylýandygyny bilse-de, ýöne olary atlandyryp bilmeýär. Mysal üçin, näsaga ruçkany görkezip nämedigi soralanda, ol onuň adyny tapman ýazylyş hereketini görkezýär. |
| **Amnestiki sindrom (S. S. Korsakowyň sindromy)** | – häzirki döwürde bolup geçýän wakalary ýatda saklap bilmezlik, ýöne öňki zatlaryň ýadynda saklanmagy; konfabulýasiýalaryň ýa-da psewdoreminissensiýalaryň bolmagy, şeýle-de ugur alyp bilmegiň kynlaşmasy bilen tapdan düşmek. |
| **Analgeziýa** | – agyryny duýmazlyk. |
| **Anesteziýa** | – duýujylygyň bolmazlygy. |
| **Anizokoriýa** | – göreçleriň dürli ululykda bolmagy. |
| **Anoreksiýa** | – işdäniň ýitmegi. |
| **Anosmiýa** | – ys alşyň ýitmegi, yslary tapawutlandyryp bilmezlik. |
| **Anterograd amneziýa** | – şikes, kesel başlan badyna, şeýle-de soňky bolan wakalaryň ýadyna düşmezligi. |
| **Apatiýa** | – parhsyzlyk, höwesiň bolmazlygy. |
| **Argaýl Robertsonyň simptomy** | – göreçleriň akkomodasiýa we konwergensiýa bolan reaksiýasynyň saklanmagynda olaryň ýagtylyga bolan reaksiýasynyň ýitirilmegi. |
| **Arefleksiýa** | – refleksiň bolmazlygy. |
| **Astaziýa-abaziýa** | – merkezi ýa-da çetki nerw ulgamynyň organiki zeperlenme alamatlary bolmazdan durup we ýöräp bilmezlik. Näsag düşeginde barlananda aýaklarynda ähli hereketler saklanýar. |
| **Asteniýa** | – umumy gowşaklyk, tiz tapdan düşmeklik, gurpsuzlyk. Köplenç, ýokanç keselden ýa-da başga agyr somatiki keselden, psihozlardan, operasiýalardan soň ýüze çykýar. |
| **Ataksiýa** | – hereketleriň sazlaşyksyzlygy. |
| **Atoniýa** | – tonusyň bolmazlygy. |
| **Aura** | – epileptiki tutgaýyň öň ýanynda duş gelýän alamat. Gysga wagtyň, hatda sekuntdan hem az wagtyň içinde gözüne zat görünmegi, gulagyna ses eşidilmegi, burnuna ys gelmegi we ş.m. |

| | |
|---|---|
| **Autizm** | – daş-töweregindäkilerden üzňelik, näsagyň öz pikirine çümmesi. Şeýle ýagdaýda onuň bilen gürrüňdeşlige girmek kynlaşýar. |
| **Afaziýa** | – kelle-beýniniň organiki zeperlenmesinde gürleýşiň ýitmegi. |
| **Afoniýa** | – ses çykarmanyň peselmesi, köplenç kakynda duş gelýär. |
| **Affekt** | – duýgurlygyň aşa güýçli ýüze çykmasy (güýçli ýigrenç, begenç, gorky), adatça wegetatiw ýüze çykmalar (ýüzüň agarmasy we gyzarmasy) bilen utgaşýar. |
| **Bulimiýa** | – hajymeliklik, doýmaz-dolmazlyk. |
| **Wegetatiw alamatlar** | – wegetatiw alamatlar toplumy (der bölüp çykarmaklygyň bozulmasy, wazomotor ýagdaýlar we beýlekiler). |
| **Wmenýaýemyý** | – öz hereketlerine akyl ýetirip we erk edip bilýän psihikasy ýoýlan näsaglar hem-de sag adamlar. Olaryň öz hereketlerine kazyýetiň öňünde jogap bermäge ukyplary bardyr. |
| **Gallýusinasiýalar** | – ýok ýerden bir zady kabul etmek duýgusy (görüş, eşidiş, ys alyş, tagam biliş we ş.m.). |
| **Gallýusinoz** | – durnukly gallýusinasiýalary (adatça, eşidiş) bilen häsiýetlenýän sindrom. Köplenç, beýni merezýelinde we arakhorlykda duş gelýär. |
| **Gipnagogiki gallýusinasiýalar** | – uka gidýän, irkilýän döwründe näsagda ýüze çykýan gallýusinasiýalar. |
| **Gipnokompiki gallýusinasiýalar** | – ukudan oýanylýan wagty göze görünýän gallýusinasiýalar |
| **Gidrosefaliýa** | – kelle-beýnisine suw ýygnanyp, onuň ulalmasy. |
| **Giperakuziýa** | – seslere bolan ýokary duýgurlyk. |
| **Giperesteziýa** | – duýgurlygyň ýokarlanmasy. |
| **Giperkinezler** | – erkiňe bagly däl hereketler. Gabyk beýni örtüginiň aşaky bölеginiň tijenmesinde duş gelýär. Köplenç kiçi horeýada bolýar. |
| **Gipermimiýa** | – mimiki hereketleriň ýokarlanmasy. |

**Gipersomniýa** – ukuçyllygyň aşa ýokarlanmasy.

**Gipesteziýa** – duýgurlygyň peselmesi.

**Gipnoz** – ynam döretmek arkaly emeli döredilýän uky. Şu ýagdaýda adam gipnoz edýäniň täsirine düşüp beýleki täsirleri kabul etmeýär. Psihoterapiýanyň usullarynyň biri.

**Gipomimiýa** – mimiki hereketleriň gowşamagy, mimiki reaksiýalaryň ýeterlik derejede ýüze çykmazlygy.

**Gomoseksualizm** – beçebazlyk.

**Debillik** – dogabitdi kemakyllygyň ýeňil derejesi, aýdyň ýüze çykmadyk akyl taýdan yza galmaklyk.

**Degradasiýa** – şahsyýete mahsus häsiýetleriň peselmesi, ýoýulmasy.

**Dezintoksikasion bejergi** – bedenden zäherli maddalary çykarmaga gönükdirilen bejergi.

**Dezoriýentirowka** – näsagyň özüniň we töweregindäkileriň niredediginden, näme işläp ýörendiginden we wagtdan ugur alyp bilmezligi.

**Deliriý** – aň bozulmasynda ýüze çykyp, görüş gallýusinasiýasy, illýuziýa bilen utgaşýar. Gözüne görünýän zatlar elhenç bolanda gorky döräp galagop ýagdaýa düşýär. Yzarlanýan ýaly bolup, elde-aýakda saklatmaýar.

**Demensiýa** – üç ýaşdan soň haýsy hem bolsa bir zeper ýetiriji täsir sebäpli ýüze çykan akyl peselmesi.

**Depressiýa** – çuňňur gam-gussaly tukatlyk.

**Dizartriýa** – sözleriň aýdylyşynyň bozulmasy. Çylşyrymly sözleriň we çalt aýdylýan sözleriň kynlyk bilen aýdylmasy, söz bogunlarynda büdrelmesi.

**Diplopiýa** – gözüňe goşa görünme.

**Dipsomaniýa** – birnäçe günden hepdä çenli we ondan hem köp wagtlap dowam edýän spirtli içgileri içmeklige bolan wagtal-wagtal döreýän saklanyp bolmaýan güýçli isleg. Spirtli içgileri içmekligiň arasy kesilen döwürde bolsa spirtli içgileri içmekden doly saklanmak.

| | |
|---|---|
| **Dissimulýasiýa** | – özünde bar bolan kesel alamatlaryny gizlemek. |
| **Disfagiýa** | – ýuwdunmagyň bozulmasy. |
| **Idiotiýa** | – dogabitdi kemakyllygyň iň çuňňur derejesi. |
| **Iki dürli ugur almak** | – näsagda bir wagtyň özünde dogry we ýalan göz öňüne getirmesi bolan ugur alyş bozulmasy, ýagny şol bir wagtyň özünde iki ýerdedigine bolan ynamy. Mysal üçin, hassahanada we tussagda. |
| **Illýuziýa** | – hakykatda bar bolan zatlaryň ýoýlan görnüşde kabul edilmegi. Mysal üçin, otuň üstünde ýatan taýagyň ýylan ýaly kabul edilmesi. |
| **Imbesillik** | – dogabitdi kemakyllygyň aram derejesi. |
| **Imperatiw** | – buýruk beriji, höküm ediji sesleriň eşidilmesi. |
| **Impulsiwlik** | – adamyň özüne erk edip bilmedik ýagdaýynda duýdansyz, garaşylmadyk görnüşde döreýän hereketler. |
| **Inwolýusion psihozlar** | – garrylyk döwründe ýüze çykýan psihotiki ýagdaýlar. |
| **Intellektual** | – akyl-paýhas. |
| **Intoksikasion psihoz** | – zäherlenme bilen baglanyşykly döreýän psihoz, mysal üçin, delirium tremens. |
| **Ipohondriki pikirler** | – näsagda hakykatda özünde bolmadyk keselleriň bardygy baradaky irizegen, gaýtalanyp durýan ýa-da paranoid duýgular, pikirler. |
| **Adekwat bolmadyk mimika** | – näsagyň emosional ýagdaýyna gabat gelmeýän ýerliksiz mimika. |
| **Ýüregedüşgünç ýagdaýlar** | – näsag tarapyndan doly düşünip we olara tankydy garaýşynyň saklanyp, näsagyň isleginiň garşysyna döräp gaýtalanyp durýan pikirler, hereketler, gorkular. |
| **Katalepsiýa** | – mum çeýeligi, näsag özüne berlen pozany ep-esli wagtlap saklaýar. |
| **Katamnez** | – näsagyň hassahanadan çykandan soňky ýagdaýy baradaky maglumatlar. |
| **Katatoniýa** | – şizofreniýanyň görnüşleriniň biri. |
| **Kemakyllyk** | – akyl ýetiriş ukyplarynyň durnukly peselmesi. |

**Kleptomaniýa** – maksatsyz ogurlyga bolan irizegen ymtylma.

**Klimaks** – aýallarda jyns mäzleriniň işjeňliginiň peselýän, togtaýan döwri.

**Kloniki sudoroglar** – erksiz muskullar toparyndaky ýygrylyp we gowşamagynyň çalt çalyşmasy, ellerini we aýaklaryny erksiz kakyp durmasy.

**Koma** – aňyň öçere golaý gelen ýagdaýy.

**Kommosiýa** – beýni sarsmasy.

**Konfabulýasiýa** – huşy bozulan näsaglardaky ýalan ýatlamalar.

**Koordinasiýa** – sazlaşyklylyk.

**Korsakowyň psihozy** – S. S. Korsakow tarapyndan 1889-njy ýylda beýan edilen, dowamly arakhorlykdan ejir çekýän näsaglarda ýüze çykýan kesel; aň-huşuň bozulmagy bilen bilelikde gelýän polinewrit.

**Kriz** – näsagda gysga wagtlaýyn duýdansyz döreýän haýsy hem bolsa bir ýagdaý.

**Labil** – durnuksyz, üýtgäp durýan ýagdaý.

**Letargiýa** – uzaga çekýän çuňňur uky.

**Likwor** – oňurga ýiliginiň suwuklygy.

**Lippmanyň simptomy** – lukman näsagyň gözlerine barmagy bilen gysga wagtlaýyn basyp buýruk beriji äheňde «sag tarapdan ýa-da çep tarapdan it ýa pişik görersiň» diýende näsaglaryň şol haýwanlary görýändiklerini aýtmagy.

**Manerlilik** – ýagdaýa gabat gelmeýän, näz-kereşmeli mimikalar we hereketler. Köplenç, şizofreniýada duş gelýär.

**Maniakal ýagdaý** – psihomotor göçgünliligiň aýdyň ýüze çykmagy bilen utgaşýan keýpiň keselli ýokarlanmasy, guduramak.

**Maniakal faza** – maniakal-depressiw psihozyň geçişinde ýüze çykyp bilýän döwür.

**Marazm** – kelle-beýniniň agyr durnukly zeperlenmesiniň netijesinde fiziki kuwwatsyzlyga we kemakyllyga alyp barýan somatiki we psihiki taýdan ýoýlup, pese düşmesi. Mysal üçin, garrylyk psihozynda, beterleşýän paraliçde.

| | |
|---|---|
| **Melanholiýa** | – umumy haýallama bilen utgaşyp gelýän gam-gussaly tukatlyk. |
| **Mejbury hereketler** | – näsagyň islegine garamazdan döreýän hereketler. |
| **Mentizm** | – näsagyň isleginden daşary gerekmejek, maksatsyz köpsanly pikirleriň birbada ýüze çykmasy. |
| **Midriaz** | – göreçleriň giňelmesi. |
| **Mikrosefaliýa** | – kelleçanak ölçegleriniň kiçiligi bilen häsiýetlenýän beýniniň dogabitdi ösmezligi. |
| **Mioz** | – göreçleriň daralmasy. |
| **Motor afaziýasy** | – näsag gürläp bilmeýär, ýöne daş-töweregindäkileriň gürrüňlerine düşünýär. |
| **Mutizm** | – gürleýiş merkeziniň organiki zeperlenmesi bolmazdan daş-töwerekdäkileriň gürrüňlerine düşünip, ýöne özüniň gürläp bilmezligi. |
| **Nazaryň doňup galmasy** | – göz almasynyň erksiz bolmagy. |
| **Narkolepsiýa** | – patologiki ukynyň islendik ýerde birden basmarlamasy. |
| **Narkomaniýa** | – neşe serişdeleri uzak wagtyň dowamynda ulanylanda psihiki we fiziki baglylyk netijesinde döreýän keselleriň umumy atlandyrylyşy. |
| **Newmenýaýemyý** | – öz hereketlerine akyl ýetirip we erk edip bilmeýän psihiki näsaglar, şeýle-de psihikasy wagtlaýyn üýtgän adamlar. Olar kazyýetiň öňünde öz hereketlerine jogap berip bilmeýär. |
| **Negatiwizm** | – gapma-garşylykly hereket, ähli daşky täsirlere bolan otrisatel gatnaşyk. |
| **Oligofaziýa** | – söz baýlygynyň garyplaşmasy. |
| **Oligofreniýa** | – dogabitdi kemakyllyk. |
| **Patologiki affekt** | – ujypsyz täsire güýçli jogap berip, aň bozulmasy bilen geçmegi. |
| **Patologiki müňkürlik (paranoid)** | – kesel esasynda döreýän, hakykata laýyk gelmeýän, hiç hili esaslar bilen ynandyryp bolmaýan ynanç. Bu alamat şübhesiz psihiki kesel alamatydyr. |

10. Sargyt № 2342

| | |
|---|---|
| **Patronaž** | – psihiki näsaglara öýlerine baryp gözegçilik etmek. |
| **Persewerasiýa** | – näsaga sorag berlende, onuň ilki beren jogabyny soňky soraglarda-da gaýtalap durmasy. |
| **Pikiň keseli** | – kemakyllygy beterleşýän garrylyk psihozynyň bir görnüşi. Keseliň esasynda kelle beýniniň gabygynyň, esasan hem maňlaý we depe bölеklerindäki atrofiýasy ýatýar. |
| **Potator** | – arakhorlykdan ejir çekýän adam. |
| **Presenil** | – garrylygyň öňüsyrasy, gartaşanlyk. |
| **Psewdogallýusinasiýalar** | – bolup bilmejek ýerden döreýän gallýusinasiýalar. |
| **Psewdodemensiýa** | – (ýalan, geçip gidýän kemakyllyk) – kakyn reaksiýalarynyň görnüşleriniň biri. |
| **Psihasteniýa** | – erksizlik, ýaýdanjaňlyk, gorkuda bolmak, özüňi kemisli duýmak, irizegen pikirlilik. |
| **Psihopatiýa** | – esasynda psihiki hadysalaryň durnuksyzlygy, deňagramsyzlygy we disgarmoniýasy ýatan şahsyýetiň dogabitdi aýratynlyklarynyň jemi, häsiýetiň anomaliýasy. |
| **Psihoterapiýa** | – düşündirmek, ynandyrmak, ynam döretmek arkaly bejergi. |
| **Puerilizm** | – kakyn reaksiýasynyň çaga hereketine öýkünmegi bilen ýüze çykýan görnüşi. |
| **Reaktiw depressiýa** | – psihiki şikeslenme esasynda dörän, esasan keýpiň çuňňur peselmegi bilen ýüze çykýan psihiki bozulma. |
| **Rezidual paranoid** | – näsagyň sagalma döwründäki galyndyly paranoid garaýyşlary. |
| **Rezonýorlyk** | – gerek bolmadyk zatlary gürlemek, berilýän soraga köp söz bilen aýlap-aýlap jogap bermek. |
| **Remissiýa** | – näsagyň ýagdaýynyň wagtlaýyn gowulaşmasy. |
| **Retrograd amneziýa** | – keseliň öňüsyrasyndaky wakalaryň huşdan ýitmegi. |

| | |
|---|---|
| **Refleks** | – bedeniň nerw ulgamynyň üsti bilen amala aşyrylýan gyjyndyryjylara bolan reaksiýasy. |
| **Rigidlilik** | – kyn hereketlilik. |
| **Ritual** | – däp-dessur, adat, endik. |
| **Rombergiň alamaty** | – durnuksyzlyk, gözi ýumuk ýagdaýda duranda yranmak, ataksiýanyň alamaty. |
| **Sadizm** | – jynsy azgynlyk, ýoldaşyňa agyry-ynjy döretmek bilen lezzet almaklyk. |
| **Senil** | – garrylyk. |
| **Sensor afaziýasy** | – näsag sözleri we sözlemleri aýdyp bilýär, ýöne daş-töweregindäkileriň gürrüňine düşünmeýär. |
| **Seňseleme** | – güň bolma, aňyň ýeňil derejedäki bozulmasy, daşky gurşawyň kynlyk bilen kabul edilmesi. |
| **Simulýasiýa** | – özünde ýok bolan haýsydyr bir keseli bar ýaly edip görkezmek. |
| **Sindrom** | – belli bir alamatlaryň toplumy. |
| **Skandirlenen sözleýiş** | – sözleri bölekleşdirip we käbir bogunlara basym berip, özboluşly ritmde aýtmak. |
| **Somatiki kesel** | – beden agzalarynyň keseli. |
| **Somnambulizm** | – ukuda ýöremeklik. |
| **Spazmofiliýa** | – 3 ýaşa çenli çagalarda kalsiý çalşygynyň bozulmagy bilen baglanyşykly sudorogyň ýüze çykmagy (ýazda we güýzde ýüze çykýar). |
| **Status epileptikus** | – tutgaýyň kesilmän, aňyna gelmän, yzly-yzyna tutup durmasy. |
| **Stereotipiýa** | – birmeňzeş, manysyz, belli-belli jümleleri, sözleri, hereketleri gaýtalamaklyk. |
| **Stupor** | – hereketiň doňup galmasy. |
| **Suggestiýa** | – ynandyrmak. |
| **Suisidal** | – öz janyna kast etmäge meýil. |
| **Surdomutizm** | – lallyk, kerlik. |
| **Siklotimiýa** | – maniakal-depressiw psihozyň ýeňil görnüşi. |
| **Sirkulýar psihoz (maniakal-depressiw)** | – geçişinde depressiw we maniakal fazalaryň çalyşmagy ýüze çykýan kesel. |

| | |
|---|---|
| **Toniki sudoroglar** | – muskullaryň ýygrylyp gatamagy, dartgynlygy. |
| **Tremor** | – sandyrama. |
| **Trizm** | – çeýnelişe gatnaşýan muskullaryň sudorogy. |
| **Hakyky gallýusinasiýalar** | – bolaýjak ýerden döreýän gallýusinasiýalar. Hakyky häsiýete eýe bolan takyk boşluklarda ýerleşýän gallýusinator şekiller. |
| **Hortum refleksi** | – dodaklaryna galtaşylanda oňa jogap edip näsagyň dodaklaryny hortum görnüşinde öňe uzatmasy. |
| **Şizofaziýa** | – gürleýşiniň üzlem-saplamlygy. |
| **Şizofreniýanyň paranoid görnüşi** | – esasy alamaty müňkürlik bolup durýan sizofreniýanyň bir görnüşi. |
| **Eýforiýa** | – kesel sebäpli ýüze çykýan keýp ýokarlanmasy. |
| **Elektroensefalografiýa** | – beýniniň biotolkunlarynyň ýazgysy. |
| **Emosiýa** | – içki we daşky täsirlere jogap reaksiýasy. |
| **Enurez** | – peşewi saklap bilmezlik. |
| **Eholaliýa** | – näsaglaryň eşiden sözlerini gaýtalamagy. |
| **Ehopraksiýa** | – näsagyň görýän hereketlerini awtomatiki gaýtalamagy. |
| **Ýuwenil** | – ýetginjeklik. |
| **Ýatrogeniýa** | – lukmanlaryň, orta lukmançylyk işgärleriň näsagyň keseli barada nädogry zatlary aýtmagy hem-de onuň ýüz keşbiniň üýtgemeginiň täsiri bilen näsagyň ýagdaýynyň erbetleşmesi. |

# Peýdalanylan edebiýatlar


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanda Saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, 2007.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri, I–VI tomlar. Aşgabat, 2009–2014.
3. *Nohurow A., Nohurow A.A.* Umumy psihopatologiýa. Aşgabat, 2007.
4. *Nohurow A., Nohurow A.A., Sopyýew J.* Narkologiýa. Aşgabat, 2011.
5. *Nohurow A.A.* Psihiatriýa. Aşgabat, 2013.
6. *Жмуров В.А.* Психопатология в 2-х томах. Издательство Иркутского университета, 1994.
7. *Карл Ясперс*. Общая психопатология. Перевод с немецкого. Практика – М., 1997.
8. *Осипов В.П.* Курс общего учения о душевных болезнях. – Берлин, 1923.
9. Руководство по наркологии в 2-х томах. Под редакцией Иванец Н.Н. – М., Медпрактика, 2002.
10. Руководство по психиатрии в 2-х томах. Под редакцией Тиганова А.С. – М., Медицина, 1999.
11. *Ковалев В.В.* Систематика и диагностика психических заболеваний у детей и подростков. – М., Медицина, 1985.

# MAZMUNY

GIRIŞ ........ 7

**I bölüm. Umumy psihopatologiýa** ........ 9

*1-nji bap. Psihiatriýa we narkologiýa kömeginiň gurnalyşy* ........ 9

*2-nji bap. Psihiki keselleriň alamatlary* ........ 14

2.1. Duýşuň bozulmalary ........ 14

2.2. Kabul edişiň bozulmalary ........ 15

2.3. Üns bozulmalary ........ 18

2.4. Ýat bozulmalary ........ 19

2.5. Pikirlenme bozulmalary ........ 21

2.6. Akyl bozulmalary ........ 26

2.7. Emosiýa bozulmalary ........ 27

2.8. Erk we hereket bozulmalary ........ 29

*3-nji bap. Psihiki keselleriň alamatlar toplumy* ........ 30

3.1. Aň bozulmasynyň alamatlar toplumy ........ 30

3.2. Hereket bozulmasynyň alamatlar toplumy ........ 33

3.3. Emosiýa bozulmalarynyň alamatlar toplumy ........ 34

3.4. Epileptiki (garaguşagyry) we epilepsiýa çalymdaş tutgaýlar ........ 35

3.5. Korsakowyň alamatlar toplumy ........ 36

3.6. Akyl peselme alamatlar toplumy ........ 36

3.7. Gallýusinator-paranoid alamatlar toplumy ........ 38

3.8. Ipohondrik alamatlar toplumy ........ 38

3.9. Newrotik alamatlar toplumy ........ 39

3.10. Kakyn (isteriýa) alamatlar toplumy ........ 39

**II bölüm. Kliniki keseller** ........ 41

*4-nji bap. Kelle-beýni şikesinde ýüze çykýan psihiki bozulmalar* ........ 41

*5-nji bap. Garaguşagyry (epilepsiýa)* ........ 43

*6-njy bap. Kelle-beýniniň damar kesellerinde duşýan psihiki bozulmalar* ........ 51

6.1. Kelle-beýni damarlarynyň aterosklerozynda duşýan psihiki bozulmalar ........ 51

6.2. Gipertoniýa keselinde duşýan psihiki bozulmalar.. 54

*7-nji bap. Inwolýusion psihozlar* ........................................ 55
7.1. Gartaşanlyk (presenil) psihozlary ........................... 55
7.2. Garrylyk (senil) psihozlary ..................................... 58
*8-nji bap. Dogabitdi kemakyllyk* ........................................ 59
*9-njy bap. Şizofreniýa* ........................................................ 63
*10-njy bap. Maniakal-depressiw psihozlar* ......................... 73
*11-nji bap. Psihogeniýalar* ................................................. 79
11.1. Reaktiw psihozlar ................................................. 80
11.2. Newrozlar ............................................................. 83
11.2.1. Newrasteniýa .................................................... 84
11.2.2. Kakynly (isteriki) newroz .................................. 86
11.2.3. Irizegen ýagdaýly newroz .................................. 88
11.2.4. Sakawlama .......................................................... 90
11.2.5. Ýatrogeniýalar ................................................... 91
*12-nji bap. Psihopatiýalar* .................................................. 92
*13-nji bap. Somatiki we ýokanç kesellerdäki psihiki bozulmalar* ........................................................... 97
12.1. Somatiki kesellerde duşýan psihiki bozulmalar ... 97
12.2. Ýokanç kesellerde duşýan psihiki bozulmalar ..... 99
12.2.1. Beýni merezýeli ................................................. 102
12.2.2. Beterleşýän paraliç-ysmaz ................................ 103
**III bölüm. Psihoaktiw serişdeler ulanylanda hem-de senagat önümlerinden zäherlenmede döreýän psihiki bozulmalar** ....................................................... 107
*14-nji bap. Arakhorlyk* ...................................................... 107
14.1. Serhoşlyk ............................................................ 107
14.2. Arakhorlyk (alkogolizm) ..................................... 109
*15-nji bap. Neşekeşlik* ....................................................... 113
*16-njy bap. Beňkeşlik* ........................................................ 117
*17-nji bap. Çilimkeşlik* ....................................................... 118
*18-nji bap. Naskeşlik* ......................................................... 122
*19-njy bap. Käbir senagat önümlerinden zäherlenmede döreýän psihiki bozulmalar* ............................................... 124
**IV bölüm. Psihoterapiýa, psihogigiýena we psihoprofilaktika** ........ 126
**V bölüm. Psihiki näsaglara gözegçilik we ideg etmek** .................... 129
Psihiatriýada ulanylýan adalgalar we sözlükler ................. 139
Peýdalanylan edebiýatlar ................................................... 149

*Aşgabat Artyknurowiç Nohurow, Artyknur Nohurow*

# PSIHIATRIÝA WE NARKOLOGIÝA

Lukmançylyk orta okuw mekdepleri
üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *Ş. Myratgulyýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *J. Sopyýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 28.11.2014. Ölçegi 60 x 90 $^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi 9,5. Şertli-reňkli ottiski 38,25. Hasap-neşir listi 8,26.
Çap listi 9,5. Sargyt № 2342. Sany 500.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat. 1995-nji köçe, 20.